# TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
# TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY



**Kocayewa A.**


# Dasary ykdysady islerin esaslary

# GIRIŞ

Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler eýýamynda Garaşsyz we baky Bitarap ýurdumyz Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda öz saýlap alan ýoly bilen ynamly öňe barýar. Watanymyzda içeri we daşary syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde dünýäni haýran galdyrýan özgerişler bolup geçýär. Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde durnukly ösýän, geografiki taýdan amatly ýerleşen döwlet bolup, mineral çig malyň gorlaryna, önümçilik, ykdysady we ýokary hünärli işgärleriň üpjünçiligine baý, ösen infrastrukturalary bar bolan ýurtdur.

Ägirt uly gorlary we ykdysady mümkinçilikleri nazara almak bilen, döwrebap enjamlary we iň täze tehnologiýalary ulanmak, önümçiligiň täzeçil düzümlerini döretmek, maýa goýum işini işeňňirleşdirmek, şeýle hem halkara ykdysady ulgamyna aralaşmak arkaly ýurduň ykdysadyýetini ýokary depginler bilen ösdürmek boýunça täze wezipeler öňe sürüldi.

Ýewropanyň işewür toparlary bilen 2007-nji ýylyň noýabr aýynda Brýusselde geçen duşuşykda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özara bähbitli hyzmatdaşlygy köpugurly esasda ösdürmekligiň möhümdigini nygtady. Bu babatda diňe bir nebit-gaz ulgamynda däl, eýsem senagatyň beýleki pudaklarynda, şeýle hem gurluşyk, aragatnaşyk, durmuş-medeni ulgamy, syýahatçylyk we ulag aragatnaşygy infrastrukturasynyň ösdürilmegi boýunça bilelikdäki täze taslamalaryň durmuşa geçirilmegi öz oňyn täsirini ýetirer. Şular ýaly düýpli özgertmeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy üçin bolsa uly möçberli maýa goýum serişdeleriniň zerurlygy ýüze çykar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda alnyp barylýan özgertmeler milli ykdysadyýete dünýä bazarynyň ülňülerini ornaşdyrmaga, ýerli we daşary ýurt maýasyny çekmek üçin iň oňaýly maýa goýum şertlerini döretmeklige gönükdirilendir. Şu maksatlar üçin ýurduň maýa goýumlary babatynda halkara

abraýyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga aýratyn üns berilýär, bu ugurda ýurtdaky syýasy we sosial durnuklylyk, ykdysady ösüşiň ýokary depginleri, oýlanyşykly maliýe syýasaty hem ýardam berýär. Türkmenistanyň ykdysadyýetine maýa goýmaklygy has özüne çekiji etmeklik üçin, maýadarlaryň hukuklaryny goramak boýunça halkara talaplaryny nazara almak bilen, maýa goýumlary işiniň kanunçylyk binýady  yzygiderli kämilleşdirilýär we degişli infrastrukturalar ösdürilýär.

„Açyk gapylar“ syýasaty, baý tebigy gorlar, ýurduň maýa goýumlary jähtinden özüne çekiji bolmagy Türkmenistany hyzmatdaşlyk üçin ygtybarly ýurda öwrüp, milli ykdysadyýeti ösdürmek üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmeklige ýardam berýär. Bu gün Türkmenistan deňhukukly, ikitaraplaýyn bähbitlere daýanmak we boýun alan borçlaryny ýerine ýetirmek şertlerinde işleşmäge taýýar taraplaryň ählisini hyzmatdaşlyga çagyrýar.

Türkmenistan intellektual eýeçiligi goramak babatynda halkara şertnamalarynyň  9-ysyna goşuldy, şol sanda:

- intellektual eýeçiligiň Bütin dünýä guramasyny döredijі konwensiýa;
- senagat eýeçiligini goramak boýunça Pariž konwensiýasy;
- Patent şereketi hakyndaky ylalaşyklar;
- Ýewraziýa patent konwensiýasy;
- nyşanlaryň halkara hasaba alnyşy hakynda Madrid ylalaşygynyň protokoly;
- "Halkara patent klassifikasiýasy hakynda" Strasburg ylalaşygy;
- nyşanlaryň şekillendiriş alamatlarynyň Halkara klassifikasiýasyny döretmek hakynda Wena ylalaşygy;
- "Nyşanlary hasaba almak üçin harytlaryň we hyzmatlaryň halkara klassifikasiýasy hakynda" Nissa ylalaşygy;
- "Senagat nusgalarynyň Halkara klassifikasiýasyny döretmek hakynda Lokarno ylalaşygy girýärler.

Ýakyn wagtlarda Türkmenistanyň täze kanunlarynyň 5 sanysyny işläp taýýarlamak we kabul etmek göz öňünde tutulýar. Olara „Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda“, „Haryt nyşanlary, hyzmat nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary hakynda“, „Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak hakynda“ we beýleki Türkmenistanyň kanunlary degişlidirler.

Türkmenistanyň intellektual eýeçiligini goramak babatynda dünýäniň ähli ýurtlary bilen hyzmatdaşlyga, şol sanda TRIPS-iň (Intellektual eýeçiligiň söwda jähtleri boýunça ylalaşyk) şertnamasynyň talaplaryny hasaba almak bilen, bu babatda milli kanunçylygy kämilleşdirmeklige, intellektual eýeçiligiň aýrylmaz bölegi bolup durýan awtorlyk hukugy boýunça halkara şertnamalarynda Türkmenistanyň gatnaşmagy üçin zerur bolan täze kanunlaryň taslamalaryny işläp düzmäge uly ähmiýet berýär.

Türkmenistanda awtorlyk we gatyşyk hukuklary goramak Türkmenistanyň Raýat kodeksi bilen kadalaşdyrylýar.

Ykdysadyýetiň ösüşini netijeli dolandyrmak, hojalyk dolanyşygyna öňdebaryjy tehnikanyň we tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy, intellektual eýeçiligiň dürli ugurlaryny ulanmakda we goramakda wezipeleriň toplumyny çözmäge ukyply ýokary derejedäki öz kärine kämil hünärmenleri taýýarlamazdan mümkin däldir. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri intellektual we innowasiýa işleri boýunça, dürli derejeli döwlet we telekeçilik düzümlerinde işlemek üçin hünärmenleri taýýarlamakdan ybaratdyr.

.

# I BAP
# Hormatly Prezidentimiziň halkara gatnaşyklarynyndaky nusgalyk işleri we Hormatly Prezidentimiziň BMG-nyň 64-nji sessiýasyndaky taryhy çykyşynyň ähmiýeti.

**1.Türkmenistanyň daşary syýasat başlangyçlarynyň döredijilik mümkinçilikleri .**
**2.Hormatly Prezidentimiziň BMG-nyň 64-nji sessiýasyndaky taryhy çykyşynyň ähmiýeti.**
**3.Türkmenistanda öňüni alyş diplomatiýa sebit merkeziniň açylmagy.**

## 1.Türkmenistanyň daşary syýasat başlangyçlarynyň döredijilik mümkinçilikleri .

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkara başlangyçlarynyň we konseptual teklipleriniň mysalynda dünýä bileleşigi global ýagdaýlara düýpli garaýyşyň kemala gelmeginiň şaýady bolýar, ol ýurdumyzyň daşary syýasat ugrunyň bitewi ideologiýasynyň logiki ösüşi bolup durýar. Olar mälim bolşy ýaly, türkmen döwletiniň Baştutany tarapyndan işlenip taýýarlanyldy we dünýä bileleşiginiň jogapkärçiligine we onuň aýry-aýry agzalarynyň umumyadamzat maksatlaryň we geljegiň hatyrasyna sähel wagtlyk peýda görmekden beýikde durmak ukybyna bolan ynama esaslanýar. Hut şu ideýalar Türkmenistanyň Prezidentiniň Nüýu-Ýorkda BMG-niň belent münberinden eden çykyşynyň, soňra bolsa Aşgabatda 2009-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda bolan metbugat konferensiýasynyň barşynda halkara habar beriş serişdeleriniň wekilleri bilen pikir alyşmagynyň baş şygary boldy .

Halkara gatnaşyklarynyň ösüşiniň häzirkizaman tapgyrynda Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan

ugurlaryny beýan edýän düýpli düzgünler olaryň özara gatnaşyklaryň dürli görnüşlerini işläp taýýarlamak meselelerine täzeçe çemeleşmek nukdaýnazaryndan özüne çekijidir. Şunda Türkmenistan halkara gatnaşyklaryna işjeň garaýşy bilen dürli derejelerdäki hyzmatdaşlygyň, şol sanda Milletleriň Bileleşiginiň çäklerinde global hem-de ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň esasynda sebitleýin hyzmatdaşlyga gyzyklanýan taraplaryň ählisiniň umumylykda kabul ederlikli çemeleşmelerini kemala getirmek mümkinçiligini görkezýär. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidenti Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde döwletleriň siwilizlenen gatnaşyklarynyň umumyadamzat tejribesiniň üýtgewsiz gymmatlygyna we möhümdigine aýratyn üns berýär, ol bolsa geçen ýüz ýyllygyň ikinji ýarymynyň dowamynda hem-de täze müň ýyllygyň başynda dünýä syýasatynyň taryhy bilen synagdan geçendir. Türkmenistan BMG-ny reformirlemek we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça möhüm meselelere olary toplumlaýyn çözmek hem-de uzak möhletli geljek babatda işlemäge we XXI asyryň global wehimlerine garşy durmagy ukyply köptaraplaýyn diplomatiýanyň halkara-hukuk esaslaryny kämilleşdirmek nukdaýnazaryndan garaýar. Häzirki döwrüň möhüm meseleleri boýunça gyzyklanýan taraplaryň arasyndaky gatnaşyklaryň täze görnüşlerini agtarmaga bu babatda netijeli çemeleşmeler hökmünde garalýar, şonda türkmen Lideriniň BMG-niň howandarlygynda özara gatnaşyklaryň anyk ugurlary boýunça tagallalary jebisleşdirmäge gönükdirilen başlangyçlary we teklipleri aýratyn ünsi özüne çekýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasat başlangyçlarynyň möhümliginiň ýokary derejesini kesgitleýän esasy ölçegleriň biri olary dünýä bileleşiginiň, ilkinji nobatda BMG-a gatnaşyjy döwletleriň giňden goldamagydyr. Ähli adamzadyň ösüş maksatlarynyň umumulygyna akyl ýetirmegi, häzirki wehimlere we howplara bilelikde garşy durmagyň zerurdygyna düşünmegi, bu ugurda iş ýüzündäki çäreleri amala aşyrmaga taýýardygy häzirki

wagtda halkara aragatnaşyklarynyň tutuş ulgamynyň durnuklylygynyň esasy şertleri bolup durýar.

## 2. Hormatly Prezidentimiziň BMG-nyň 64-nji sessiýasyndaky taryhy çykyşynyň ähmiýeti.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen döwletiniň hyzmatdaşlygynyň strategiki ugrunyň belläp, «Dünýä bileleşiginiň global howpsuzlygy saklamak we berkitmek, gapma-garşylyklaryň döremek howpunyň öňüni almak we aradan aýyrmak, döwletleriň hem-de halklaryň durnukly ösmegi, giň we konstruktiw halkara hyzmatdaşlygy üçin şertleri üpjün etmek babatdaky tagallalarynda oňa hemmetaraplaýyn ýardam bermek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş maksady bolupdy we şeýle bolmagynda galýar» diýip nygtady.
Bu babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň özi tarapyndan işlenilip taýýarlanylan häzirkizaman dünýäsinde howpsuzlyk düşünjesiniň düýp manysyny we mazmunyny kesgitlemäge degişli düýpli düzgünleriň mundan beýläk-de ösdürilmeginiň daşary syýasat jähetinden möhüm ähmiýeti bardyr. Türkmenistanyň Prezidenti häzirkizaman dünýäsinde howpsuzlyk düşünjesiniň bir bitewiligine we bölünmezligine degişli düýpli täze düşünjäni esaslandyrdy, şonuň netijesinde giň halkara derejesinde gatnaşyklary etmäge netijeli çemeleşmeleri we onuň usullaryny kemala getirmek üçin ylmy-teoretiki we syýasy-hukuk esaslar döredilýär.

“Biz ählumumy howpsuzlygy üpjün etmek meselesine öz çemeleşmelerimizi kemala getirip, geosyýasy babatda hem, onuň anyk ugurlarynyň özara baglanyşyklydygy nukdaýnazaryndan hem bu düşünjäniň bitewiliginden hem-de bölünmezliginden ugur alýarys. Sebitde, kontinentde, bütin dünýäde howpsuzlygyň ýok mahalynda bir ýurduň howpsuzlygyny üpjün etmegiň mümkin däldigine biz ynanýarys. Şeýle hem ykdysady, energetiki, azyk

howpsuzlygyny üpjün etmezden, ekologik, tehnogen häsiýetli töwekgelçilikleriň we howplaryň öňüni almazdan we aradan aýyrmazdan, halkara terrorçylygyna, guramaçylykly jenaýatçylyga, köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýaýradylmagyna, beýleki global wehimlere garşy netijeli göreşmezden, syýasy ýa-da harby howpsuzlygyň uzakmöhletleýin we doly derejeli bolmagyny gazanmak başartmaýar" diýip, Türkmenistanyň Baştutany BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynda eden çykyşynda nygtady.

Howpsuzlygyň şu konsepsiýasynyň howpsuzlyk sferasynyň bir bitewi häsiýetini üns merkezine alyp, toplumlaýyn esasda halkara hyzmatdaşlygy ugrunda iş ýüzündäki çäreleri guramakda we amala aşyrmakda düýpli ähmiýeti bardyr. Munuň özi häzirki wagtda bütin azamzadyň öňünde milli, sebitleýin we global bähbitleriň sazlaşygyny gazanmagyň, syýasy, ykdysady, maliýe, durmuş, ekologiýa, tehnogen tertibindäki häzirki anyk ýagdaýlara hil taýdan täzeçe çemeleşmeleri kemala getirmegiň düýpli wezipeleriniň durýandygynyň faktynyň möhümdigini ýene-de bir gezek görkezýär.

Mälim bolşy ýaly, ýaragsyzlanmak prosesi, ilkinji nobatda köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýaýradylmazlygy hem-de ýaraglaryň beýleki görnüşlerini kemeltmek babatda konwensional şertleşikleri ýerine ýetirmek boýunça ählumumy howpsuzlygynyň ulgamlaýyn esaslaryny pugtalandyrmagyň möhüm bölegi bolup durýar.

Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy we onuň hukuk derejesiniň aýratynlyklary Milletler Bileleşigi üçin sebitleýin derejede ýagdaýlaryň barşyna we häsiýetine oňyn täsir etmek üçin, halkara derejesinde gatnaşyk etmegiň hemişelik hereket edýän mehanizimlerini ýola goýmakda, özara ýaramly we ylalaşykly çözgütleri işläp taýýarlamakda iş ýüzündäki oňat mümkinçilikleri açýar.

Türkmenistan parahatçylygyň we ählumumy howpsuzlygyň bähbitleri üçin hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlyga tarap alnan ugry gyşarnyksyz durmuşa geçirýän bitarap döwlet hökmünde bu ugurda öz üstüne alan halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça yzygiderli çäreleri amala aşyrýar. Türkmen tarapynyň halkara konwensiýalary we şertnamalary bilen göz öňünde tutulan çäreleri amala aşyrmak boýunça özara gatnaşyklaryň çäklerinde duşuşyklary we gepleşikleri geçirýändigi hem muňa şaýatlyk edýär, Türkmenistan bolsa şolaryň hemişelik gatnaşyjysydyr. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan beýan edilen täze ideýalar we başlangyçlar ýaragsyzlanmak hem-de köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň ýaýradylmazlygy babatda bitarap Türkmenistanyň berk pozisiýasynyň aýdyň tassyklanmasydyr. Türkmen Lideri ählumumy ýaragsyzlanmak, ýaraglary kemeltmek, olaryň ýaýradylmagyna garşy göreş alyp barmak meseleleriniň global gün tertibiniň möhüm temalarynyň biri bolup galmagyny dowam etdirýändigini nygtap, Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan erkin zolagyň döredilmegi hakyndaky Şertnamanyň aýratyn möhümdigini belledi, oňa sebitiň ähli döwletleri tarapyndan 2006-njy ýylda gol çekildi we ol BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan makullanyldy. Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan erkin zolagy döretmek hakynda Birleşen Milletler Guramasynyň üsti bilen halkara bileleşigi tarapyndan goldanylan, 2009-njy ýylyň 21-nji martynda güýje giren Şertnama ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygynyň düzgünini berkitmäge, ýadro energiýasyny parahatçylykly maksatlar üçin peýdalanmak, sebitde we tutuş planetada parahatçylygy hem-de howpsuzlygy üpjün etmek boýunça hyzmatdaşlygy işeňňirleşdirmäge möhüm goşant boldy. Türkmenistanyň Merkezi Aziýanyň beýleki döwletleri bilen bilelikde bu halkara şertnamasyny tassyklamagy ýurdumyzyň parahatçylygyň, durnukly ösüşiň we progresiň hatyrasyna global

ýaragsyzlanmak proseslerinde dünýä bileleşigine hemmetaraplaýyn ýardam etmäge gönükdirilen daşary syýasatynyň durmuşa geçirilmeginiň ýolunda logiki hem-de yzygiderli ädim boldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow gyzyklanýan ähli taraplaryň tagallalaryny has ýakyndan birleşdirmek ideýasyny amala aşyryp, 2010-njy ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Merkezi Aziýa sebitinde we Hazar basseýinde wekilçilikli halkara maslahatyny geçirmek hakyndaky teklibi öňe sürdi. Türkmenistan şeýle forumyň guramaçysy bolmaga taýýardygyny beýan edip, konstruktiw tekliplere özüniň açykdygyny belledi, olar ýaragsyzlanmagyň global proseslerine ýardam etmäge gönükdirilendir. Şunda diňe bir aýry-aýry ideýalary öňe sürmek däl, eýsem, olary durmuşa geçirmäge özleriniň gatnaşmagyna degişli meselelere taraplaryň garamaga hemmetaraplaýyn gyzyklanma bildirmekleri möhüm ýagdaý bolup durýar. Şu maksatlara eýerip Türkmenistanyň Lideri BMG-niň howandarlygynda dünýä bileleşigine şeýle işleri geçirmek üçin ähli zerur syýasy we guramaçylyk-tehniki şertleri döretmäge taýýardygyhakyndaaýtdy.

Türkmen tarapy hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan Baş Assambleýanyň 64-nji sessiýasynda aýdylan başlangyçlary ösdürip, beýleki gyzyklanýan taraplar bilen bilelikde wekilçilikli forumy geçirmäge taýýarlyk görmek boýunça işleri alyp barýar. Hususan-da, 2009-njy ýylyň oktýabr aýynyň ortasynda Türkmenistanyň DIM-inde Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan erkin zolak hakyndaky Şertnama gatnaşyjy döwletleriň konsultatiw duşuşygy boldy. Oňa Türkmenistanyň, Gyrgyzystan Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň we Özbegistan Respublikasynyň hökümet delegasiýalary, şeýle hem BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysynyň orunbasary gatnaşdy. Bu Şertnama gatnaşyjy

ýurtlaryň konsultatiw toparynyň şu duşuşygy Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlaryny durmuşa geçirmek boýunça anyk ädim boldy. Duşuşygyň barşynda gyzyklanýan ähli taraplar bilen gatnaşyklaryň mehanizmlerini işläp taýýarlamagyň, şertnamanyň wezipelerini we maksatlaryny gazanmaga halkara tejribesini hem-de institutlaryny çekmegiň başy başlandy. Sebitiň ýurtlarynyň resminamada berkidilen borçnamalary ýerine ýetirmäge gönükdirilen mundan beýläkki bilelikdäki hereketleri kesgitlenildi, özara gatnaşyklaryň meseleleriniň birnäçesine garaldy. Gatnaşyjylaryň bir pikire gelmeklerine görä, bu duşuşyk taraplaryň sebitde köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny kemeltmek, global möçberde parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmak boýunça dünýä bileleşiginiň tagallalary babatda uly ähmiýete eýe bolan ýaragsyzlanmak proseslerine hemmetaraplaýyn ýardam etmegi berk ýüreklerine düwýändiklerini görkezdi.

## 3. Türkmenistanda öňüni alyş diplomatiýa sebit merkeziniň açylmagy.

2009-njy ýylyň dekabr aýynyň başynda BMG-niň Merkezi Aziýada Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkezinde geçirilen ýörite seminar Aşgabatdaky taýýarlyk görmek çäreleriniň dowamy boldy. Bu seminar köpçülikleýin gyryş ýaragynyň ýaýradylmagyna we biologiki, himiki we ýadro terrorçylygyna garşy göreşmekde halkara-hukuk hyzmatdaşlygy meselelerine bagyşlandy. Türkmenistanyň Hökümeti we BMG-niň Merkezi Aziýada Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkezi bilen bilelikde bu forumy guraýjylaryň arasynda BMG-niň neşe serişdeleri we jenaýatçylyk baradaky müdiriýeti we Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy hem bar. Seminaryň işine Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň, Eýranyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Russiýanyň, Täjigistanyň we Özbegistanyň

daşary syýasat edaralarynyň diplomatlary we ekspertleri, şeýle hem Russiýadan, ABŞ-den we Slowakiýadan iri halkara guramalarynyň işgärleri we ekspertleri gatnaşdylar. Olaryň hatarynda Atom energiýasy boýunça halkara agentliginiň (MAGATE), Ýadro synaglaryny köpçülikleýin gadagan etmek hakyndaky ylalaşyk boýunça Guramanyň Wagtlaýyn Sekretariatynyň, Himiki ýaragy gadagan etmek baradaky guramanyň, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň «1540 Komitetiniň» we şu möhüm meselelerde ýardam berýän iri halkara düzümleriniň wekilleri hem-de ekspertleri öz çykyşlaryny we bahalaryny hödürlediler. Seminara gatnaşyjylar biologiki, himiki we ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk, halkara terrorçylygyna garşy göreşmek ulgamynda tejribe alyşdylar, şeýle hem ählumumy bähbitleriň hatyrasyna sebitleýin hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek üçin maslahatlary işläp taýýarladylar.

Ady agzalan forumyň geçirilen günlerinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde 2010-njy ýylyň birinji ýarymynda Aşgabatda Merkezi Aziýa we Hazar deňzi sebitlerinde ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça Halkara konferensiýasyny geçirmäge taýýarlyk boýunça birinji konsultatiw duşuşyk hem geçirildi. Oňa Merkezi Aziýa döwletleriniň, şeýle hem Azerbaýjanyň, Eýranyň, Russiýanyň daşary syýasat edaralarynyň diplomatlary we ekspertleri gatnaşdylar

Mejlisiň barşynda oňa gatnaşyjylar Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ady agzalan konferensiýany geçirmek baradaky başlangyjyny goldaýandyklaryny aýtdylar. Bu başlangyç türkmen döwletiniň Baştutanynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynda beýan edildi.

Duşuşyga gatnaşyjylar Aşgabatda geçiriljek halkara konferensiýasyna taýýarlyk görmegiň meselelerine garap, ýaragsyzlanmak meselesi global howpsuzlygyň bitewi ulgamyny üpjün etmegiň aýrylmaz bölegi bolmak bilen,

halkara gün tertibinde durýan derwaýys meseleleriň biri bolup durýar diýip, aýratyn bellediler. Ýaragsyzlanmak problemasynyň köpugurly bolmagy gyzyklanma bildirýän taraplaryň ählisiniň bu meselelere konstruktiw çemeleşmegini talap edýär diýlip nygtaldy. Şu babatda geljekki halkara konferensiýasy gatnaşyjy döwletleriň pikir alyşmagy we özara kabul ederlikli çözgütleriň kabul edilmegi üçin syýasy meýdança bolup hyzmat eder. Ilkinji gezek Aşgabatda geçiriljek halkara forumy şu nukdaýnazardan sebitleýin we global howpsuzlygyň hatyrasyna hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin esas goýmalydyr, şeýle hem ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça döwletleriň we halkara guramalarynyň özara gatnaşygynyň netijeli guraly bolmalydyr.

Ýaragsyzlanmak prosesi dünýäde howpsuzlygyň we durnuklylygyň kepilini üpjün etmekde esas bolmak bilen, parahatçylygy pugtalandyrmagyň we global ösüşiň depginlerini saklamagyň beýleki meseleleriniň ählisi boýunça gatnaşyklaryň maksadalaýyk çäreleri bilen üsti ýetirilýär. Şunuň bilen baglylykda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ählumumy howpsuzlygyň esasyny düzýän ulgamyň tutuş toplumy babatda has giň gatnaşyklary ýola goýmak üçin syýasy we halkara-hukuk esasyny döretmek boýunça konstruktiwliligiň we tagallalary birleşdirmegiň möhümdigini ençeme gezek belledi. Şu babatda 2009-njy ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara başlangyçlarynyň durmuşa geçirilmeginiň mysaly örän köp boldy. Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy 2008-nji ýylyň dekabrynda «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» hakyndaky Rezolýusiýany biragyzdan kabul etdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň energetika howpsuzlygy ulgamyndaky ideýalary, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasynyň tekstine girizilen ýörelgeler bütin halkara bileleşiginiň meýillerine gabat geldi.

Bu Rezolýusiýanyň düzgünlerini yzygiderli durmuşa geçirmegiň çäklerinde Türkmenistan BMG we onuň düzümleýin edaralary, şol sanda BMG-niň Merkezi Aziýada Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Aşgabatdaky Sebit merkezi bilen ysnyşykly hyzmatdaşlykda toplumlaýyn çäreleri amala aşyrýar. 2009-njy ýylyň 23-24-nji aprelinde Aşgabatda adybir halkara maslahatynyň geçirilmegi örän möhüm waka boldy. Onuň işine BMG-niň «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» hakyndaky Rezolýusiýasynyň awtordaş döwletleriniň 57-siniň, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň, Ýewropada Howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Halkara Energetika Hartiýasynyň, Halkara Energetika Agentliginiň, Aziýa Ösüş Bankynyň, Yslam ösüş bankynyň, Ýewropa ösüş we abatlaýyş bankynyň we beýlekileriň ýokary derejeli delegasiýalary hem-de resmi wekilleri gatnaşdylar. Foruma şeýle hem dünýäniň iri transmilli kompaniýalarynyň 50-den gowragynyň wekilleri gatnaşdylar. Jemleýji resminamada gyzyklanma bildirýän taraplaryň we halkara guramalarynyň tekliplerini nazara almak bilen, energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek boýunça geljekki halkara-hukuk resminamasyny işläp düzmek barada maslahatlary taýýarlamak üçin ekspertler toparyny döretmek meselesine garamak haýyşy bilen Birleşen Milletler Guramasyna ýüzlenmek teklibi beýan edildi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow halkara tagallalaryny birleşdirmek üçin esas döredip, milli derejede hereketleri güýçlendirmek boýunça anyk ädimleri ätdi. Şol tagallalaryň netijesinde energetika diplomatiýasy boýunça edaraara iş topary döredildi. Bu topar hökümet derejesinde bu ileri tutulýan ugurda netijeli çäreleriň işlenip taýýarlamagyny we durmuşa geçirilmegini utgaşdyrýar. Bu toparyň wezipesi energetika ulgamynda halkara

hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de işeňňirleşdirmekden, dünýäniň energetika giňişliginde bolup geçýän prosesleri toplumlaýyn seljermekde, milli energiýa strategiýasyny durmuşa geçirmek meseleleri boýunça maslahatlary we teklipleri taýýarlamakdan ybaratdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynda eden çykyşynda 2009-njy ýylyň 23-24-nji aprelinde geçirilen halkara energetika forumynyň jemleri barada aýdyp, Türkmenistanyň gyzyklanma bildirýän taraplaryň we halkara guramalarynyň tekliplerini nazara almak bilen, energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek boýunça geljekki halkara-hukuk resminamasyny işläp düzmek barada maslahatlary taýýarlamak üçin BMG-niň ýanynda ekspertler toparyny döretmäge hemmetaraplaýyn ýardam etmäge taýýardygyny belledi. Türkmen Lideriniň bu pozisiýasy ekspertler toparynyň işläp başlamagynyň «energiýa serişdelerini ibermegiň halkara ulgamynyň netijeli hereket etmegini üpjün etmäge gönükdirilen BMG-niň toplumlaýyn resminamasyny» taýýarlamak prosesinde ilkinji ädime öwrüljekdigine bolan ynama esaslanýar. Şunuň bilen birlikde gozgalan meseläniň örän uly ähmiýete eýedigi nygtaldy. Bu meseläni diňe dünýä bileleşiginiň şu problematika giňden gatnaşmagy arkaly netijeli çözmek bolar.

## II BAP
## Daşary ykdysady işler we onuň operasiýalarynyň görnüşleri.

**1. Daşary ykdysady işiň mazmuny.**
**2. Halkara söwdada baglaşylýan geleşikleriň görnüşleri.**
**3. Hyzmatlaryň halkara söwdadaky geleşikleri.**
**4. Dörediljiliki işleriniň netijesini satyn almagyň we satmagyň halkara söwda geleşikleri.**
**5. Daşary ykdysady işlerinde söwda geleşikjlerini resmileşdirmegiň usullary we tertibi.**

### 1. Daşary ykdysady işiň mazmuny:

Daşary ykdysady iş diýmek – ykdysady gatnaşyklaryň ähli görnüşlerini we içki ykdysadyýeti öz içine alýar.

Ýurduň halkara ykdysadyýet toplumyna pudaklaryň toplumy, edaralar, kärhanalar, önümçilik toplumy degişli bolup durýar. Olar export resurslaryny ýerleşdirmek, import harytlaryny ulanmak bilen daşary ykdysady işini alyp barýarlar.

Daşary ykdysadyýet – halkara gatnaşyklaryň özenidir, ýagny söwda, syýasy, hukuk we ykdysadyýet gatnaşykla rynyň netijesini ýokarlandyrmaga esas bolup durýar. Şeýle – de raýatlaryň hukugy esasynda düzülýän şertnamalaryň, ylalaşyklaryň, geleşikleriň esasydyr.

Daşary ykdysady aragatnaşyklary 2 görnüşde alnyp barylýar:

1) Öwezini dolýan.
2) Öwezini dolmaýan.

Aglawa bölegi öwezini dolýan görnüşde alnyp barylýar.

Öwezini dolýan daşaryykdysady işlere şu görnüşler degişlidir:

1) Daşary söwda.
2) Tehniki ykdysady.

3) Ylmy tehniki.

Öwezini dolmaýan görenüşlere:

1) Halkara tebigaty goramak.
2) Dünýä okeanlaryň baýlyklaryny goramak.
3) Halkara standartlaryň görnüşlerini goramak.

Daşary söwda zat – material görnüşde haryt çalşygyny we hyzmaty alyp barýar. Tehniki ykdysady gatnaşyklara:

- senagat – raýat gurluşygy
- inžener – tehniki hyzmatlar degişli.

Ylmy – tehniki gatnaşyklara:

- ylymda we tehnikada piker alyşmalar.
- bilelikdäki tehniki işler.

Daşary yurt firmalary we kompaniýalary bilen edilýan ykdysady gatnaşyklar kommersiýa operasiýalarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Häzirki wagtda halkara ykdysady işleriň ähli görnüşleri toplumlaýyn häsiýete eýe boldy. Mysal üçin: haryt aluw – satuw gapdalyndan oňa lisenziýa berilýär. Enjamlar toplumy satylanda öwezini dolmak ylalaşygy bilen tejribe konstruktor işleri hem berilýär.

Halkara söwda geleşigi diýip – dürli ýurtlarda ýerleşýän, 2 ýa –da birnäçe taraplaryň kesgitli möçberde ýa – da mukdarda haryt, hyzmat, ylaşyk şertleriniň baglaşylmagyna aýdylýar.

Halkara ylalaşygy diýip – hasaba alynýar haçanda ylalaşyk taraplarynyň firmalary dürli döwletlerde ýerleşip olaryň arasynda baglaşylýan ylalaşyga aýdylýar. (Wena konferensiýasy 1980ý, BMG, GAAK konwensiýasy 1985 ý).

Söwda ylalaşygyna gatnaşýan taraplar ýörite kategoriýaly telekeçiler bolup olara – täjirler diýilýär. Olar öz işlerinde ýöriteleşdirilen khukulardan peýdalanyp, şertnama baglanyşylanda ýuridiki hukuklaryny raýat hökmünde hat üsti bilen, telefon, faks arkaly ylalaşyk baglaşyp bilýärler.

**Daşary ykdysady iş we halkara söwda arabaglanşygy**




2. **Hyzmatlaryň halkara söwdadaky geleşikleri.**

**<u>Halkara söwdadaky baglaşylýan geleşikleriň görnüşleri:</u>**

- harydy almak we satmak;
- halkara kompensasion geleşikler;
- hyzmatlary almak we satmak;

- döredijilik işiniň netijesini satyn almak we satmagyň geleşikleri;

**Ähli halkara söwda geleşikleri iki hili bolýar:**

- göni baglaşylýan;
- gytaklaýyn baglaşylýan;

Halkara söwdada geleşikler şertnama esassynda: satyjy harydy bellenen ýerde, şertde we wagtda alyjy getirip bermäge, alyjy hem harydy alyp onuň töleglerini bellenilşi ýaly tölemäge borçludyrlar.

Halkara haryt söwdasynda baglaşylýan operasiýalaryň görnüşlerine export, import operasiýalary degişli.

Export – bir harydy ýa – da hyzmaty satmakçy bolup serhedi kesip geçmek bilen ýurduň daşyna alyja tabşyrylmagyna aýdylýar.

Import – bu harydy ýa – da hyzmaty satyn almaklygyna we daşary ýurtdan ýurduň içine getirilmegine we içki bazaryna ýaýradylmagyna aýdylýar.

Halkara alyş – çalyş geleşiklerine garşylyklaýyn geleşikler diýilýär. BMG – nuň expertleri garşylyklaýyn geleşikleriň üç görnüşini tassyklaýar:

- barter geleşigi;
- söwda kompensasion geleşikler;
- senagat kompensasion geleşikler;

Söwdada kompensasion geleşigi – bir kiçiräk söwda operasiyasy bolup, ol 36 aýyň dowamynda amala aşyrylýar we bahasy uly bolmadyk harytlardan ybarat.

Senagat kompensasion geleşigi – uly gymmat bahaly harytlara baglaşylýar, oňa taýýar kärhanalar, senagat enjamlary degişlidir.

Komersiýanyň esasyna we guramaçylyk hukuk esaslaryna baglylykda garşylyklaýyn geleşikler üç topara bölünýärler:

- walýutasyz esasda haryt çalyşmak we kompensasion geleşikler;
- komersiýanyň esasynda kompensasion geleşikler;

- önümçilik gatnaşyklarynyň ylalaşygy esasynda kompensasion geleşikleri;

I. Halkara kompensaion geleşikeriň görnüşleri:
1.Walýutasyz esasda harydy çalyşmak we kompensaion geleşikler.
Bir wagtda ýerine ýetirilýän geleşikler:
- barter geleşigi;
- göni kompensasiýa.
2.Dowamlylygy uzak möhletleýin bolan geleşikler:
- esasly ylalaşyklar;
- hat borçnamasynyň esasyndaky haryt çalşygy ylalaşygy;
- haryt çalyşmak ýazgysy;

II.Kompensasiýanyň esasyndaky kompensasion geleşikleriň görnüşleri:
1.Gysga möhletleýin kompensasion ylalaşyklar:
-bölekleýin kompensasiýa;
-doly kompensasiýa;
-üç toparlaýyn kompensasiýa;
2.Garşylyklaýyn satyn alyşmak:
-parallel geleşikler;
-jentelmen ylalaşygy;
-maliýe baýlygyny başga birine geçirýän ylalaşygy;
3.Hakylundan satyn alyşlar.

III.Önümçilik gatnaşyklaryň ylalaşmagy esasyndaky kompensasion geleşikleriň görnüşleri:

1. Taýýar bolan harydy yzyna satyn almak bilen uzak möhletleýin kompensasion ylalaşyklar:
- kommersiýa borçlary, satylan bahasyndan ýokary bolan ylalaşyk;
- borçnamasy satyn alynýan enjamyň, abzalyň bahasyna deň ýa – da az bolan ylalaşyk.
2. Önümi bölmek – paýlaşma geleşigi.

3. Ösüş import geleşigi.

## Hyzmatlaryň halkara söwdadaky geleşikleri.

Hyzmatlaryň alnyp satylşynyň geleşikleriniň esaslaryna şu aşakdakylar girýärler:

- önümçilik tehniki hyzmatlary amala aşyrmak geleşikleri;
- kärende geleşikleri;
- daşary we içerki syyahatçylyk hyzmatlaryň geleşikleri;
- habar beriş toplumynda düşündiriş ündew hyzmatlary we dolandyrşy kämilleşdirmek geleşikleri;

Önümçilik tehniki hyzmatlar – halkara tejribasinde inžinering diýip atlandyrylýar. Ol önümçiligi ýola goýmaga, üpjün etmäge, oba hojalyk we beýleki ugurlarda hyzmat ediş işlerini täjirçilik häsiýetinde amala aşyrmaklygy göz öňünde tutýar. Täze ulgamlary gurnamak üçin inžiniring şertnamasy esasynda özleşdirmek işi amala aşyrylsa onda oňa köp ugurly inžiniring diýilýär.

Köp ugurly inžiniringe degişli:

- taslamalar, intelektuak hyzmatlar, gurluşygyň meýilnamalaryny işläp düzmek oňa gözekçilik etmek bilen bagly bolan hyzmata konsultasion inžiniring diýilýär.
- Buýruja senagat ulgamyny gurmak we ony işe goýbermek, tehnologiýa, energiýa we suw bilen üpjün etmek, ulag üçin hyzmatlara tehniki inžiniring diýilýär.
- Gurluşuk ýa – da umumy inžniring, ýagny enjamlary, desgalary gurmak, gerek bolan hatynda hünärmenlik işini amala aşyrmak.

Hünärmenlik – konsultasiýa hyzmatlary tehniki resminamalar barlaglaryň netijesinde gurluşugyň ykdysady hasaplamalaryň taslamalary we teklip maslahatlar görnüşinde bolýar.

BMG – nyň degişli edaralar tarapyndan berilýän ykrarnamalaryna görä bu görnüşli hyzmatlara şu aşakdakylar girýär:

- taslamalar bilen baglylykda tehniki ykdysady asalary we barlaglary geçirmek;
- çykdajylaryň smetalaryny we çyzgylaryny taýýarlamak, meýilnamalary düzmek;
- meýilleşdirmegiň esasy ugurlarynyň düzmegiň taslamalaryny taýýarlamak;
- taslama resminamalary ýörite çyzgylary taýýarlamak;
- geleşiklere gatnaşmagyň tehniki şertleri, gelip gowşýan teklipler boýunça maslahat bermek; gurulýan ulgamalar barad tekliplere baha bermek; gurluşyga enjamlaryň taýýarlanşyna, gurnalşyna, goýulşyna, işe goýberlişine we işleýşine gözegçilik etmek;
- geçirilen işleriň hili barada sertifikat bermek;

Kärende geleşikleri – harydy daşary ýurtlara nesýe bermekdir. Bu geleşik bir tarapyň (kärende beriji) beýleki tarapa (kärendeçi) kärende emlägini belli bir möhlete çenli kesilen nyrh esasynda doly ulanyşa bermekden ybaratdyr.

Halkara täjirçilik tejribesinde giňden ulanylýan kärende bu uzak möhletleýin kärendedir, ýagny lizingdir.

Lizingiň esasy ulanylýan ýerleri: senagat enjamlary, suw we howa gämileri, electron – hasaplayyş ulgamy we ş.m.

Lizing 2 görnüşde bolýar:

1. Maliýe lizingi.
2. Çalt hereket edýän lizing.

Maliye lizingi – bu öz gulluk möheltine ýakyn gelen enjamy şol möhlete golaý kärendesine berip şol döwrüň içinde kärende berijiniň çykaran ähli çykdajylarynyň kärende töleginiň esasynda öwezini dolýar.

Bu lizingiň esasy aýratynlygy ony möhleti dolýança şertnamany bozup bolmaýar, sebäbi kärende berijiniň ähli çykdajylaryny ödemeli bolýar.

Maliye lizinginde 3 topar hereket edýär:

1. Kärende alyjy.
2. Karende beriji.
3. Enjamy hödürleyji.

Karende beriji – bu isde diňe maliýe borçlary ýerine ýetirip 2 sany şertnamany kabul edýar:

1. Kärende bilen.
2. Enjamy getirmek baradaky bilen.

Kärende berilýän enjam karende berijiniň eýeçiliginde durýar. Karendeçiniň bolsa ony, diňe wagtlaýyn ulanmaga hukugy bardyr. Halkara tejribesinde kärendeçi hökmünde bank hem çykyş edip bilýär. Ýene – de bir tarap garassyz lizing hem çykyş edip bilýär.

Çalt hereket edýan lizing – bu görnüşde kärendeçiniň kärende beren enjamynyň satyn alan çykdajylaryny belli möhletde almak göz öňünde tutulýar. Bu lizingde maliýe lizingdäki goýulýan töleglerden ýokary töleg goýulýar, sebäbi kärende berijiniň doly girdeji almaga kepili bolmaýar we ol ätiýaçlandyrma maksady bilen kärende bahasynyň üstüne goşundy goşýar.

Bu lizingde kärendeçi hökmünde enjamy öndürýän firmakar hem çykyş edýärler:

- göni daşary yurt lizingi;
- garyşdyrylan daşary yurt lizingi;

Syýahatçylyk hyzmatlary häzirki döwürde giň gerim alýan hyzmatdyr. Halkara hyzmatçylygy öz içine daşary ýurtlara gidýän ýöne döwlet derejesinde geçirilýän işlere gatnasmaýan adamlary öz içine alýar.

Halkara bazarynda haryt hökmünde hödurlenýän syýahat hyzmatlaryň görnüşleri dürli – dürlidir. Olardan:

- ýerleşdirmek boýunça hyzmatlar (myhmanhanalar, pansionatlar, kempingler, moteller);
- bellenen ýurda çenli ýolagçylar ulgamyna hyzmat etmek;
- iýmit bilen üpjün etmek hyzmatlary;

- syyahatçylaryň medeni isleglerini ödemek üçin amala aşyrylýan hyzmatlar (teatr, konsert zallary, muzeý, festiwal, sport yaryşlary, taryhy we medeni ýadygärliklere aýlamak);

- syýahatlaryň isewür isleglerini ýerine ýetirmek üçin hyzmatlar (simpozium, ylmy konferensiýalar, sergiler, söwda ýarmarkalary);

- söwda kärhanasynyň hyzmatlary (ýadygärlik sowgatlar, suwenirler, gutlag haty we ş.m.);

Ýyýahatcylyk hyzmatlary bölekleýin ýa – da umumy görnüşde hödürlenýär, olar:

- inklýuziw tur;
- pekidž turlar;

Inklýuziw turlar – howa ýollary bilen syýahat edýänlere ulanylýar. Olaryň syýahat ýerine gelip düşmeginiň bahasy ýörite inklýüziw tarifler bilen ölçenýär we ol bahalar adaty bahalardan pes bolýar. Inklýuziw turlaryň bahasy şol ýutda hereket edýän ulag tariflerinden adatça pes bolmalydyr.

Pekidž turlar – müşderä ulag çykdajylary girmeýän umumy hyzmatlary hödürleýär. Bu turlar reklama edilen maksatlar üçin gurnalýar.

Türkmenistanda syýahatçylyk hyzmatlary we sport ulgamy Türkmenistanyň syýahatçylyk we sport baradaky Döwlet komiteti tarapyndan dolandyrylýar.

Syýahatçylygy gurnamak üçin ugurdaş hyzmatlaryň giden ulgamy bolup, ol dünýä ülňülerine laýyk gelýän, ähli oňaýlyklary bar bolan myhmanhanalardan, jemgyýetçilik iýmiti we durmuş hyzmatlary kärhanalaryndan, şeýle hem beýleki desgalardan ybaratdyr. Şol desgalaryň aglaba bölegi Aşgabat şäheriniň çäginde ýerleşýär.

Bulardan başga-da Aşgabatda dünýä ülňülerine laýyk gelýän, syýahatçylary çekmeklige niýetlenen deagalaryň ençemesi gurlup, ulanylmaga berildi:

- „Saglyk ýoly“ – dag gerşiniň üstünden gurlan bu basgançakly ýollaryň uzynlygy 8 we 24 kilometre barabar bolup, olar dag gerişlerini synlap, sport gezimi bilen birlikde

töweregi gurşap alan tebigatyň gözelliginden, arassa howadan lezzet almaga mümkinçilik döredýär;

- „Buzly köşk“ – yssy howaly ýurtda buzly meýdançany gurmak baradaky pikiriň özi hem örän täsin bolup, bu ýerde diňe Türkmenistanyň ýaşaýjylary däl-de, eýsem paýtagtyň myhmanlary hem dynç almagy gowy görýärler. Şeýle hem bu köşgüň gurulmagy bilen sportuň gyşky görnüşleri boýunça türgenleri taýýarlamaklyga mümkinçilik döredi;
- „Asma ýol“ arkaly Köpetdagyň ajaýyp landşaftyny synlamak bolýar.

Syýahatçylyk telekeçiliginde meşgul bolan işgärleriň taýýarlygyna we olaryň hünärini ýokarlandyrmaklaryna aýratyn üns berilýär.

Syýahatçylaryň baryp görýän söýgüli ýerleriniň ýene biri hem – millionlarça ýyllaryň dowamynda karbonat çökündilerinden emele gelen Köw-Ata karst gowagydyr. Ol Aşgabatdan 90 km günbatarda, Baharly etrabynda, Köpetdagyň eteginde ýerleşendir.

Gowagyň uzynlygy 230 metr bolup, baş girelgeden aşaklygyna çuňlugy 65 metr, ini 50 metr, beýikligi bolsa 15-26 metr aralygyndadyr. Häzirki wagtda girelgeden ýerasty köle çenli 276 sany basgançak arkaly düşülýär. Gowagyň meýdanynyň uly bölegini ýokary bejeriş häsiýeti bilen belli bolan köl eýeleýär. Onuň uzynlygy 72 metr, ini 30 metr, ortaça çuňlugy bolsa 10 metre barabardyr. Kölüň suwunyň ýylylygy bütin ýylyň dowamynda bir durkunda, ýagny +33°C - +37,5°C aralygynda saklanýar, suwuň kükürtli wodorod agdyglyk edýän düzüminde dürli himiki elementleriň ençemesi bardyr.

Habar berişi we dolandyryşy kämilleşdirmek pudagyndaky hyzmatlaryň göwrümi barha giňeýär. Olaryň biri hem derňew – barlag hyzmatlarydyr. Olaryň telekeçili we maliýe hojalyk islerini we ony kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamagy, salgyt soraglary boýunça maslahatlary bermek we ş.m. işleri öz içine alýar. Bu hyzmatlar kärhanalar

tarapyndan amala aşyrylýar.Olaryň giňden ýaýran görnüşleriniň biri hem auditor hyzmatlarydyr.

Auditorlar müsderiniň işleriiň hukuk tarapyny seljerip edilen işlere baha berip, onuň maliýe ýagdaýyny seljerip özüniň yerlikli we jogapkär garaşsyz pikirini aýdyp bilmäge hukukly tarapdyr. Auditorlar tarapyndan gelinýän netije, berilýän baha kärhananyň balansynyň ýagdaýýny bilmäge esas bolýar. Dernew işlerini geçirmek bilen bilelikde auditorlar buhgalter hasdabaty, salgyt tölegleri, marketing we beyleki soraglar boýunça hem düşündiriş berip bilýärler.

Alyp satmak hyzmatlarynyň başga görnüşlerine haryt dolanşyk işleriniň hyzmaty girýär we olara aşakdakylar girýär:

- halkara ýükleri daşamak;
- ulag ekspeditor işleri;
- ýükleri saklamak;
- ýükleri ätiýaçlandymak;
- hasaplasyklar amala aşyrmak we beýleki işleri amala aşyrmak: ýaly işlerden ybaratdyr.

**Dörediljiliki işleriniň netijesini satyn almagyň we satmagyň halkara söwda geleşikleri.**

Halkara söwda geleşikleriniň bu toparlaryna şu aşakdakylar girýärler:

- ylmy-barlag tehniki barlaglaryň söwdasynyň geleşigi;
- awtorçylyk hukugynyň toplumlary boýunça söwda geleşigi

Ylmy tehniki bilimler bilen bagly bolan bu söwda çäreleri diňe bir ylmy-tehniki we önümçilik barlaglaryň netijeleri ýagny ylmy gymmatlyklary çalyşmak bolman eýsem ol telekeçilik gymmatlyklara hem eýedir. Bu işde haryt deregine aň-paýhas zähmeti hasyly tutup patent, lisenziýa-ygtyýarnama, haryt belgileri, önümçilik nusgalary bolup, önümçilik eýeçiliginiň bir bölegi bolup çykyş edýärler hem-de ″Nou-Hau″ diýilip düşünmän tehniki bilim we tejribe birleşişi bolup, tehniki çyzgylar, resminamalar, önümçiligiň gizlin syrlaryny we baş. Hödür etmek nazarda tutýar.

Halkara dolanşygyna ylmy tehniki bilim satyn alyş we satyş esasanda ýa-da halkara ygtyýarnama ylalaşygynyň esaslarynda wagytlaýyn hukuk almaga mümkünçilik dörän halatlarynda girýär.

Ygtyýarnama şu çäreleri – patent esasynyň (lisenziar diýlip atlandyrylýar) başga bir tarapa (lisenziat-diýip atlandyrylýar) başga bir möhlete çenli we ylalaşylan töleg şertler bilen, patent goragly senagat ýa-da telekeçilik aýlap tapylan açyşlary hödürlemekdir.

Döredijilik işleriň netijeleriň satyp-alyp satylmagynyň başga bir toparyna tölegli özara ylmy barlag, senagat we medisina işlerini çalyşmak geleşikleridir.

Bu geleşikleriň esasy bir talapyň ylmy tehniki we barlag we taslama-konstruktorçylyk işlerine bolan ýumuşlary bilelikde ýerine ýetirmek, ylmy-tehniki resminamalary, ylmy enjamlary, maddy önümleriň tejribe üçin nusgasyny taýarlamak, ylmy-tehniki ekispertizleri we konsultasiýalary geçirmek bolup durýar.

Awtorçylyk hukugy baradaky daşary söwda işlerine ylmy-tehniki we çeper edebiýaty neşir etmek, terjime edip ýaýratmak, teatr spektakllaryny, saz eserleriniň notalaryny, ýerine ýetirmek, bilelikde kinofilimleri döretmek, kinofilimde we telegepleşikleri çalyşmak we prokata bermek bolup durýar.

## Daşary ykdysady işlerinde söwda geleşikjlerini resmileşdirmegiň usullary we tertibi.

Daşary ykdysady täjirçilik işlerde adatça geleşikleri resdirleşdirmegiň halkara usullary ulanylýar. Munuň iň esaslarynyň biri hem geleşigiň taraplary (satyjy we alyjy) tarapyndan şertnama (kontrakt) gol çekilýär.

Şertnama, taraplaryň özara gepleşikleriň netijesinde gol çekilýär. Şunda taraplaryň özara kabul edilen şertnamasynyň gol çekilen wagtyndan geleşigi amala aşyryp başlaýarlar.

Käbir halatlarda özara gepleşikleriň netijesinde şertnamanyň ähli jümleleri boýunça ylalaşyk gazanylmasa, onda ol esaslar goşmaga hatlar ýa-da telefon, arkaly ýerine ýetirilýär.

Egerde taraplaryň biri şol şertnamanyň ylalaşylan görnüşini taýarlamaga borçlanyp, ony hem iki nusgada gol çekip, beýleki tarapa iberse, ol tarap hem olara gol çekilip, birini özünde galdyrylyp, beýlekisini hem ýene beýleki tarapa iberse şertnamanyň iki tarapdan kabul edildigi hasap edilýär.

Geleşikleri resmileşdirmegiň beýleki bir görnüşi bolsa satyjynyň berk ofertaly (tekilnamany) gürrüňsiz akseptidir.

Egerde satyjy berk oferta özüniň ähli işlerini girizse we alyjy hem oňa razylyk bildirse we onuň gürrüňsiz akseptli jogabyny alan wgagtyndan başlap geleşigiň möhleti başlanýar. Munuň ýaly ýagdaýlarda taraplaryň ylalaşygy bilen şertnama kabul edilmeýär, onuň deregine iki resminama oferta we aksept tutup bilýär. Bu hili usullar söwda geleşikleri babatda esasanam daşary ýurt firmalary tarapyndan amala aşyrylýar.

Käbir ýagdaýlarda daşky söwda geleşiklerinde satyjynyň alyja bolan akseptli teklibi hem resminama hökmünde hyzmat edip bilýär. Daşary söwda geleşikleri, olary kabul etmegi görnüşleri, usullary hereket edýän kontagentler arkaly amala aşyrylýar. Şol esasynda daşary söwda geleşikleri hökmany suratda şertnama usulynda amala aşyrylmalydyr. Bulardan başgada daşary ýurtlar bilen söwda aragatnaşygyny ýola goýmakda hat üsti bilen, telefonagrammalar, faks we beýleki häzirki zaman aragatnaşyk serişdeleri bilen iki tarapyň gol çekmegi arkaly ýola goýlup bilner. Biziň ýurdumyzda daşary söwda geleşiklerini resmileşdirilende, kabul edilende diňe edaranyň, kärhananyň ýa-da firmanyň ýolbaşçynyň goly bolmalydyr, ýa-da şol ýolbaşçynyň ýörite hukuk beren jogapkär işgäre gol çekmäge haklydyr bu taraplar hökmany suratda kärhananyň ustawynda ýa-da düzgünnamada görkezilmelidir.

Halkara söwda geleşikleri haryt-çig mal biržasynda , auksionlarda kabul edilseler, onda şol biržalar we auksionlar barada düzgünler boýunça kabul edilmelidirler.

Taraplaryň hukuklary we borçlary halkara söwda boýunça geleşiklerde ýerli kanunlar esasynda beýan edilýär. Şunuň ýaly hem emläge bolan hukuklar, ugradylan ýüklere bolan eýeçilik ýaly meseleler ýörite kabul edilen kanunlar tarapyndan çözülýärler.

# III BAP
# Daşary ykdysady işlerinde şertnamalar.

**1.Şertnamanyň umumy ýagdaýy.**
**2. Şertnamanyň düzümi.**

## 1.Şertnamanyň umumy ýagdaýy.

Daşary ykdysady işlerinde (söwda, hyzmat, ylmy tehniki, bilim, pudaklar arasynda) sertnamalar ulanylýar. Şonuň üçin ony düzmek pudaklaryň aýratynlyklaryna baglydyr. Harydyň aluw – satuwy daşary söwdada geleşikler görnüşinde amala aşyrylýar we oňa şertnama diýilýär.

Şertnamanyň mazmuny şu aşakdaky yaly yzygiderlikde düzülýär:

- Preambula
- Şertnamanyň dersi
- Şertnamanyň umumy gymmaty we bahasy.
- Harydydyň hili.
- Getirmeli wagty
- Töleg şerti
- Harydyň tabşyrylyşy we kabul edilşi
- Kepillelik, nägillelik, şikaýat
- Gaplama we belgileme.
- Harydyň ugradylşy
- Sanksiýälar
- Ätiýaçlyk
- Fors- mažor
- Arbitraž
- Käbir goşmaça şertler.
- Taraplaryň ýuridiki adresleri.

Şertnamada goşmaça şertler hem girizilip bilner (harydyň häsiýetnamasy), ýagny maşyn, enjam, abzal aluw – satuwa gatnaşyan bolsa olaryň tehniki aýratynlyklary göz öňünde

tutulýar (ulanyş möhleti, tehniki hyzmat, montaž – gurnama işleri ).

Şertnamanyň käbir bölumleri gepleşik başlamazdan öň düzülýärl. Onuň esasy sebabi, taraplar öz şertlerine üns bilen taýýarlaýarlar. Umuman şertnamanyň taslamasyny düzmek satyjynyň paýyna düşýär, ýöne alyjynyň hem öz teklibini goşmak hukugu bardyr. Eger – de export, import operasiýalary alyjy bilen satyjynyň arasynda yzygiderli amala aşyrylýan bolsa onda olar bir nusgaly şertnamany ulanyp bilýärler.

Nusgaly şertnama diýlip – şertnamanyň taslamasyna aýdylýar. Onda geljekki gepleşikleriň özeni bolup durian şertler bar. Ol şertnama 2 görnüşe bölünýär:

1. Ýeke-bir dezeklik şertnama, çäkli bir haryt üçin.
2. Umumy şertnama.

Bir görnüşli şertnamada şu aşakdaky ýaly bölümler bar:

- satyjynyň we alyjynyň rekwiziti;
- sertnamanyň dersi;
- gymmat we umumy baha;
- harydyň getirijilik möhleti;

Bir görnüşli şertnamalar telekeçiler birleşmesi, söwda palatalar, gurply firmalaryň, Ýewropanyň ykdysady kommisiýasy tarapyndan seredilýär we düzülýär.

**2.Şertnamanyň düzümi.**

<u>Indi bolsa bolsa umumy şertnamanyň görkezilerine seredeliň.</u>

**<u>Preambula.</u>**

Preambulada şertnamanyň mazmuny başanýar.Bu bälümde esasan hem taraplar kesgitlenýär(alyjy-satyjy.buýryjy- ýerine ýetiriji). Bu bölüme şu aşakdakylar girýär:

- şertnamany hasaba alýan belgi № we onuň ady;
- şertnamanyň baglaşylýan wagty, ýeri we taraplaryň ylalaşyk kepilnamasy;

Şertnamanyň baglaşylýan yerinde taraplaryň hukuklary we borçlary kesgitlenýär. Şertnamanyň baglaşylýan wagty yuridiki tarapdan gepleşige giriş wagty hasaplanýar. Taraplar kesgitlenende: olaryň doly yuridiki ady, ýerleşýän ýurdy, şäheri, taraparyň atlary,(satyjy, alyjy, buýrujy, ýerine ýetiriji).

**Şertnamanyň dersi.**

Şertnamanyň dersinde şu aşakdakylar bar:

- aluw – satuwynyň dersiniň ady;
- onuň häsiýetnamasy;
- möçderi;

Harydyň ady görkezilende halkara söwdada onuň ady hähili tutulýan bolsa, şol görkezilýär.

Harydyň häsiýeti ozünde esasy görkezijileri jemleýär. Mysal üçin, harydymyz enjem bolsa, onda onuň öndürjiligi, kuwwatlylygy, ýangyç we energiýa sarp edişi we ş.m. görkezilýär. Eger – de haryt çylşyrymly häsiýete eýe bolsa, onda oňa goşmaça – goşundy bölüm berilýär we oňa harydyň tehniki şerti ýa – da häsiýetnamasy diyip atlandyrylýar.

Harydyň möçberi görkezilende iň esasy – onuň ölçeg birligi, ol hem halkara söwdanyň ölçegine gabat gelmelidir. Mysal üçim, maşynalar, enjamlar, uzak möhletli ulanylýan harytlar, taýýar önümler sanda görkezilýär.

Haryt ýüklenende doly sygmasa ýa – da artykmaç (+ - 10%) bolsa, onda iki tarap öz arasynda opsion boýunça ylalaşaýarlar. Eger – de harydyň möçberi 10%-den köp ya – da az bolsa, onda töleg tölenmeýär.

**Şertnamanyň umumy bahasy we gymmaty.**

Şertnamanyň bu bölüminde:

- ugradylşyň esasy şerti;
- walýuta;
- harydyň bahasynyň derejesi we bellige almak görnüşi;
- şertnamanyň umumy bahasy hasaplanyp görkezilýär;

Walyuta saýlananda ösen ýurtlaryň walyutalarynyň halkara ady görkezilýär. Sonuň üçin söwdalaşýan taraplar erkin konwentirlenýän walýutany ulanýarlar. Şertnamadaky esasy şertleriň biri hem walýutada bahany kesgitlemek. Walyutalar özleriniň görnüşleri boýunça deň däldirler. Olaryň içinde güýçli , alyjylyk ulkybyna görä durnukly, tiz üýtgemeýän we gowşagy bolýar..umuman dünýä bahalary ulanylýar.

Dünýa bahasy diýip – export, import opersiýalarynyň uly söwdasynyň netijesinde satylan ýa –da alynan harydyň çykdajylaryna laýyk gelýän, baha bilen wagtyň deň gelmegine aýdylýar.

Şertnamadaky baglaşyljak bahalaryň dfünýä bahalaryna gabat gelrr ýaly birnäçe golaýlşdyrylan bahalar ulanylýar. Olara:

- güwähat
- preýskurant
- ýörite satiw bahalary
- uly teklipleriň bahalary degişli.

Güwähat bahalary – çig mala, ýarym taýýar önümlere.berilýär.

Preýskurantlara bolsa taýýar önümler degişlidir. Preýskurant bahalry käbir döwletlerde catalog görnüşinde yzygiderli çap edlýär:Mysal üçin ABŞ, Ýaponiýa, Fransiýa, Angliýa, Germaniýa.

Islendik bahalaryň harydyň ähli görnüşerine gabat geler ýaly komersiýa işinde düzediş ulanylýar. Şertnamadaky taýýar önümiň bahasy bellige alnyş ukyby boýunça:

- gaty
- typançak
- hereketli bolup biler.

Gaty baha – takyk san görnüşinde kesgitlenýär we olary üýtgetmek gadagan, şonuň üçin olar gysga wagtyň içinde amala aşyrylýan şertnamalarda ulanylýar.

Typýan bahalar – enjamlar toplumy üçin ulanylýar we şertanama baglaşylan wagtyndaky şol önüme sarp edilen çykdajylary göz öňünde tutýar.

Hereketli bahalar –şertnama baglaşylanda kesgitlenýär we onuň gowy tarapy dünýä bahasy üýtgändede, indeksi üýtghändede özara ylalaşmaga mümkinçilik berýärlerler.

**Harydyň hili.**

Şertnamanyň bu bölüminde harydyň tehniki derejesi, hili we ony tassyklaýan dokumentler görkezilýär. Harydyň hiline bolan talaby etalona daýanyp kesgitleýärler. Ondan daşga – da haryt ülňä-standarta we tehniki şertlere gabat gelmeli.

Halkara söwdada birnäçe standartlar bar. Olardan:

- halkara standart
- milli standart
- gurply kompaniýalaryň standarty

Tehniki şertler hususy häsiyetli harytlar üçin nýetlenendir (maşynlar, enjamlar, abzallar).

Spesifikasiýa – harydyň häsiýetini görkezmek bilen ol hem halkara we milli edaralar tarapyndan düzülýär. Sertnamada işläp düzen edaranyň ady görkezilýär. Harydyň hilini tassyklaýan dokumede sertifikat diýilýär.

. Sertifikat önüm öndürjiniňki ýa – da bitarap edaranyň sertifikaty bolup biler. Harydy “tizden – tiz” getirilmegi talap edilen ýagdaýynda, ol ýörite gepleşikler arkaly hat üsti bilen resmieşdirilýär. Haryt alyja getirilende, onda diňe wagty görkezilmän, eýsem aý – günüň hasaby hem görkezilýär. Aý – günüň hasaby ýol edarasynyň dokumenti beren wagty bilen birmeňzeşdir. Harydyň getiriljek wagtynda şertnamada görkezilen geografiki punkytyna haçan getiriljekdigi hakyndaky maglumatlar berilýär. Haryt alyja ugradylanda satyjy alyja habar ugradýar we haryt tutuş ýa – da bölekleýin barjakdygy hakynda habar berilýär.

**<u>Töleg şerti</u> –**

Bu bölümde şu aşakdakylara seredip geçilýär:

-walýutadaky töleg we walýuta kurs tapawudynyň hasaby

-haryt üçin hasaplaşyklaryň görnüşleri we şekilleri

-töleg kepilligi

Walýutadaky töleg walýuta baha bilen gabat gelip oňa şertnamanyň walýutasy ýa – da hasaplaşyk walýutasy diýilýär. Walýuta wagtyň geçmegi bilen üýtgäp durýar. Şonuň üçin şertnamada hökman aşakdakylar anyk görkezilýär:

- walýuta kursynyň kurs tapawudy hasaplanýan wagty (ol şertnama baglaşylýan wagty 2 – 3 gün öňünden,we soňundan tapawudyny göz öňünde tutmaly);
- walýuta bazarynyň nyrhyny esasan tölegçiniň ýurdundaky walýuta bazarynyň bahasy göz öňünde tutulmaly;
- satyjynyň we alyjynyň kursy;
- toleg serişdeleriniň haýsy görnüşi ulanyljak;

Hasaplaşykda uylanylýan tölegiň görnüşleri:

- nagt görnüşindäki hasaplaşyk;
- uzak möhletli hasaplaşyk;
- awansly(hak ujyndan) töleg;

Nagt görnüşindäki töleg diýlip – haryt taýýar bolandan soň usradylýan wagtyndaky tölegine aýdylýar. Nagt tölege 1 ay wagt berilýär. Eger 1 aýdan geçse, ol töleg karz diýip hasaba alynýar.

Karz görnüşindäki tölegler – esasan hem maşynlar, enjamlar satylanda ulanylýar. Tölegiň bu görnüşi (karz) bäsdeşigiň ösen döwründe bazar şertlerinde özüne alyjylary çekmekde uly orun tutýar.

Awans şertnamanyň umumy bahasynň 5- 10%-ni tutýar. Awans bölekleýin bolup onuň bir bölegi şertnama gol çekilende, beýleki bölegi dokumentlere gol çekilende tölenýär. Nagt görnüşindäki tölege harydyň 10 – 15%-i tölenýär, galan 70 – 85%-i karz görnüşinde tölegde galýar.

Halkara söwdada nagt tölegleriň görnüşleri:
- inkasso;
- akkreditiw;
- açyk sçotlar boýunça hasaplaşyklar;
Hasaplaşyklarda şertnamada:
- hasaplaşyk wagty;
- harydy ugradyjy dokumentleriň sanawy;
- hasaplaşyk bankynyň ady;
- hasaplaşyk bilen baglanşykly borçlar görkezilýär

**Inkasso operasiýasynyň tehnikasy.**




Inkaso boýunca hasaplaşyk çatgysynyň yzygiderligi;
1a- satyjy harydy alyja ugradýar
1b-hem-de banka dokumentleriň toplumyna iberýär
2. -satyjynyň banky dok-ri alyjynyň bankyna ugadýär
3-bank alyja dokumentleriň tölegiň bahasy görkezilen inkasso dok-iň garşysyna dok-iň toplumyny iberýär
4- alyjydan alnan pul bankyň üsti bilen satyjynyň bankynyň şýotuna geçýär
5- a.b satyjynyň banky puly satyjynyň şýotuna geçirýär

Inkasso hasaplaşygy – müşderi bilen bankyň arasyndaky ylalaşyk bolup bank müşderiniň bähbidine toleg aljakdygyny ýa – da töleg iberilendigi barada maliýe we kommersiýa dokumentleri aljakdygyny aňladýar. Inkasso arzan düşýän bank operasiýasydyr we alyjy uçin amatly hasaplaşykdyr. Ýöne inkasso hasaplaşygynda alyjynyň maliýe ýagdaýyna doly göz ýetirlenden soň ulanylýar.

**Akkredetiw esasynda hasaplaşygyň resminamalaryň aýlawy**




1. Harytlaryň iberilmegine taýýarlygy barada habar;
2. Akkredetiw açmaga arzanyň taýarlanmagy we ony banka geçirilmegi;
3. Açylýan akkredetiwde görkezilen pul möçberiniň hasaplaşyk sçotyndan ýörite balansdan daşary sçotda görkezilmegi (tölegçiniň bankynda;
4. Akkredetiw açmagy üçin resminamalaryň bankyň RKS-ne geçirilmegi, tölegçiniň bankynda ;
5. Karyz awizasynyň taýarlanmagy habarçy sçotlardan serişdeleriň alynmagy;
6. Karyz awizasynyň tölegçiniň arzasy bilen akkredetiwleriň açylmagy üçin berilýän;

7. Üpjün edijiniň bankynda habarçy sçotyna serişdeleriň geçirilmegi;
8. Resminamalaryň üpjün edijiniň bankyna geçirilmegi;
9. Serişdeleriň aýratyn „akkredetiw“ atly sçotlarda berkidilmegi;
10. Üpjün edijä habar iberilmegi, adyna akkredetiw açylanlygy barada;
11. Satyn alyja önümiň iberilmegi;
12. Üpjün edijä sçotlaryň reestriniň berilmegi, hem-de ondan daşary bar bolan resminamalaryň jemlenmesi bilen;
13. Üpjün edijiniň sçotyna serişdeleriň geçirilmegi hem-de „akkredetiw“ sçotyndan aýrylmagy;
14. Tölegçiniň bankyna hasaplaşyk barada resminamalaryň geçirilmegi;
15. Balans daşary sçotlardan serişdeleriň ýüklenen önümiň gymmatyna deň boleginiň aýrylmagy;
16. Hasaplaşyk barada resminamalaryň tölegçä geçirilmegi.

**Açyk sçýotlar boýunça bank geçirimi.**




Açyk sçýotlar boýunça hasalaşyk çatgysy
1-satyjy harydy alyjynyň adresine
ugradýär, we ähli dok-ri poçtanyň
(aragatnaşyk) üsti bilen alyja ugradýar.
2- alyj ähli dok-ri we harydy alyp
şertnamadaky görkezilen töleg pulunu töleýär.

Karz hasaplaşygy.

Karz tölegleri geçirmek üçin sertnamada şu aşakdakylary tassyklamaly:

- karzyň görnüşi, bahasy we wagty;
- walýuta alynyşy we karzyň tölenilşi;
- göterimiň tölenilşi .kepillilik;

Şertnamada harydyň getirlişiniň tertibi we karzyň üzüliş göterimi görkezilýär. Karzyň görnüşleri:

- uzak möhletleýin;
- orta möhletleýin;
- gysga möhletleýin;

Karzyň möhleti harydyň göwrümine, çylşyrymlygyna bagly bolýar. Dünýä tejribesinde giňden ýlanylýan karzalaryň bir görnüşüne weksel diýilýär. Olar:

- hasaplasyk wekseli (tratta);
- ýönekeý weksel;

Hasaplaşyk wekseli (tratta) – bu weksel saklaýjynyň (trassatyň) wekseli görkezen adama ýa – da wekselde görkezilen adama (remitant) belli bir kesgitli puly, kesgitli möhlete edilen talap boýunça tölemek barada tölegçä (trassata) ýazmaça görkezilmesidir. Remittent pul almak üçin hukuk berlen weksel saklaýjy.

Indosament – wekseliň ýa – da başga bir gymmat kagyzyň ýüzündäki sol document boýunça hukugyny beýleki adama (remitente) geçirýändigini tassyklaýan geçiriji ýazgy.

Akseptant – wekseli tölemäge özuniň razydygyny tassyklaýan adam. Alyjy wekseli 4 ekzemplyarda taýýarlaýar we ony öz bankyna berýär, onuň birinjisi – kartatekada hasap üçin ulanylýar, 2 we 3-nji ekzemplýary weksel saklaýjynyň bankyna iberilýär.

Hasaplasyk wekseli (tratta)

| | |
|---|---|
| 2000€ | Mart 2008ý |
| Pariž | |
| Žan Dýupon | Jenap Stýort |
| | 34 street, 61 |
| | London, Angliýa |

**Harydy tabşyrmak we kabul etmek.**

Tabşyrmak we kabul etmeklik delilnamanyň üsti bilen edilýär we onda harydy alyja getirmeklik, hili, möçberi şertnama gabat gelýändigi görkezilýär. Tabşyrylyş we kabul ediliş düzgüniniň häsiýeti boýunça başlangyç we gutarnykly bolup biler.

Harydyň hilini we möçberini barlamaklyk:

- saýlap barlamak;
- başyndan – ahyryna çenli barlamak;

**. Kepillilik we närazylyk.**

Hiliň kepilnamasy – bu satyjynyň haryt üçin çekýän jogapkärçiligi we haryt satylanda ýitmezligine jogap berýändigini aňladýar. Şonuň üçin haryda kepillik wagty berilýär. Ol wagt birnäçe aýdan birnäçe ýyka çenli bolup bilýär. Haryt satyn alnanda onuň getirilen güni hökman görkezilýär.

Nägililik (närazylyk) – şertnamadaky görkezilen;

- serte laýyk gelmese:
- haryt zaýa bolanda;
- ondan ýüz öwürmek yzyna gaýtarmak;
- kemçiligi düzetmek;

- harydyň bahasyny peseltmek ýaly ýagdaýlarda ulanylýar.

Kemçilikli harydy täze laýyk gelýän haryt bilen çalşyryp bermek bolýar.

Nägileligi görkezmegiň tertibi:

- wagty boýunça amala aşyrylmaly;
- satyjy nägileligi öz ýerinde barlap biler;
- nägilelik telefon, telefax arkaly habar berlip bilner;
- Nägileligiň jogaby 10 – 30 günüň dowamynda çözülýär;

## Gaplama we belgileme

. Taýýar önüm gaplanyp bilner we onuň gaplanma tertibi şertnamada görkezilýär. Haryt gaplananda onuň fiziki ýagdaýy gorap saklanylmalydyr. Gaplama gümrükhananyň talabyna, howa-klimat şertlerine we harydyň barjak ýurdunyň kanunlaryna laýyk gelmelidir.

Gaplamagyň tertibi:

satyjy her bir haryt üçin ýörite gaplama kagyzyny resmileşdirýär we ol kagyzlar harydyň gapdaly bilen alyja ugradylýar. Gaplamanyň ölçegi alyjy tarapyndan tölenyär. Dünýä tejribesinde bu töleg harydyň bahasyna girýär.

Belgilemegiň esasy maksady ýüke nähili ýüzlenmelidigini görkezýär we şu aşakdakylar girýär:

- ýuki almaly edaranyň ady,
- barmaly ýurduň we punkytynyň ady;
- şertnamanyň resmi belgisi(nomeri)
- harydyň hakyky öz agramy (netto), gaby bilen agramy (brutto);
- ýük ýeriniň ölçegi, onuň nomeri;
- ugradyjynyň ady;
- harydy öndüren ýurduň ady;

haryt ölçegleri drob sanlary bilen bellenilýär. Sanowjyda – ýeriň tertip nomeri, maydalawjyda – umumy möçberi görkezilýär. Belgileme harydyň üç tarapyndan urulýar.

## Harydyň ugradylşy

Bu bölümde alyjy bilen satyjynyň öz arasyndaky borçlary görkezilýär. Harydyň ugranlygy baradaky maglumat hat üsti bilen iberilýär. Haryt ugradylanda onuň geçiş ugry we ýoly görkezilýär. Haryt taýýar bolanda onuň ugradyljakdygy hakyndaky maglumat 15 – 30 gün öňünden hat üsti bilen alyja habar berilýär.

**Ugradylyşyň esasy şerti**

Bu satyjynyň we alyjynyň harydy birik-birege geçendäki zaýaçylygy, yok bolup gitmegi bilen baglanşykly borçlaryny kesgitleýär. Harydy getirmekik bu baglanşykly çykdaýjylary satyjynyň paýyna düşýär, ol çykdaýjylar harydyň bahasyna girýändir, we ol bahanyň esasyny, özenini em. get. Ondan başga-da ätiýaçlyk, kommersiýä dokum-ni doldurmaklyk, haryda lisenziýa almak, gümrükhana tölegleri, harydyň iberilenligi hakyndaky habardarlyk haty- bularyň hemmesi goýulyşyň esasy şertlerine girýär. Harydy getirmekde daşary söwda-da halkara söwda palatasy tarapyndan düzülen we tassyklanan “INKOTERMS”-iň 13 sany şertleri ulanylýar.Incotermsik maslahatcy we ugrukdyryjy häsýeti bar. Häzir biz Incotermisiň dürli terminlerine seredip geçeris. Olar harydy .ýükleri dürli ýollar bilen bilen getirmekligi öz içine alýar:

**FRANKO-getiriji. FCA (free charrier)-**harydy getirmekligiň şerti bolup, ol ýüki islendik transportda getirmekde ulanylýar. FRANKO –sözi “azat” diýmekdir, ol alyjy harydy getirmek bilen baglanşyky ähli çykdaýjylardan boş, ýöne şol FRANKO sözüniň yzyndaky punkta çenli.

**FAS-(free alongside ship)-** sudnanyň töwereginde erkin ýagny şu ýerde haýsy bortda bolsa onuň ady hökman ýazylmalydyr, diňe deňiz üsti bilen ýüki görkezilen punkta çenli alyp gitmekde ulanylýar.

**FOB-(free on boart)** sudnanyň bortunda azat (ýüklenýän portuň adyny görkezmeli)-diňe deňiz üsti bilen ulanylýän şert.

**CFR-(cost and freight)-**gymmat we fraht-harydy diňe deňiz transportynda ugratmykda ulanylýan şert.

**CIF-(cost,insurance and freight)-**gymmat, ätiýaçlyk we fraht-harydydiňe deňiz transportynda ugratmykda ulanylýan şert.

**CPT-(carriage paid to (named poin of destination))-** ýüklenilme tölendi tä (harydyň barjak punktynyň adyny görkezmeli)-islendik görnüşli transportda ulanylýän şert.

**CIP-(carriage and insurance pait to(named place of destination))-** ýüklenilme we ätiýaçlyk tölendi tä (harydyň barjak punktynyň adyny görkezmeli)-islendik görnüşli transportda ulanylýän şert.

**DAF-(delivered at frontier)-**ýüki tä araçäge çenli (adyny görkezmeli)- demir ýöl we awto. transportlar bilen alnyp gidilende ulanylýan şert.

**DDP-(delivery duty paid)-** Pajy tölendi, ýüklenip ügradylan (harydyň barjak punktynyň adyny görkezmeli).

**Sanksiýalar** – iki tarap üçin hem ynsaply hem ynamly özara birek – birek bilen borçlary bozmazlyk üçin ulanylýar. Bozulýan ýagdaýynda kanun tarapyndan goralýandygyny ýüze çykarmak üçin sanksýalar ulanylýar. Olaryň biri hem jerimedir.

Jerimeleriň tölenýän wagty:

- satyjy harydy bellenen wagtynda getirip bilmedik ýagdaýynda;

- ýol jerimesi (ol harydyň bahasynyň 0,5%-den tutulup başlanýar). 10 gün geçenden soň harydyň bahasynyň 8 – 13-%ne çenli jerime tutulýar. Şondan soň hem haryt ugradylmasa şertnama bozulýar.

**Ätiýaçlyk.**

Halkara söwdada harytlar transportirowka edilende zaýalammagyndan we ýitmeginden ätiýaçlyk edilýär. Ol erkin aktdyr. Onuň şertleri: ýüki ätiýaçlyk etmek üçin satyjynyň we alyjynyň borçlary, ätiýaçlyk kepilnamasynyň göwrümi we dowamlylygy, ätiýaçlyk şerti tassyklanylýar.

**Fors – mažor ýagdaý** – (täsir edip bolmaýan güýç sebäpli döreýän ýagdaý), bu hili ýagdaýlara duýdansyz döreýän tebigy şertler:- ýangyn, ýertitreme, gurakçylyk tebigy betbagtçylyklar, epidemiýa, iş taşlaýyşlar, blokada, döwlet tarapyndan çäreler we ş.m.degişlidir

**Arbitraž**

Taraplaryň öz arasynda ýüze çykýan dawany, jenjeli öz aralarynda çözüp bilmedik ýagdaýlarynda arbitraža ýüz tutulýar. Arbitraž kazyýetden tapawudlykda birnäçe aýratynlyklara eýedir. Arbitraž kommersiýa syryny özünde saklaýar we taraplara deňlik bilen garaýar.

2 dürli arbitraž bar:

1. Bir gezeklik;
2. Henişelik hereket edýän;

Bir gezeklik arbitraž taraplaryň ýygnanamagynda ýüze çykan dawany çözmek üçin bir gezeklik hereket edip bilýär.

Hemişelik arbitraž söwda palatasynda ýerleşýär. Islendik bir döwletiň telekeçileri we maýadarlary ykdysady iş alyp baranlarynda öz aralarynda hukuk gatnaşyklaryna girýärler. Elbetde, beýle gatnaşyklar kämahallar dawasyz geçmeýär, ýagny taraplaryň arasynda düşünişmezlik, ykdysady we şahsy bähbitleriniň deň gelmezligi ýüze çykyp bilýär.

Şeýle ýagdaýlarda häzirki döwürde dünýäniň köp ýurtlarynda taraplar öz aralaryndaky dawaly meselelerini kazyýetlere ýüz tutmazdan çözmeklige çalyşýarlar. Muňa dünýä tejribesinde Jedelleri Çözmekligiň Alternatiw Usullary diýilýär we taraplar dawalaryny çözmek üçin şeýle usullaryň islendigini meýletin saýlap bilýärler. Bu usullar çykdajy we wagt taýdan örän amatly bolmak bilen, dawalaşýan taraplara dostlukly

gatnaşyklaryny ýitirmezden, özara ylalaşyga gelmeklerine we ikitaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlygyny dowam etdirmeklerine ýardam berýär.

**Käbir goşmaça şertler**

Bu bölümde käbir goşmaça maglumatlar ýerleşdirilýär. Olarda egerde üýtgeşmeler giriziljek bolsa patent şerlteri hakynda, käbir borçlar hakyndamaglumatlar bolan ýagdaýynda görkezilýär.

Taraplaryň ýuridiki adresi – onda şertnamanyň iň soňunda taraplaryň salgylary we maglumatlary görkezilýär.

# IV BAP
## Daşary ýurt walýutalary we paritet.

**1. Walýuta kursy we paritet.**
**2. Walýuta kurslarynyň kesgitleniş ukyby we olaryň görnüşleri.**
**3. Halkara hasaplamagyň mehanizmi.**
**4. Walýuta kurslarynyň tapawudy we walýuta operasiýalary'**

## Giriş.

Bitarap hen Garaşsyz Türkmenistan döwleti Hormatly Prezidentimiziň "Açyk gapylar" saýasatynyň esasynda ýurdumyzda daşary ýurtlar bilen aragatnaşyklar ýola goýlup, olar bilen döwlletara gyzyklanylýan meseleler we gatnaşyklar uly ynam bilen alynyp barylýar. Munyň özi daşary ykdysadyýetiniň ösüşini öwrenmäge, olardaky bolup geçýän ykdysady özgerşiklere içgin tanyşmaga uly gyzyklanma döretdi. Biziň şu günki tememyz walýuta degişliligi sebäpli biz halkara walýuta gaznasy hakynda hem aytmalydyrys. Ol 1944-nji ýyla 44 döwletiň goldanagynda döredildi we 1945-nji 27-nji dekabrynda işläp başlady. Ol halkara söwda, ykdysadyýet, maliýe, iş ýer üpçünçiligi ýaly soraglara jogap berýär. Onuň düzümine 178 döwlet girýär. Walýuta pul birligini aňladýar. Walýuta gaznasy 1945 – nji ýylda işläp başlady, ol halkara söwda, ykdysadyýet, maliýe, iş ýer üpjünçiligi ýaly soraglara jogap berýär.

Halkara walýuta ulgamy daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösmeginiň netijesinde walýuta gatnaşyklarynyň görnüşi hököminde ýüze çykýar

Birinji walýuta ulgamy 1867-nji ýylda Parižde geçen maslahatda esasladyryldy.

Ikinji walýuta ulgamy 1922-nji ýylda halkara ykdysady maslahatda Genuezskide bolup geçýär.

Üçünji dünýä walýuta ulgamy 1944-nji ýylda 44 döwletiň gatnaşmagynda Bretton-Wudsda halkara maslahatda kabul edilýär.

Dördünji dünýä walýuta ulgamy Halkara Walýuta Fondynyň agzalarynyň ylalaşmagynda kingston şäherinde 1976- njy ýylda Ýamaýkada resmileşdirildi. 1978-nji ýylda şol ylylaşygyň täze walýuta-maliýe ulgamy berklenildi

Walýuta sözi halkara sözi bolup, ol pul birligini aňladýar. Ony hyzmatda, söwdada, ylymda, tehnikada, turizimde, töleg dokumentlerinde we başga-da birnäçe ýerlerde ulanylýar. Walýura pariteti – (altyn pariteti 1978-nji ýylyň 1-nji apreline çenli boldy) bu iki sany döwletiň deňeşdirilýän walýutasynyň düzümindäki arassa altynyň mukdaryndaky gatnaşygyna aýdylýar. Halkara walýuta gaznasynyň hasaplamagyna görä walýuta kursyny – güýçli walýuta kursyna – birnaçe walýutanyň sebadine berkidilip kesgitlemek bolýar. Walýuta pariteti – kanun tarapyndan tassyklanyp, ol walýuta bolan satyn-alyş ukybyna baglydyr.

### 1.Walýuta kursy we paritet.

Walýuta – bu harydyň bahasynyň möçberini kesgitlemek üçin ulanylýan pul birligidir. Walýuta düşünjesi üç manydan ulanylýar:

- Bir ýurduň pul birligi.
- Halkara pul hasaplaşyk birligi.
- Halkara töleg serişdeleri we kredit.

Walýuta kursy diýip – bir döwletiň pul birligiň başga bir döwletiň pul birliginde aňladylýan nyrhyna aýdylýar.

Paritet – kurs gatnaşyklaryň ýeketäk maýdalawjysydyr. Moneta (demir pul) pariteti – bu deňeşdirilýän pul birligindäki altynyň san agramyny aňladýar. Bir manat = 0,987412 gram gyzyl.

Halkara walýuta düzümi – dünýä hojalygynda walýuta gatnaşyklaryny gurnaýan şekildir. Onuň esasy wezipeleri

halkara gatnaşyklaryny we walýuta bazaryny esaslandyrmak ybaratdyr.

Walýuta kurslary – häzirki wagtda iki döwletiň walýutalarynyň gatnaşygydyr, ol iki ýurduň ýa-da bir döwletiň razylygynda ylalaşylýar.

Waluta sebedi – daşary ýurt walýutasyna baha kesilelde ulanylýan ýa-da beýleki walýutadyr. Munuň özi walýutanyň satyn alyjylyk ukybyna we çalyşmagyň ukyby ykdysady hem-de, onuň syýasy şertleriň onuň kursuna, onuň edýän täsiri esasly nazara almaga mümkinçilik berýär.

Oňa döwletleriň walýutasy degişlidir. Sebediň esasynda walýutalaryň kursuny hasaplamak üçin oňa girýän we dollar ýa-da erkin konwertirlenýän walýutada aňladýan walýutalaryň hersiniň udel agramy kesgitlenilýär.

Hasaplaşyklar mahalynda ölçeg hökmünde dürli ykdysady görkezijiler ulanyp bilner. Mysal üçin: daşary söwda dolanşygyndaky, jemi milli önümi emele getirmekdäki udel agram we beýlekiler.

Manada baha kesilende sebede alty walýuta:

1) Amerikan dollar.
2) Nemes markasy.
3) Şweýsar franky.
4) Fransuz franky.
5) Iňlis funt sterlingi.
6) Ýapon iýeni.

Ýenede bir (goşmaga ulanmak üçin) goýulan walýuta birligine EKÝU diýilýär (Europe an current by unit)). Onuň düzümine Ýewropa Soýuzyna girýän 12 döwletiň walýutalary girýärdi. Ol diňe 1 ýanwar 1999 ýyla çenli dowam etdi.

1 EKÝU = $ 1,3 Olardan:

1) Nemes markasy – 30,4%
2) Fransuz franky – 18,3%
3) Iňlis funt sterlingi – 12,6%
4) Italýan lirasy – 9,9%
5) Golland guldeni – 8,5%

6) Belgiýa franky – 7,8%
7) Ispan pesetasy – 5,2%
8) Daniýa kronasy – 2,5%
9) Portugal eskudasy – 0,8%
10) Grek drahmasy – 0,7%
11) Luksemburg franky – 0,3%

1 ýanwar 2002 ýyldan bäri täze walýuta “ýewro”(EUR) ulanulşa girdi Ol Awstriýada,Germaniýa,Gresiýa,Irlandiýa,Ispaniýa,Italiýa ,Belgiýa,Lýuksemburgda,Niderlandda,Portugaliýada,Finl ýandiýada,Fransiýada, Kiprda,Maltada,Sloweniýada ulanylýar.

**2.Walýuta kurslarynyň kesgitleniş ukyby we olaryň görnüşleri.**

Walýuta kursy diýlip – bir döwletiň pul birligini başga bir döwletiň pul birliginde aňladylýan nyrhyna aýdylýar. Walýutanyň kursy – oňa baha kesmek ýoly bilen kesgitlenýär, şoňa laýyklykda daşary ýurt walýutasyny – belli bir ýurduň ykdysady şertlerini, hereket edýän kanunlylyk normalaryny we emele gelen praktikany hasaba almak bilen onuň walýutasyna çalyşmagyň proporsiýasy kesgitlenilýär. Walýuta baha kesmeklik iki hili, ýagny göni we gytak hili kesilýär. Göni hili baha kesilende – daşary ýurt walýutasy ýurduň milli pul birliginiň kesgitli möçberinde aňladylýar ($1 –2.8manat). Gytak baha kesilende milli walýuta daşary ýurt walýutasynyň kesgitli möçberinde deňeşdirilýär. Walýuta bazarynda diňe bazar kursy bardyr. Ol daşary ýurt walýutasyna bolan islegiň we teklibiň netijesinde walýuta bazarynda ýüze çykýar. Başga-da bazar kurslarynyň dürli görnüşleri bar. Olardan:

1) dürli töleg serişdeleriň kursy(çekler, weksiller).
2) alyjynyň we satyjynyň kursy.

Alyjynyň kursy diliýip bank tarapyndan milli walýuta satyn alnan daşary ýurt walýutasynyň kursuna aýdylýar.

Satyjynyň kursy diýlip bank tarapyndan satylan daşary ýurt walýutasyny milli walýutany satyp alyp kursuna aýdylýar. Mysal üçin: $1 = 1,5635/55 DM. Germaniýanyň banky $1 satyjydan 1,5635 satyn alyp we $1 = 1,5655 DM alyja satmaga razy diýdigidir. Göni hili satyja, satyjynyň bahasy, alyjynyň bahasyndan uludyr. Alyjy bilen satyjynyň kurs tapawudyna marj diýilýär.

Marj – bu bankyň aluw satuwlar belli baglanşykly ähli çykdajylaryň üstüni ýapýar we walýuta operasiýasynda banka düşewint getirýär.

Walýuta kurslary töleg dokumentleriň görnüşlerine baglylykda dürli-dürli bolýarlar, olardan:

1) dürli töleg serişdeleriň kursy (çekler, weksiller). Ýene-de bir walýuta kuirslaryň birine kross kurs diýilýär. Kross kurs – iki daşary ýurt walýutasynyň koterowka bolup, onda geleşige gatnaşýan adamyň ýurdunyň milli walýutasy alnanok. Meselem: dollaryň iýene bolan gatnaşygyny germaniýanyň merkezi banky tarapyndan kesgitlenýär. Islendik kursyň iki sany walýutanyň 3-ä bolan gatnaşygynyň hasabyna kross kurs diýip almak bolar. Walýuta kursy walýuta geleşiklerine baglylykda 1 – nagt (kassalaýyn) geleşek kursy (spot), ýagny walýuta 2 iş günüň dowamynda amala aşyrylýar – 2-gyssagly geleşek kursy (forward) - .agny walýuta belli bir kesgitlenen wagtyň dowamynda amala aşyrylýar.

Spot kursy – walýuta bazarynyň esasy kursydyr.

Forward kursy – walýuta geleşigine gatnaşýanlar tarapyndan tassyklanýar.

Meselem: satyjynyň spot kursy 2004-nji 01.09 Maýnadaky Frankfurtda $1 =1,5655 DM, forward kursy 3 aý möhletinden (1.09 – 1.12) $1 =1,57 DM deň bolar. Spot – bu nämäni aňladýar, ýagny nemes banky müşderä $1 =1,5655 DM satmakçy (spot), eger-de müşderi 1.12 alsa, onda $1 =1,57 DM.

## 3.Halkara hasaplamagyň mehanizmi.

Islendik pul töleg dokumentleri we borçnama tölegleri nagt pul görnüşünde amala aşyrylman, eýsem olar diňe töleg dokumentleriň we karz dokumentleriň üsti bilen hasaba daşary ýurt walýutalarynda görkezilen görnüşinde amala aşyrylýar.

Walýuta gatnaşyklary bu ykdysady gatnaşyklaryň toplumyny görkezýän we ol dünýä pullary bilen bagly baglanşyklary ýerine ýetirýär.

Pul – nu daşary ýurt söwdäni we hyzmaty, girdejini goýumlara öwürmäge, karz berilmegine, ylmy-tehniki – çalyşlaryna, syýahata, döwlet we hususy pul berilmelerine hyzmat edýär. Walýuta gatnaşyklary halk we halkara derejesinde alnyp berilýär. Ýerli walýuta – ýurduň walýuta gatnaşyklaryň şerillendirlen guramasy bolup, hukuk tarapdan goralýandyr. Ýerli walýuta düzümi – şu aşakdakylary häsiýetlendirýär:

2) Ýerli walýuta birligini.
3) Altyn-walýuta ätiýaçlygyň ýörite düzümi.
4) Ýerli walýutanyň paritetyny we walýuta kursunyň döreýiş mehanizmini.
5) Walýuta öwrüliş şertlerini.
6) Walýutanyň ýetmezligi ýa-da artykmaçlygyny.
7) Daşary ykdysady hasaplaşygynyň ýerne ýetirilşiniň tertibini häsiýetlendirýär.

Halkara töleg aýlawlarynda nagt pul hasaplaşyklary ulanylýar. Walýuta bazary diýilip – daşary ýurt walýutalaryň we töleg dokumentleri bilen baglanşyk operasiýalaryny ýerine ýetirýän ýörite kommersiýa banklaryna walýuta biržalary we ýörite bankir öýlerine aýdylýar. Islendik ýuridiki we fiziki adamlar öz isleglerine görä walýuta bazarlaryna gatnaşyp bilerler.

## 4.Walýuta kurslarynyň tapawudy we walýuta operasiýalary.

Kurs tapawudy – bu milli pul birligine garaňda daşary ýurt walýutasynyň kursunuň üýtgemegi bilen baglanşykly ýitgiler we girdejiler. Olar halkara söwda, karz we walýuta operasiýalaryny geçirmekde ýüze çykýar.

Meselem: ýurtdan eksport etmek üçin şertnama baglaşylan mahalynda $1 = 5700kron , töleg mahalynda $1 = 5200 krona deň Eksportýor $100 000 önüm iberip, jemi 570 000 000 kron almaga göz öňüne tutýardy, ýöne töleg wagtynda 520 000 000 kron alyp biler. Kurs tapawudy netijesinde ýitgi 50 000 000 kron bolar.

Walýuta kursunyň ýagdaýyna täsir edýän düýpli faktorlar:

1. Töleg balansynyň seredilýän mahalyndaky ýagdaýy (isleg we teklibiň walýuta bazarynda bir gündäki bir näçe gezek üýtgemegi). Isleg importýorlaryň we bergidarlaryň walýuta bolan talaplaryň esasynda bolup geçýär. Teklip – eksportýorlaryň bankir karzlary walýuta bolan talaplaryň esasynda döredilýär.
2. kagyz pullaryň altyna, haryda bolan derejesiniň hümmetsizligi.

Walýuta faktorlar:

1. daşary ýurt walýuta kursunuň galmagy, import harydynyň bahasynyň galmaga eltýär.
2. daşary ýurt walýutasynyň ýurtdaky artikmog akymy.
3. merkezi banklaryň % goýumlarynyň artmagy.
4. döwletiň salgyt syýasaty

Walýuta kursuna ykdysady esaslandyrlan baha bermek üçin, şol ýurduň jemgiýetçilik önüminiň gymmaty bilen walýuta kursuny deňeşdirmeli.

Mysal üçin: harydyň bahasy 20 namada deň diýeliň. Şol harytdaky sap gyzylyň nominal agramynyň mukdaryny hasaplalyň.Onda:

20 x 0,987412 = 19,74824 gram.

Walýuta operasiýalaryny amala aşyrmak üçin olaryň görnüşlerini bilmelidir. Ýagny:

1. erkin konwertirlenilýan 30
2. kem-keslein konwertirlenilýan 70
3. ýapyk
4. kliring şertnamalaýyn hasaplaşyklar
5. hasaplaşyk walýutasy

Daşary ýurt walýutalaryň operasiýaleri walýuta arbitražynyň üsti bilen amala aşyrylýar, olaryň iki görnüşi bar:

✓ Spekulýatiw ýa-da differensial arbitraž düşewünt almak neti bilen gegirilýän walýuta operasyýasy ol dürli walýuta bazarlarynda walýuta kursunuň dürli gymmatda bolýandygynyň üsti bilen alynýar.

✓ Konwersial arbitraž bar bolan çatgynyň (shema) içinden amatly bolan walýuta aluw satuwyndan saýlap almak we köp möçberdäki walýutany toplamak niýeti bilen. amal edilýär

| Walýuta operasyýasynyň halkara merkezleri:<br>London – 30%<br>Nýu-Ýork – 16%<br>Tokio – 10%<br>Walýuta bazarynda satuwda esasy orun tutýan walýutalar:<br>ABŞ $ - 56%<br>Germaniýa DM – 30%<br>Ýaponiýa iýena – 16%<br>Walýuta syýasatynyň milli serişdeler:<br>1. Daşary ýurt walýutasyny dürli | Walýuta operasyýasynyň iş görnüşleri:<br>✓ Differensirlemek we spekulýatiw arbitraž<br>✓ Konwersion arbitraž<br>✓ Forward operasiýasy<br>✓ Swop operasiýasy<br>Tölegiň görnüşleri:<br>1. Trassirlemek<br>2. Remitirlemek<br>Tölegiň görnüşi bagly ýagny<br>• Dürli bazarlardan walýuta gatnaşyklarynyň seredilýän möhletine |
|---|---|

| | |
|---|---|
| walýuta çalyşmak<br>2. % goýumlarynyň üýtgemegi<br>3. merkezi banklarda täjirçilik we başga banklaryň hökmany rezerwleriniň artmagy – kemelmegi we başga | bagly<br>• Taraplaryň güýçlerine |

- Forward operasiýasy
- Swop operasiýasy – walýuta operasiýasy bolup, taraplar walýutany çalyşandan soň, ýene belli bir wagtdan yzyna satmak şerti bilen.

Trassirlemek – karzy bergidara bergini, bergidaryň walýutasynda tölemegini buýurmak.

Remitirlemek – bergidar karzynyň walýutasynda çek, telegraf belli iberilýän pul hatyna almagy buýurýar.

# V BAP
# Daşary ykdysadyýetinde sowda we halkara hyzmatlar.

1. **Harytlaryň we hyzmatlarynyň daşary söwdasy**
2. **Hyzmatlaryň görnüşleri we kompaniýalar**

## 1.Harytlaryň we hyzmatlarynyň daşary söwdasy

Daşary söwda dolanyşygy – eksportyň we importyň umumy möçberi. Eksport – harytlaryň bir ýurtdan beýleki ýurtlara erkin dolanyşyk üçin çykarylmagydyr. Eksportyň möçberine ýurtda öndürilen hem-de öň ýurda getirilip, täzeden daşary ýurda çykarylýan harytlar girýär (reeksport). Daşary ýurda eksport edilýän harytlaryň gymmaty – FOB-yň nyrhlary boýunça kesgitlenilýär (harydyň eksport edýän ýurduň serhedinden çykarylýança gymmaty).

Import – muňa Türkmenistanyň içinde sarp edilmek üçin daşary ýurtlardan getirilýän harytlar girýär. Daşary ýurtlardan import edilýän harytlaryň gymmaty SIF-iň nyrhlary boýunça hasaplanylýar (harydyň import edýän ýurduň serhedine getirilýänçä ätiýaçlandyryş we ulag harajatlaryny goşmak bilen gymmaty).

Eksport we import edilýän harytlarynyň möçberleri Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenilen bahalar boýunça amerikan dollarynda hasaplanylýar. Daşary ýurtlara çykarylýan we daşary ýurtlardan getirilýän harytlary hasaba almakda "Daşary ykdysady işleriniň haryt nomenklaturasy" ulanylýar (DYIHN).

Daşary söwda dolanyşygynyň aratapawudy – eksportyň we importyň möçberleriniň arasyndaky tapawut. Oňyn tapawut, munuň özi eksportyň importyndan ýokary bolmagydyr, oňyn bolmadyk tapawut bolsa ("-" belgi bilen) importyň eksportdan ýokary bolmagy bilen emele gelýär.

Eksportyň/importyň ortaça nyrhlarynyň indeksi – bu harytlaryň topary boýunça eksport/import möçberleriniň şu wagtky döwrüniň gymmatlyk möçberiniň (harytlaryň şu

wagtky döwrüniň ortaça nyrhlarynyň olaryň şu wagtky döwrüniň umumy sanyna köpeldilmegi bilen hasaplanylan) esasdaky döwrüniň harytlaryň topary boýunça eksportyň we importyň gymmatlyk möçberlerine (harytlaryň esasdaky döwrüniň ortaça nyrhlarynyň olaryň şu wagtky döwrüniň umumy sanyna köpeldilmegi bilen hasaplanylan) bolan gatnaşygydyr.

Halkara hyzmatlary (ulag, ätiýäçlandyryş)

Halkara ulag hyzmatlaryna bir ýurduň rezidentleriniň başga ýurduň rezidentleri üçin edýän ulag hyzmatlarynyň ähli görnüşleri (deňiz, howa we beýleki ulag görnüşleri, şol sanda ýer, suw we geçiriji turbalar arkaly daşamakdan ybarat) girýär. Şeýle hyzmatlara ýolagçy gatnatmaklyk, ýük daşamaklyk, ulag serişdeleriniň kärendesi (ony işledýan işgärleri bilen bilelikde), şeýle-de şonuň bilen baglanyşykly umumy we goşmaça hyzmatlar girýär.

Halkara ätiýaçlandyryş hyzmatlary bir ýurduň ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň daşary ýurt hyzmatdaşlary üçin amala aşyrýan (we tersine), ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini öz içine alýar. Şeýle hyzmatlara daşary söwda ýükleriniň ätiýaçlandyryşy (eksport edilýän harytlaryň we import edilýän harytlaryň daşalýan döwründäki ätiýaçlandyryş), betbagtçylykly we heläkçilikli ýagdaýlardan adam ömrüniň ätiýaçlandyryşy, saglygy goraýyş ätiýaçlandyryşy, raýatlaryň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy, ýangyndan ätiýaçlandyryşy we ş. m., şeýle hem gaýtadan ätiýaçlandyryş we ätiýaçlandyryş dellal-laryna komission tölegleri degişlidir.

## 2.Hyzmatlaryň görnüşleri we kompaniýalar

Dünýä ykdysadyýetinde hyzmat – bu maddy däl görnüşindäki eşret bolup ol dürli ýurtlaryň wekilleriniň arasyndaky satyn almak-satmak ýaly şertnamanyň esasynda emele gelýär. Dünýä ykdysadyýetiniň häzirki döwründäki

ösüşiniň özboluşlylygy ol hem hyzmatlaryň halkara satylşynyň we olaryň milli derejede giňeldilmegi bolup durýar.

Hyzmatlaryň ösüşi indiki alamatlara esaslanýar:

1)Önümçilige girizilýän çig mallar görnüşindäki hyzmatlaryň emele gelmegi, mysal üçin: taslama işleri; taslamalaryň tehniki-ykdysady esaslandyrylmasyny taýarlamak; bazary seljermek; ýuridiki hyzmat ediş işleri; maslahat bermek işleri we ş.m.

2)köpçülikleýin aragatnaşyklarda tehnologiki ösüşiň bolmagy, täzelikleriň döremegi, ylmyň we tehnikanyň durmuşa ornaşdyrylmagy;

3)hyzmat bazarlaryna iri möçberli, ýagny iri transmillikompaniýalaryň çykmaklygy.

Hyzmatlaryň halkara hereketiniň (eksport-import) esasy görközijilerini seljermeklik umumy görközijilerinden soňra özboluşly görközijilerini seljermeklige gönükdirlendir. Hyzmatlaryň halkara söwdasynyň aýratynlyklarynyň biri bolup ol hem köp sanly hyzmat öndürijileriň we sarp edijileriň bir ýerde toplanyp ösmegidir. Mysal üçin: hyzmatlaryň ähli dünýä aýlanşygynyň 75 % ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň paýyna düşýär, olaryň 36 % -ni diňe dört ýurtlar, ýagny ABŞ,Beýik Britaniýa,Germaniýa we Fransiýa üpjün edýär. Hyzmatlaryň dünýä satylşynda ösüp barýan ýurtlaryň paýy 20 % bolup, GDA hem-de Gündogar Ýewropanyň ýurtlarynda ol görköziji 5 göterimden durýar.

Hyzmatlaryň görnüşleri:

1)Ulag hyzmatlary
2)Syýahatçylyk
3)Aragatnaşyklar
4)Gurluşyk
5)Kompýuter-maglumat
6)Ätiýaçlandyryş
7)Maliýeleşdiriş

**Françaýzing** – iki firmanyň arasyndaky baglanşylan şertnama, oňa laýyklykda belli bir bazaryň çäklerinde bir firmanyň kesgitli haryt belgisine,tehnologiýasyna,”nou-hau”-syna bolan eýeçilik hukugyny başga firma geçirmekligini göz öňünde tutýar. Şonuň bilen birlikde françaýzing – bu döwlet ýa-da häkimler tarapyndan kärhana ýa-da firma belli bir hyzmatlary ýerine ýtirmekde hukugyň berilmegi. Mysal üçin: ilatly nokatlary suw, elektroenergiýa bilen üpjün etmek; belli bir sebitde ýolagçylary daşamak.

Françaýzing ulgamy (iňlisçeden terjimede bu söz artykmaçlygy aňladýar) iri we kiçi telekeçiligiň gatyşyk görnüşinde hereket edýär. Ýagny, bazarda durnukly ýagdaýy eýeleýän iri kärhana öz eýeçilinde bolan enjamlary, materiallary, tehnologiýany kiçi kärhana bermek barada şertnama baglaşýar. Kiçi kärhana telekeçiligi diňe şertnamada görkezilen şertlerde we görnüşlerde alyp barmaklyga borçly edilýär. Bu görnüşde iri kompaniýanyň önümlerini ýerleşdirýän satyjylaryň, araçylaryň (dellalçylaryň) ýeke-täk ulgamy hereket edýär. Daşary yurt tejribesine syn etsek ABŞ ýurdynda bölek–satuw dolanşygynyň 40 %-ni hyzmatlaryň üçden bir bölegi bu ulgamyň paýyna düşýär. Françaýzing ulgamynda işleýän firmalaryň sany geçen ýyllar bilen deňeşdirilende 82 müň töweregi köpeldi, satuwyň möçberi 4,5 esse artdy, olardaky işgärleriň sany 3,5 mln. adamdan 5,2 mln. adama çenli köpeldi (48,5 % artdy).

Françaýzing ulgamynda kärhanalaryň şu görnüşleri hereket edýär:

1.Diňe şertnama ulgamynda hereket edýän kärhanalar, olar ähli öndüren önümlerini baş kompaniýa satmaga borçly bolýarlar.

2.Enjamlar we materiallar bilen üpjün ediji iri kärhana kiçi kärhananyň önümçilik we telekeçilik işleriniň köpsanly ugurlaryny kesgitleýär.

3.Kärende şertlerinde döredilen kiçi kärhanalar – operatorlar, bu kärhana öz işini öňden taýýarlanylan düzgün-tertibe laýyklykda alyp barýar.

Netijede, iri we kiçi telekeçilik jebis aragatnaşykda hereket edýär. Olaryň arasynda önümçiligiň dürli pudaklaryndaky kompaniýalaryň öndürýän önümleriniň asyl nusgalaryndan göçürme bilen meşgullanýan, göçürijiler ady bilen belli kiçi kärhanalar barada aýtmak bolar. Ilkinji nobatda bu hadysa derman senagatynda ýüze çykýar, soňra bu ýagdaý elektronika we başga pudaklara ýaýraýar. Göçüriji kärhanalaryň esasy aýratynlygy olaryň öndürýän önümleriniň arzanlygydyr. Mysal üçin, Germaniýada täze çykarylýan önümiň göçürmesi, onuň asyl nusgasyndan iki esse arzandyr. Şu ýagdaýa esasan iki alamatyň bildirýän täsiri barada hem durup geçmek zerur. Birinjiden, iri kompaniýalaryň önümlerini göçürmek bilen, kiçi kärhanalar ylmy-barlag we synag-düzgüt işleri boýunça çykdaýjylary çekmeýärler. Ikinjiden, iri kärhanalar bahany emeli ýokarlandyrýarlar, emma kiçi kärhanalar, köp ýagdaýlarda uly bolmadyk möçberi bilen ylalaşýarlar.

Özüniň täsiri boýunça meňzeş şol bir önümi arzan bahadan teklip edip kiçi kärhanalar iri kompaniýalary bazaryň uly böleginden gysyp çykarýarlar. Göçüriji kiçi kärhanalar özleriniň ýerine ýetirýän işi boýunça bahanyň ýekemenlikde esassyz emele gelmegine garşy örän uly çäklendiriji güýç hökmünde hem çykyş edýär.

**Inžiring** – täze döredilen ýa-da öňden hereket edýän obýektde tehniki çözgütleri amala aşyrmak.

**Reinžiring** – hereket edýän obýektde öňden amala aşyrlan tehniki çözgütleri täzeden güýçlendirmek. Şonuň bilen birlikde inžiringi täze derejä galdyrmaklygyň esasynda kärhanalary,firmalary täzeden dikeltmek.

**“Nou-hau”** – ylmyň,tehnikaň,önümçiligiň,maliýe,kommersiýa häsiýetine eýe

bolan, kärhananyň ýa-da hünärmeniň hereketinde ulanylýan, emma köpçülige çykarylmadyk bilimleriň umumylygy.

"Nou-hau" – nyň köpçülige çykarylyşy,ýetirilişi,kommersiýa esasynda satyn alynşy ilki bilen lisenziýa şertnamalaryň baglanşylmagy bilen bolup geçýär. Adatça şertnama hökmüňde lisenziýa şertnamasy çykyş edýär, şol şertnama laýyklykda lisenziýany satyn alan subýekte "nou-hau" – ny geçirmek bilen bilelikde patentlenen oýlap tapmalary ulanmaklyga hukuk berilýär.

**Ofşor kompaniýa** – ýeňňilikli salgyt gurşowynda hem-de walýuta gözegçiliginiň ýok gurşowynda hasaba alynan ýuridiki tarap. Ol milli düzgünleşdirişden garaşsyzdyr. Bu kompaniýa özüniň hasaba alynan döwletinde hojalyk işini alyp baranok, olaryň eýeleri bolsa bu döwletlerde hojalyk işlerini ýöretmän rezidentdäl bolup çykyş edýärler. Ofşor kompaniýalaryň esasyny kompaniýalary bölekleýin ýa-da tutuşlygyna salgytlardan boşadýan döwletleriň kanunlary düzýär. Esasy bellemeli zatlaryň biri ol hem her bir başga döwletlerde ofşor kompaniýalaryň ýokary derejede işlemegi üçin hem-de ikinji sapar salgyt tölemezlik üçin ýurtlaryň arasynda şertnama baglaşylýar. Eger-de ol şertnama gol çekilmese, onda kompaniýa öz alyp barýan işi üçin salgyt tölemeli bolýar.

Halkara hukuk nazarýetine laýyklykda ofşor kompaniýa özbaşdak ýuridiki tarap bolup öz hojalyk işini özüniň hasaba alynan döwletiniň kanunlaryna laýyklykda alyp barýar. Häzirki döwürde ofşor kompaniýalar üçin ýeňňilikli salgytlary göz öňünde tutýan ýurtlaryň 60-dan gowragy bar. Bu kompaniýalar dünýäniň dürli banklarynda öz hasaplarynyň çäksiz sanlaryny açmaklyga hukuklydyrlar.

Iki ýa-da köp sanly fiziki taraplardan ybarat bolup durýan geljekde girdeji almak üçin öz maýa serişdelerini goýup harydy we hyzmaty öndürmek maksady bilen belli bir ýurtda hasaba alynan ýuridiki kompaniýa ýa-da firma bolup çykyş edýär.

## VI BAP
## Türkmenistanyň daşary ykdysady işleri.

1. **Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň esaslary.**
2. **Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniň halkara gatnaşyklaryndaky işleri.**
3. **Türkmenistany daşary ykdysady işleriniň netijeliliginiň mukdar görkezijileri**
4. **Harytlaryň nyrhyny kesgitlemek strategiýasy.**
5. **Daşary ykdysadyýetiň ösmeginde telekeçiligiň ähmiýeti we döredilýän şertler.**
6. **Türkmenisatanyň dapary ykdysady işlerinde salgyt ulgamynyň işi.**

### 1.Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň esaslary

Hormatly Prezidentimiziň "Döwlet adam üçindir" diýen ýörelgesi boýunça täze Galkynyşyň zamanasynda jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda beýik özgertmeler amala aşyrylýar. Türkmenistanyň ykdysadyýeti ýokary durnukly ösüş depginleri boýunça dünýä ýurtlarynyň arasynda öňde barýar. Ykdysadyýetde diwersifikasiýa oňat netijeleri berýär. Ýurdumyzyň başlangyjy boýunça halkara derejesi transkontinental taslamalar taýýarlanylýar we durmuşa geçirilýär: "Demirgazyk-Günorta" demirýol geçelgesi, "Türkmenistan-Hytaý" gazgeçirijisi ýa-da Hazarýaka geçirijisi we başgalar muňa mysaldyr. "Asyryň binalary" diýen ada mynasyp bolan bu desgalaryň durmuş-ykdysady babatda bähbidiniň diňe ýurdumyz üçin däl, eýsem-de bolsa, halkara derejede, şol sanda, hyzmatdaş ýurtlar üçin hem örän uludygy mälimdir. Mysal üçin, Hindi okeanyndan we Pars aýlagyndan gelýän ýükler üçin "Demirgazyk-Günorta" geçelgesi Demirgazyk we Gündogar Ýewropanyň ýurtlaryna barýan ýoly 3 esse gysgaldar. Ýa-da, Merkezi Aziýada iri inženerçilik desgasynyň-uzynlygy 1414 km barabar Atamyrat-Kerkiçi demirýol köprüsiniň-gurlup ulanylmaga berilmegi ýurdumyzyň demir ýollaryny bütewi halka birleşdirdi, bu bolsa

wagty we harajatlary tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Mälim bolşy ýaly, bazar ykdysadyýetine döwürleýinlik, ýagny ösüşiň wagtal-wagtal beýgelmegi ýa-da peselmegi mahsusdyr. Şonuň üçin hem barha globallaşýan dünýäde ykdysady çökgünlige garşy çäreler möhümdir. Hormatly Prezidentimiziň öňden görüjiligi bilen ýurdumyza 2008-nji ýylyň oktýabr aýynda toplaýyş we durnuklaşdyryjy bu gazna döredildi, bu gazna öz netijeliligini iş ýüzünde subut edýär. Milli ykdysadyýetiň ýagdaýy elmydama gözegçilikde saklanylýar, oňa seljerme berilýär we zerur düzedişleri girizmäge mümkinçilik döredýär. Yzygiderli geçirilýän hökümetiň mejlisinde berilýän görkezmeler, kabul edilýän kararlar oňa şaýatlyk edýär. Dünýäde ykdysady çökgünligiň dowam edýändigine garamazdan, biziň ykdysadyýetimiziň ýokary ösüşi saklanyp galýar, iri halkara we içerki taslamalary amala aşyrmaklyk dowam edýär. Şu ýyl “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň ilkinji binalary açylyp ulanmaga berildi, bu ýerde gurluşyk işleri güýçli depginler bilen dowam etdirilýär.

Transkontinental “Demirgazyk-Günorta” demirýolunyň 150 kilometrinden gowragy guruldy. Häzirki döwürde ýurdumyzda dürli maksatly binalaryň 1500-si gurlup, olaryň umumy bahasy 15 milliard amerikan dollaryna deňdirÝurdumyzda telekeçilige durmuş-ykdysady ösüşi çaltlandyrýan strategiki faktor hökmünde garalýar. Telekeçiligiň hukuk, ykdysady binýady gowulandy, telekeçilige goldaw bermek we ösdürmek üçin edaralar döredilýär.

1994 – nji yylda “Açyk gapylar” syýasatynyň yglan edilmegi Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklaryň açylmagyna, huuk taýdan kämilleşmegine we ösüşine esas boldy**Söwda, daşary ykdysady aragatnaşyklar we alyjylar jemgyýetleri ulgamyndaky döwlet dolandyryş edarasy** Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligidir.

Ministrlik halkara şertnamalaryna we Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklar ulgamyndaky ylalaşyklaryna

laýyklykda içerki bazarda döwlet bähbitleriniň berjaý edilişini üpjün edýär.

**2.Daşary ykdysady gatnaşyklar**

Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklaryň guramaçylyk-düzüm binýady döredildi. Daşary ykdysady işi dolandyrmak üçin kabul edilen kanunçylyk binýadyna aşakdakylar degişlidir: „Daşary ykdysady gatnaşyklar hakynda“, „Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda“, „Türkmenistanda maýa goýum işi hakynda“ we “Walýuta dolanyşygy hakynda“ kanunlar, „Türkmenistanda eksport we import önümlerini (işlerini, hyzmatlaryny) ygtyýarlandyrma hakynda“ Düzgünnama, „Türkmenistanda daşaryykdysady işi dolandyrmagyň tertibi hakynda“ Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary.

Oňyn bitaraplyk we „açyk gapylar“ syýasaty ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklaryny giňeltmäge, halkara hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmek we dünýä ykdysady bileleşigine yzygiderli aralaşmagy üçin şertleri döretdi.

Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetiniň gitdigiçe çugdamlaşýan şertlerinde dünýä bazarlaryna girmek üçin bar bolan mümkinçilikleri ulanmak, dünýä zähmet bölünişiginde öz ornuňy, depginiňi we mundan beýläk hem goşulyşma ugruňy tapmak zerurlygy ýurduň daşary ykdysady işiniň esasy wezipeleridir.

Bu wezipeler Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitleýär:

- ýurduň eksport mümkinçiligini artdyrmak, ylmyň gazananlaryna esaslanýan, resurslary tygşytlaýjy we ekologiýa taýdan arassa harytlary we hyzmatlary önümçilige ornaşdyrmak arkaly onuň bäsleşige ukyplylygyny berkitmek;
- ykdysadyýetiň düzümlerini täzeden gurnamaga, önümçilik, transmilli taslamalaryny we maksatnamalaryny amala aşyrmaga, ulag we aragatnaşyk ulgamyny ösdürmäge,

şolaryň esasynda hem täze söwda hyzmatdaşlaryny çekmäge ýardam bermek üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny giňden çekmek;

- önümleriň görnüşlerini giňeltmek we bäsleşigi goldamak maksady bilen orta we kiçi telekeçiligi ykdysady işiň taýýar we ýarym taýyn önümleriň eksport mümkinçiliklerini artdyrjak täze ugurlaryna gönükdirmek;
- daşary ýurt maýa goýumlarynyň we içerki maliýe serişdeleriniň hasabyna senagat we gurluşyk ulgamlaryny giňeltmek we döwrebaplaşdyrmak;
- çig malyň we materiallaryň dünýä bazarynda Türkmenistanyň ornuny berkitmek, taýýar önümleriň we hyzmatlaryň eksport möçberlerini atrdyrmak;
- türkmen harytlaryna we hyzmatlaryna dünýä bazarlaryna çykmakda deň derejeli şertleri döretmek;
- milli önümçiligi goldamaklyga gönükdirilen, şol bir wagtyň özünde hem içerki bazardaky bäsleşik şertlerini gowulandyrmagy üpjün edýän gümrük-nyrh syýasatyny durmuşa geçirmek;
- daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy ösdürmek.

Türkmenistanda döredilýän, hereket edýän we taslamasy taýýarlanylýan transmilli gaz we elektrik geçirijilerini hem öz içine aljak köpugurly energetika infrastrukturasy ýakyn wagtlarda ýurduň daşary ykdysady işinde esasy orny eýelär.

Türkmenistanyň esasy söwda hyzmatdaşlary Russiýa, Gazagystan, Hytaý, Türkiýe, Italiýa, Germaniýa, Ýaponiýa, Şweýsariýa, Fransiýa, Eýran we beýleki döwletlerdir. Bu günki gün Türkmenistanyň önümleri, şol sanda gaz, nebit we nebit önümleri, elektrik energiýasy, polipropilen, suwuklandyrylan gaz, pagta süýümi, nah ýüplügi, matalar we beýleki harytlar dünýä bazarlarynda giňden görkezilendir.

Mineral-çig mallaryň baý gorlary, olaryň netijeli peýdalanylyşy ýurduň daşyna çykarylýan harytlaryň möçberini artdyrmaga ýardam berýär.

Türkmenistany çig mal öndüriji ýurtdan taýýar önümleri öndürýän we dünýä bazarlaryna eksporta çykarýan ýurda öwürmek ykdysadyýetiň düzüm özgertmeleriniň esasy wezipesi bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde hem günbatar tilsimatlarynyň we enjamlarynyň importyna goldaw berilmelidir. Soňky ýyllarda ýurda getirilýän harytlaryň 70 göterimden gowragy önümçilik häsiýetli tilsimatlaryň we enjamlaryň paýyna düşýär.

**Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň 2003 – 2007-nji ýyllar aralygyndaky esasy gorkezijiler.**

( mlrd.$)

| Görkezijiler | 2003 | 2004 | 2005 | 2006 | 2007 |
|---|---|---|---|---|---|
| Daşary söwda dolanşygy | 6.14 | 7.19 | 8.57 | 10.01 | 12.7 |
| Export | 3.63 | 3.87 | 4.93 | 6.72 | 8.5 |
| Import | 2.51 | 3.32 | 3.63 | 3.29 | 4.02 |
| Söwda balansynyň saldosy | 1.12 | 0.55 | 1.30 | 3.43 | 4.0 |

( Maglumatlar Internet habar beriş ulgamyndan alyndy.)

**Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniň halkara gatnaşyklaryndaky işleri**

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň üstünlikli alyp barýan öňdengörüjilikli daşary syýasatynyň esasy ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem halkara derejesinde köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy barha giňeltmek bilen bagly bolup durýar. Munuň aýdyň mysaly hökmünde Hormata mynasyp ýurt Baştutanymyzyň bütindünýä we sebit howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen syýasy-diplomatik çäreleri we özara hyzmatdaşlygyň netijeli ugurlaryny durmuşa geçirmek baradaky örän wajyp halkara başlangyçlaryny we ýadawsyz tagallalaryny görkezmek bolar.

Hormatly Prezidentimiziň bu babatdaky daşary syýasat strategiýasynyň möhüm ugry hökmünde şu günki adamzat ýaşaýşynyň aýrylmaz bölegine we halklaryň, ýurtlaryň hem-de sebitleriň abadan ösüşiniň kepilnamasyna öwrülen energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek bolup durýar. Ýeri gelende aýtsak, energetika diplomatiýasy Täze Galkynyş eýýamynyň gazananlary hökmünde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Munuň hut şeýledigini berkarar Türkmenistan döwletimiziň soňky iki ýylyň dowamynda iki gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň wise-başlyklygyna saýlanmagam güwä geçýändirDünýäniň ösen ykdysadyýetlerinde senagatlaşma derejesiniň ýokarlanmagy, ýangyç - energetika, has takygy energiýa serişdelerine bolan islegi-de ýokarlandyrdy. Häzirki wagtda hem ykdysady läheňleriň energiýa serişdelerine bolan isleglериniň ýylsaýyn artýandygyna şaýat bolýarys. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan “Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we üstaşyr geçirilmegi hemde durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty” atly Rezolýusiýanyň 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda biragyzdan kabul edilmegi, 2009-njy ýylyň aprel aýynda Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda ýokary derejeli halkara maslahatyň geçirilmegi halkara energiýa syýasatyny häzirki zaman şertlerinde ynamly alyp barmakda uly goşant bolup durýar. Geçirilen ýokary derejedäki halkara maslahatyň gün tertibinde garalan meseleler halkara guramalarynda we dünýä döwletlerinde uly gyzyklanma döretdi. Günorta Ýolöten - Osman ýataklary Türkmenistana iri energetiki ýurt hökmündäki derejäni berdi. Bu ýataklar türkmen geologlarynyň iň iri açyşlarynyň biridir. Ol özüniň 4 trilliondan 14 trillion kub metre çenli bolan tebigy gaz gorlary bilen dünýäde bäşinji ýa-da dördünji orny eýeleýär.

“Gaffney Cline & Associates” (Beýik Britaniýa) kompaniýasynyň geçiren halkara auditi netijesinde alnan türkmen ýataklarynyň gorlary hakyndaky maglumat hakykatdan hem haýran galdyran täzelik boldy.

Konstruktiw halkara syýasy gatnaşyklary ösdürmäge we özara bähbitli ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmäge gönükdirilen bu ugur dünýä bileleşiginiň goldawyna mynasyp bolýar diýipMilletiň Lideriniň belleýşi ýaly, biz ajaýyp döwürde - Täze galkynyş eýýamynda, eziz Watanymyzda beýik özgertmeleriň batly gadamlar bilen amala aşyrylýan döwründe ýaşaýarys. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde döredijilikli zähmet gaýnap joşýar, durmuş-medeni, saglygy goraýyş, önümçilik we beýleki maksatly iri desgalaryň gurluşygy güýçli depginler bilen alnyp barylýar. Şäherleriň we obalaryň durky täzelenýär, olarda gurulýan täze desgalar asyrlaryň dowamynda halkymyza hyzmat eder.. Örän gysga wagtyň - bary-ýogy üç ýylyň içinde ýurdumyzda umumy bahasy 6 milliard 500 million amerikan dollaryna golaý bolan iri desgalaryň 677-si gurlup, ulanmaga berildi

## 3.Türkmenistany daşary ykdysady işleriniň netijeliliginiň mukdar görkezijileri.

Türkmenistanyň daşary ykdysady işleriniň netijeliligi mukdar görkeziji bolup, alnan netijäniň kesgitli pul gürnüşindäki möçberiniň şu netijäni gazanmak üçin edilen çykdajylaryň umumy möçbere bolan gatnaşygy hökmünde kesgitlenilýär.

Daşary ýurtlara haryt çykarmak işleriniň ykdysady netijeliligi şu aşakdaky formula boýunça hasaplanýar:

Y.n=(G.p.g x Mp.h)/ H,

G.p.g - daşary ýurtlara haryt çykarmak işlerinden alnan arassa gyzyl pul girdejisi;

Mp.h – milli puluň resmi hümmeti;

H– daşary ýurtlara çykarylan harytlary öndürmek üçin we harytlary daşary ýurtlara çykarmak işleri bilen bagly bolan harajatlar (daşary ýurtlara çykarylan mukdar möçberiniň şol harydyň öndüriliş nyrhlaryna köpeldilen)

Eger-de daşary ýurtlara haryt çykarmak işleri hakyky ykdysady bähbit gazanmak üçin amala aşyrylýan bolsa, onda Y.n > 1, ýagny arassa gyzyl pul girdejisi daşary ýurtlara haryt çykarmak işleri bilen bagly bolan doly harajatlardan ýokary bolmalydyr. Şu halatda döwlet şu daşary ýurtlara haryt çykarmak işinden oňyn ykdysady netije gazanýar.

Daşary ýurtlardan haryt getirmek işleriniň ykdysady netijeliligi şu aşakdaky formula boýunça hasaplanýar:

H.g=Mh / (Gp.hx Mp),

Mh– daşary ýurtlardan getirilen harytlary öndürmek ýa-da şoňa meňzeş harydyň öndürilişi üçin garaşylýan milli harajatlar (lomaý öndüriliş nyrhlarynda daşary ýurtlardan getirilen harytlaryň gymmaty);

Gp.hx Mp – daşary ýurtlaryň harytlaryny satyn almak üçin gyzyl puluň doly harajatlary, resmi hümmeti boýunça milli pula geçirilen.

Daşary ýurtlara haryt çykarmak işleri H.g > 1 oňyn ykdysady netijäni berer. Daşary söwda işleriniň netijeliligine manadyň gyzyl pula degişli hakykylygy möhüm täsir edýär, ýagny, milli puluň satyn alyjylyk ukybynyň we gyzyl pul töleginiň hakyky gatnaşygyny näderejede takyk suratlandyryp bilýändigidir.

Eksportyň ykdysady netijeliligine baha bermek üçin eksport önümlerine çykdajylaryň görkezijileri hökmünde eksport harytlaryny öndürmäge lomaý bahalar boýunça maglumatlar peýdalanyldy.

## 4.Harytlaryň nyrhyny kesgitlemek strategiýasy

Önüm öndürmek bilen meşgullanýan islendik kompaniýanyň işiniň üstünlikli bolmagynyň esasynda nyrhlar syýasaty ýatyr. Nyrhlar syýasaty nyrhlary we nyrhlaryň emele gelmegini dolandyrmak sungatydyr, ýagny harytlara we hyzmatlara nyrh kesmek, olary bazara ornaşdyrmak sungatydyr we kompaniýanyň öz öňünde goýan maksatlaryny amala aşyrmak üçin harytlaryň bazardaky ýagdaýyna baglylykda, nyrhlary üýtgedip dur-

mak sungatydyr. Nyrhlar strategiýasy birwagtlaýyn hereket däldir, şonuň üçin onuň netijeliligini hemişe barlap durmaly we gerek bolsa, oňa täzeden seretmeli. Nyrhlar strategiýasy harydy işläp düzmek strategiýasynyň, harydyň hiliniň, bu harydyň ýaýradylyşynyň we haryda islegiň artmagynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Bu bolsa marketing toplumynyň ähli elementleriniň özara aragatnaşyklaryndan gelip çykýar Ýokary nyrhlaryň strategiýasy. Ýokary nyrhlaryň strategiýasy, adatça, täze, bazarda ilkinji gezek peýda bolan ýa-da patent bilen goralan harytlar üçin ulanylýar. Bu strategiýa, şeýle-de “abraýly” baha bilen satmaga niýetlenilen harytlar üçin ulanylýar, bu harytlar bolsa, ilkinji nobatda, harydyň hiline, özboluşlylygyna, derejesine aýratyn üns berýän alyjylara gönükdirilendir.

Orta nyrhlaryň strategiýasy. Orta nyrhlaryň strategiýasyny ulanmak firmalaryň aglaba köplügine mahsusdyr. Düzgün bolşy ýaly, bazarda özleriniň işleri üçin birsyhlylygyň we amatly ýagdaýlaryň saklanmagyna gyzyklanýan hem-de girdeji almaklyga uzak möhletleýin syýasat hökmünde garaýan firmalar bu strategiýany ulanýarlar.

Pes nyrhlaryň strategiýasy. Pes nyrhlaryň strategiýasyny gözden geçirip, bu ýerde “ýaramaz” nyrhlar barada gürrüň gitmän, diňe bu harytlara şuňa meňzeş bäsdeş harytlaryň bahasyndan göz-görtele pes bahalaryň goýulýandygy barada gürrüň gidýändigini belläp geçmelidiris. Bu strategiýa giňden ýaýrandyr we ol firmalar üçin has howpsuzdyr, sebäbi bu strategiýa mümkin bolan bäsdeşler üçin özüne çekiji däldir we alyjylaryň täze haryda bolan gatnaşyklarynyň näbelliligi sebäpli emele gelýän töwekgelçilikleri azaldýar. Pes nyrhlaryň strategiýasy täze bazara aralaşmak ýa-da bar bolan bazarda öz harytlarynyň paýyny giňeltmek, ýagny önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmak, kesgitli bir tapgyrda firmanyň tozmagyna, batmagyna ýol bermezlik maksady bilen, firmalaryň aglaba köplügi tarapyndan ulanylýar.

Ýeňillikli nyrhlaryň strategiýasy. Has geçginli harytlara ýeňillikli nyrhlaryň strategiýasy ulanylanda, dükan bu harytlara ola-

ryň özüne düşýän gymmatyndan hem pes nyrhlary ýa-da adaty bazar nyrhyndan has pes bolan nyrhlary goýýar. Alyjylar ýeňillikli nyrhlardan satylýan bu harytlary satyn almak bilen, dükanda bar bolan we elýeterli, adaty nyrhlardan satylýan beýleki harytlary-da satyn alarlar diýen umyt bilen, alyjylary özlerine çekmek üçin bölek satuw kärhanalary bu strategiýany ulanýarlar, şeýle-de bu strategiýa önümleri öndürijiler tarapyndan toparyň tutuş assortimentine alyjylaryň gyzyklanmalaryny ýokarlandyrmak üçin ulanylýar.

Harydyň hilini hasaba almak bilen nyrhlary bellemegiň strategiýasy. Harydyň nyrhyny kesgitlände firma hemişe onuň hiline baha berýär. Harydyň hiliniň ýokary bolmagy köplenç ýagdaýlarda bu harydyň bahasynyň ýokary bolmagyny aňladýar. Nyrh derejesi hödürlenýän harydyň hilini kesgitlemegiň bazasy, binýady bolup hyzmat edip biler. Köplenç ýagdaýlarda harytlaryň adaty görnüşleriniň arasyndan bu harydyň "lýuks" modelini tapawutlandyrmagyň serişdesi hökmünde, bu usul firma tarapyndan ulanylýar. Bu harytlaryň bahalarynyň arasyndaky tapawut olara edilen çykdajylaryň tapawutlaryndan has ýokary bolmalydyr. Ýokary nyrh harytlaryň giň assortimentini, ýagny köp görnüşlerini öndürýän firmalaryň aglabasy üçin harydyň at-abraýyny döretmegiň, emele getirmegiň guraly hökmünde hyzmat edip biler, şeýle-de, goşmaça girdejileri almagyň çeşmeleriniň biri bolup biler.

## 5.Daşary ykdysadyýetiň ösmeginde telekeçiligiň ähmiýeti we döredilýän şertler.

Ykdysadyýeti ösdürmekdäki ösen ýurtlaryň tejribesinden mälim bolşy ýaly, kiçi we orta telekeçilik bilen meşgullanýan kärhanalaryň ähmiýeti örän uludyr. Bu kärhanalarda jemi içerki önümiň uly bölegi öndürilýär.

Bu kärhanalar bazar ykdysadyýetine we bäsdeşlik şertlerine tiz uýgunlaşagan bolýarlar. Çökgünlik döwründe bular az zyýan çekýärler, olaryň esasy maýasyny dikeltmek üçin uly serişdeler talap edilmeýär. Mysal üçin, "Jeneral elektrik" ýaly

iri kompaniýalaryň çökgünlikler döwründe ýitgileri milliardlarça dollarlardan ybarat bolup, olary dikeltmek üçin wagt we ummasyz serişdeler gerek bolardy. Kiçi kärhanalar bazar isleglerinden ugur alyp, önümçiligi täzeden guramaklygy ullakan serişdesiz, örän çalt amala aşyryp bilýärler. Häzirki zaman ösen tehnologiýa, az sanly adamlar bilen uly ýer tutman, önüm öndürmäge mümkinçilik berip bilýär. Şeýle bolansoň, kiçi we orta telekeçilige-de amatly şertler döreýär. Kiçi telekeçilik dürli eýeçilik görnüşlerinde hereket edip bilýärler, emma döwlet tarapyndan kiçi we orta telekeçiligi goldamak baradaky kanunda goldaw edilmäge degişli däl kärhanalaryň sanawy-da bardyr. Mysal üçin, döwlet kärhanalary, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalar, bank, ätiýaçlandyryş işleri bilen baglanşykly işleri amala aşyrýan kärhanalar oňa degişli däldir. Beýleki pudaklarda, ýagny, senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän, kiçi we orta telekeçilik bilen meşgullanýan kärhanalara döwlet tarapyndan goldaw berilýär.Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda hususy eýeçiligi ösdürmeklige aýratyn üns berilýär. “Salgytlar hakynda” Türkmenistanyň bitewi kanunynda “Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin” (öz işini Türkmenistanyň “Uglewodorod serişdeleri hakyndaky” Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) girdeji salgydynyň derejesi 2 göterim möçberinde kesgitlenilýär (172-nji madda). Bu kärhanalar goşulan baha üçin salgytdan, emläk salgydyndan, peýda salynýan salgytdan boşadylandyr. Aslyýetinde, hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň aglabasy kiçi kärhanalar uly orun tutýarlar. Bu ýeňillikler şu sektoryň uly depginler bilen ösmegine getirdi. Şonuň ýaly-da şahsy telekeçilik bilen meşgullanýan taraplara-da salgytlardan ýeňillikler berildi. Mysal üçin, salgyt salmaklygyň ýönekeýleşdirilen ulgamy bellenen telekeçilik işinden alnan girdeji salgydynyň möçberi umumy girdejiniň 2 göterimi möçberinde bellenildi (199-njy madda). Bu bolsa hususy telekeçiligiň mundan beýläk-de ösmegine uly şertleri döretdi.

Täze Galkynyşlar döwründe biziň ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamaklyga üns güýçlendi. Bu barada 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda ýörite Kanun kabul edilip, bu Kanun kiçi we orta telekeçiligiň mundan beýläk-de ýokary depginler bilen ösmegine şert döreder. Kanun esasynda kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri şulardyr:
a) Senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriň sanawy boýunça ortaça sany 15 adama çenli, beýleki pudaklarda 10 adamdan köp bolmadyk mikrokärhanalar;
b) Senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany 50 adama çenli, beýleki pudaklarda 25 adama çenli bolan kiçi kärhanalar;
ç) Senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriň sanaw boýunça ortaça sany 200 adama çenli, beýleki pudaklarda 100 adama çenli bolan orta kärhanalar;
d) Işleýän işgärleriniň sanaw boýunça ortaça sany 5 adamdan geçmeýän, ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslara - hususy telekeçiler.
Kiçi we orta telekeçilere döwlet tarapyndan goldamagyň esasy ýörelgeleri we görnüşleri şulardyr:
1) Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmegiň ileri tutulmagy;
2) Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamagyň toplumlaýynlygy, aýanlygy, açyklygy;
3) Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri üçin döwlet goldawynyň elýeterliligi;
4) Telekeçilik işiniň erkinligine, şeýle hem kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň eýeçilik hukugynyň goralmagyna kepillikleriň berilmegi.
Hökümet tarapyndan kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek üçin ýörite döwlet maksatnamasy işlenilip düzülýär. Şu maksatnamalary ýerine ýetirmek üçin büjetden serişdeler göz öňünde tu-

tulýar, bu kärhanalary bellige alyş ýygymynyň (döwlet pajynyň) ýeňillikli möçberi bellenilýär.

. Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamagyň esasy ugurlary şulardyr:

1) Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek üçin amatly şertleriň döredilmegi, şol sanda olara maliýe we maddy-tehniki serişdeleriň berilmegi;

2) Olara hukuk, ykdysady we gaýry maglumatlaryň, ylmy-tehniki işläp taýýarlamalaryň we tehnologiýalaryň elýeterliligini üpjün etmek;

3) Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri tarapyndan durmuş-ykdysady ösüşiň döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilýän maýa goýumlaryň höweslendirilmegini, täze iş orunlarynyň döredilmegi we ilatyň girdejileriniň ýokarlandyrylmagy we beýleki bir topar guramalar göz öňünde tutulandyr.

Kanunda kiçi we orta kärhanalara maliýe goldawyny bermeklige niýetlenen bir topar çäreler göz öňünde tutulypdyr. Kiçi we orta kärhanalary maliýeleşdirmek öz hususy we karz serişdelerinden ybarat bolsa, häzir Türkmenistanyň Döwlet büjetiniň serişdeleriniň, täjirçilik banklarynyň, özara karzlaşdyryş jemgyýetleriniň, karzlaşdyryş birleşmeleriniň, mikro maliýe guramalarynyň karzlarynyň, zaýom serişdeleriniň we beýleki çeşmeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.Kanunda ýerlerde kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge aýratyn üns berilýär, ylaýta-da bu işe ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary, welaýat toparlarynyň giňden çekilmegi göz öňünde tutulýar. Gümrük ýeňillikleri giňden ulanylýar. Döwlet şu görnüşdäki kärhanalaryň öndüren önümlerini satyn almagada gatnaşar.Döwlet tarapyndan bu kärhanalaryň hukuklaryny goramaga aýratyn üns berilýär. Mysal üçin, olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini çäklendirýän namalary kabul etmek we (ýa-da) hereketleri amala aşyrmak gadagandyr.Bahalaryň (tarifleriň) ynsapsyz bäsdeşlige getirýän ýokarlanmagyna ýa-da öňki derejesinde saklanyp galmagyna niýetlenen namalary kabul etmek-de gadagandyr.Kiçi we orta telekeçileriniň harytla-

rynyň (işleriniň, hyzmatlarynyň) bazara çykarylmagynyň çäklendirilmegine ýa-da olaryň bazara goýberilmezligine kanun boýunça ýol berilmeli däldir.Bu kanunda göz öňünde tutulan çäreleriň amala aşyrylmagy kiçi we orta kärhanalaryň mundan beýläk-de ösmegine itergi bolar.

## 6.Türkmenisatanyň daşary ykdysady işlerinde salgyt ulgamynyň işi.

Şu günki gün Türkmenistanyň çäklerinde salgytlaryň alty sany esasy görnüşi hereket edýär,.

Salgytlar Türkmenistanyň milli walýutasynda bellenilýär we tölenilýär. Daşary ýurt walýutasynda geçirilýän ähli amallar salgyt salmak üçin Türkmenistanyň milli walýutasyna Türkmenistanyň Merkezi bankynyň amalyň geçirilen günündäki hümmetine laýyklykda geçirilip, gaýtadan hasaplanylýar, eger-de walýutanyň hümmeti belli bolmasa, onda ABŞ-nyň dollaryna bolan gatnaşygyna görä kesgitlenilýär. Eger-de Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalary esasynda başga düzgünler kesgitlenen bolsa, onda halkara şertnamalaryň düzgünleri ulanylýar.

Salgyt salmak üçin Türkmenistanda ýerleşýän edara görnüşli tarap ykrar edilýär, eger:

- ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen bolsa;
- onuň baş dolandyryş edarasy Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän bolsa.

**Salgytlaryň görnüşleri we möçberi**

- goşulan baha üçin salgyt – 15% we 0%;
- emläkden alynýan salgyt – 1%;
- peýdadan alynýan salgyt:
- 8% girdejiden – Türkmenistanyň rezidenti bolan edara görnüşli tarap üçin (Edara görnüşli tarapyň ustaw gaznasy

tutuşlygyna döwlete we Türkmenistanyň „Uglewodorod serişdeleri hakynda“ kanuna laýyklykda iş alyp barýan şahsyýyte degişli bolanlaryndan başgasyna);

- 20% girdejiden – beýleki edara görnüşli taraplar üçin;

- 2% - Edara görnüşli taraplaryň hususy eýeçilik görnüşi üçin (Türkmenistanyň „Uglewodorod serişdeleri hakynda“ kanuna laýyklykda iş alyp barýan tarapdan başgalary);

- 15% diwident görnüşli alynýan girdejilere we beýleki edara görnüşli tarap bilen paý gatnaşygynda bolmak bilen alynýan serişdelere degişli;

- 10 % - şahsyýetiň girdejileriniň salgydy.

**Beýleki salgytlar**

**Aksizler – Goşmaça tölegler**

Aksizleriň möçberi aşakdaky esasy aksiz goýulan harytlar üçin:
Piwo – bahasyndan 10%
üzüm çakyry we beýleki spirtli içgiler - bahasyndan 15%-40%
Benzin we dizel ýangyjy – bahasyndan 40% alynýar.

**Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilen harytlar boýunça**:

Piwo- 50% gümrük bahasyndan, ýöne her 1 litri üçin 20 manatdan az bolmaly däl;
Üzüm çakyry we beýleki alkogolly içgiler alkogol düzümi:
20% çenli – 100% gümrük bahasyndan, ýöne her 1 litri üçin 20 manatdan az bolmaly däl;
20% ýokary – 100% gümrük bahasyndan, ýöne her 1 litri üçin 30 manatdan az bolmaly däl;
spirtli içgileri ýasamakda ulanylýan Spirt – ABŞ- nyň 4 dollary her 1 litri üçin;
Temmäki önümleri – 30% gümrük bahasyndan, ýöne her 1 gaby üçin ABŞ-nyň 0,5 dollaryndan az bolmaly däl;

Beýleki senagat taýdan öndürilen temmäki we temmäkiniň senagat taýdan çalyşylýan görnüşi – ABŞ-nyň 10 dollary her 1 kg üçin;
Gazylyp alynýan baýlyklardan peýdalanmagyň salgydy, salgyt amallary boýunça uglewodorod serişdeleri:

- tebigy gaz – 22%;
- nebit çig maly – 10%;
- salgyt amallary boýunça beýleki gazylyp alynýan baýlyklaryň girdejililik derejesine laýyklykda:

15-e çenli 0%
15-den 17-ä çenli 30%
17-den 19-a çenli 32%
19-dan 21-e çenli 35%
21-den 23-e çenli 40%
23-den 25-e çenli 45%
25-den ýokarysy 50**%** alynýar.

Türkmenistanyň Salgytlar Kodeksinde başgada ýygymlar we tölegler göz öňünde tutulan: reklama üçin ýygym; şäherleri, obalary we ilatly ýaşaýyş ýerleri abadanlaşdyrmaklyga gönükdirilýän ýygym; awtoulag meýdançalarynyň eýeleriniň ýygymy; awtoulag ýerlemekden ýygym; it eýelerinden ýygym.

## Goşa salgyt salmagy aradan aýyrmak

Goşa salgyt salynmagyna ýol bermezlik maksady bilen Türkmenistan birnäçe döwletler bilen halkara ylalaşyklaryny baglaşdy: Ermenistan, Belarus, Gruziýa, Hindistan, Eýran, Gazagystan, Päkistan, Russiýa, Slowakiýa, Türkiýe, Özbegistan, Ukraina we Täjigistan.

Seýle-de Türkmenistan öňki SSSR-nyň daşary ýurt döwletleri bilen goşa salgyt salmagy aradan aýyrmak hakynda baglaşan ylalaşyklaryny hem ykrar edýär – ABŞ, Awstriýa,

GFR, Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň birleşen Patyşalygy, Ýaponiýa, Belgiýa, Fransiýa.

Türkmenistan halkara ylalaşyklaryň kadalaryny içerki kanunçylykdan ýokary hasaplaýar.

Gerek bolan halatynda salgyt gullugy Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşmeýän edara görnüşli tarapyň talapnamasy esasynda Türkmenistanda girdejilerine salgyt töländigini tassyklaýan resminama berýär.

Girdejisini salgyt töleginden boşatmak ýa-da beýleki salgyt ýeňillikleriniň berilmegi üçin salgyt töleýji Türkmenistanyň salgyt gullugyna arza bermeli, şeýle-de özüniň Türkmenistanyň goşa salgyt salynmagy aradan aýyrmak boýunça ylalaşyk baglaşan döwletiniň rezidentidigini resmi taýdan tassyklamaly.

Tassyknama we arza salgyt töleginiň ýa-da salgyt boýunça hakujy töleginiň öňünden hem, salgyt möhleti gutaranyndan soň üç ýylyň dowamynda hem berilip bilner we onuň netijesi boýunça salgyt töleýji salgyt töleginden boşap ýa-da beýleki salgyt ýeňilliklerinden peýdalanyp biler.

Türkmenistanyň Salgyt Kodeksinde goşulan baha salgydy, girdeji salgydy we emläk salgydy boýunça ýeňillikler şular üçin göz öňünde tutulandyr:

- milli syýahatçylyk zolaga degişli gurluşyk we gurluşyk-gurnama işleri, syýahatçylary kabul etmek, ýerleşdirmek we iýmit bilen üpjün etmek hyzmatlary („Awaza“ Milli syýahatçylyk zolagy);

- bilim ulgamyndaky işler;
- oba hojalyk kärhanalary;
- oba hojalyk önümlerini öndürmek we ýerlemek;
- medisina edaralarynyň we kärhanalarynyň işleri;
- we beýlekiler.

# VII BAP
# Daşary ýurt inwestisiýalary-maýa goýumlary.

**1. Inwestisiýalar- maýa goýumlar we taslamalar barada düşünje.**
**2. Inwestisiýalaryň-maýa goýumlaryň tekliploriniň alternatiw görkezijileri.**
**3. Inwestisiýalarynyň – maýa goýumlaryň tygşytlyglylygyny, netijeliligini hasaplamak we çözgütlerini kabul etmek.**
**4, Türkmenistanyň maýa goýumlary barada.**

## 1.Inwestisiýalar- maýa goýumlar we taslamalar barada düşünje.

Inwestisiýa sözi giňden ýaýrap şaý – sepler alynanda el işleri, çekilen ýa – da ýazylan suratlar, maşynlar, gozgalmaýan emläkler, aksiýalar, hümmetli kagyzlar satyn alnanda Inwestisiýalar hakda gürrüň edilýär

**Maýa goýum taslamasy.** Belli bir hojalyk işini ýa-da kärhanany döretmekligiň öň ýanynda onuň maýa goýum taslamasy düzülýär onuň kömegi bilen dörediljek kärhananyň tehniki mümkinçiligi we ykdysady esaslandyrmasy kesgitlenýär. **Taslama** - täze gurluşygy başlamak ýa-da öňden hereket edýän kärhanany giňeltmek,tehniki-ykdysady taýdan enjamlaşdyrmak maksadyna gönükdirilen tehniki-ykdysady taýdan esaslandyrylan marketing, tehniki-tenologiki, guramaçylyk, dolandyryş, maliýe we başga çözgütleriň toplumy.**Maýa goýum taslamasy**-belli bir telekeçilik işine maýa goýumlary we çig mal serişdeleri goýmaklygy we ondan girdeji almaklygy syn edýän çäreler hem-de onuň bilen baglanşykly hereketler.

Öz wagty boýunça maýa goýum taslamasynyň durmuş döwri indiki tapgyrlara bölünýär:

1) maýa goýumlary goýmakdan öňki tapgyr (taýýarlaýyş tapgyry);

2) maýa goýumlary goýmak tapgyry;

3) ulanmaklyk döwri.

**Kärhananyň tehniki-ykdysady esaslandyrmasy-** döredilјek obýektiň tehniki taýdan mümkinçiliklerin we ykdysady taýdan netijeliligini kesgitlemek.

Kärhananyň tehniki-ykdysady esaslandyrylmasynyň esasy ugurlary:

1) Kärhananyň döreýişiniň taryhy we esaslary (kärhananyň taslamasynyň maksatlary, ugurlary, kärhananyň geljekki ösüşine laýyk gelmek, salgytlaryň tölenşinde ýeňňilikleriň gözöňünde tutulmagy, geçirilen ylmy-barlaglaryň bahasy, ykdysady gurşaw).
2) Bazary seljermek, marketinge garaýyşy (ýerlemeklik mümkinçilikleri, satylyşyň geljekki maksatnamasy, önümleriň sanowy, nyrh syýasaty).
3) Ýerleşýän ýeri (ýerleşdirme). Tehnologiki, howa şertleri, durmuş, ekologiki we başga şertleri gorönünde tutmak bilen kärhanaň ýerleşdirilişi (önümi ýerlemekligiň meýdançasy, çig mal getirijileriň ýerleşmegi, infrastrukturanyň ösüşi bilen baglylykda maýa goýujylar üçin sebitiň özüne çekijiligi, zähmet güýçleriň bolmagy we ş.m.).
4) Taslama – düzüji bölümi (önümçilik kuwwatlylygyň kesgitlenmegi, enjamlaryň, tehnologiýalaryň saýlanmagy, enjamlaryň özboluşlylygy, gurluşyk işleriň göwrümi, çig mallaryň, materiallaryň, energiýa serişdeleriň, zähmetsygymlylygyň we hyzmatyň çäkleri (normalary), hasaplaşyk usulynyň saýlanylyşyna baglylykda enjamyň täzelinişiniň çyzdydy we ş.m.).
5) Maddy çig mallar (isleg, çig mallar, goşmaça kömekçi materiallar we energiýa serişdeler bilen islegleri kanagatlyndyrmak boýunça häzirki we geljekki ýagdaý).
6) Guramaklyk we goşmaça çykdaýjylar (dolandyryşyň guramaçylyk çyzgydy, göz öňünde tutulan goşmaça çykdaýjylar).

7) Zähmet güýçleri (isleg, zähmet töleginiň şertleri, işgärleri okatmaklyk zerurlygy).

8) Taslamaň ýerine ýetirilişiniň çyzgydy (gurluşygyň möhleti,enjamlary düzmek we işe girizmek).

9) Taslamaň ykdysady we maliýe bahasy (doly anyklanan maýa goýum çykdaýjylary, maliýeleşdirmekligiň çeşmeleri, ykdysady netijeliligiň görkezijileri, taslamaň maliýe durnuklylygy).

**Maýa goýum taslamasynyň durmuş döwri.** Öz wagty boýunça maýa goýum taslamasynyň durmuş döwri indiki tapgyrlara bölünýär:

1) maýa goýumlary goýmakdan öňki tapgyr (taýýarlaýyş tapgyry);

2) maýa goýumlary goýmak tapgyry;

3) ulanmaklyk döwri.

**Maýa goýumlary goýmakdan öňkdäki tapgyry**,ýagny taýýarlaýyş tapgyry indiki bölümlerden ybaratdyr:

1)Maýa serişdelerini talap edýän maksadyň döreýşi;

2)Deslapky tehniki-ykdysady esaslandyrma;

3)Gutarnykly tehniki-ykdysady esaslandyrma;

4)Ylmy barlaglar.

Olaryň esasy bölümleri taslamaň deslapky tehniki-ykdysady esaslandyrmasy we tamamlaýjy tehniki-ykdysady esaslandyrmasy bolup çykyş edýär. Käbir ýagdaýlarda aralykda,başynda ýa-da soňunda duran bölümler hem bolup biler, ýagny taslamany işläp taýýarlamakda we durmuşa geçirmekde zerur bolan ylmy barlaglary geçirmek bilen baglanşykly öndürmeklige niýetlenen önümiň nusgasyny düzmek, öndürmekligiň tehnologiýasy bilen, bazary öwreniş bilen baglanşykly we ş.m. bölümler.

Öz niýetlenişi boýunça TYE-nyň iki esasy bölümleri meňzeş, emma tehniki-ykdysady maglumatlary takyklamakda, ýagny ýerlenjek önümiň göwrümini anyklamak karz pul serişdeleri bahalandyrmak ýaly görkezijileri kesgitlemekde bu bölümler tapawutlanýarlar. Bu görkezijiler jikme-jik, tapgyrma-tapgyr

kesgitlenýär, olaryň takyklygy bolsa taslamaň netijeliligine öz örän oňaýly täsirini ýetirýär.

**Hususy işiň guraylyşy we ösüşi.** Kärhanany döretmekde onuň ustawy we tassyklanan şertnamasy düzülýär. Ustaw – belli bir hojalyk gurşowunda kärhananyň hereketini hem-de dürli guramalar we raýatlar bilen aragatnaşyklaryny gözegçilik edýän düzgünleriň toplumy. Onuň düzüminde indiki bölümler peýda bolýar:

1)Kärhananyň umumy häsiýetnamasy (ady,ýuridiki belgisi,kärhanany döretmekde gatnaşyjylaryň düzümi);

2)Ustaw gaznasy (kärhananyň maýa serişdeleriniň jemi);

3)Kärhananyň ýerine ýetirjek işleriniň,öndürjek hyzmatlarynyň we önümleriniň görnüşleri;

4)Döwlet guramalarynyň öňünde ýörediljek hasabatlaryň görnüşleri;

5)Dolandyryş düzümi;

6)Ustaw gaznasyny üýtgetmekligiň düzgünleri;

7)Kärhanany döretmekde gatnaşnaşyjylaryň düzümini üýtgetmekligiň düzgünleri;

8)Kärhanany satmaklygyň düzgünleri.

Tassyklanan şertnama -kärhanany döretmekde gatnaşnaşyjylaryň aragatnaşyklaryny, hukuklaryny we borçlaryny,käbir ýagdaýlarda hereketlerini gözegçilik edýän düzgünleriň toplumy.

Häzirki döwürde kärhanalaryň döremegi dünýä ýüzünde bolup geçýän alamatlaryň içinde, ýagny Ýewropanyň içki bazarynyň erkinleşen şertlerinde, bäsdeşligiň ösmeginde, ekologiki talaplaryň berkemegi, gymmatlyklaryň täzeden bahalandyrylyşy, täzelikleriň döremegi şertlerinde bolup geçýär. Kärhanany döretmekde indiki tapgyrlary geçmelidir:

- kärhanany döretmeklige taýarlamak
- kärhanany döretmeklik tapgyry
- ösüş tapgyry
- kämilleşmek tapgyry
- ýapylmak ýa-da kärhanaň hukuk görnüşini üýtgetmek.

Kärhanaň ösüş tapgyrlary daşky şertleriň täsirine bagly bolsada onuň döreýşine önümçiligiň içki guralyşynyň we kärhananyň dolandyrylyşynyň hem örän uly täsiri bardyr. Bu ýerde adam alamaty üstün çykýar: birinji bilen telekeçi öz dolandyryş syýasaty bilen, ikinjiden bolsa işgär – ol maýa goýumlary goýmak baradaky hem-de zähmet orunlary gurmak baradaky meseleleri çözmeklige gatnaşýar. Şeýlelikde, köplenç kärhanaň hereketiniň ähli gurşowlarynda kärhananyň syýasaty we zähmet syýasaty öz wajyplylygy maddy we pul serişdelerinden has-da üstün çykýar.

Serişdeler (pul, wagt) netijesi alynmazdan öň goýulýar. Inwestisiýanyň esasy aýratynlyklary – başda töleg geçirilýär, soňra bölekleýin pul getirilýär.

Goýumyň tölegi we puluň geliş şekili.




. **Inwestisiýalaryň-maýa goýumlaryň teklipleriniň alternatiw görkezijileri.**

Aşakdaky görnüşleriň kömegi bilen inwestisiýadan geljek girdejini hasaplap bolýar:

- inwestisiýanyň ululygy;
- kapitalyň likwidasion bahasy;
- inwestisiýanyň obýektdäki dolandyryş wagty;
- inwestisiýanyň geljek möwsümdäki expluatasion harajatlara bolan täsiri;

Inwestisiýanyň ululygy – inwestisiýa goýlan obýektden geljek tölegiň bahasyna aýdylýar.

Kapitalyň likwidasion bahasy – hereket ediş möhleti gutaran wagtyndaky esasy kapitalyň ýerleşdiriş bahasyna aýdylýar.

Inwestisiýanyň obýektdäki dolandyryş wagty – ykdysadyýetde 2 sany könelme bar: fiziki we moral. Soňky döwurlerde doly moral könelme fiziki könelmeden öň bolup geçýär. Sebäbi häzirki zamanda tennologiýa örän çalt öňe barýar, şonuň üçin köp zatlar fiziki tarapdan könelip etişmän eýýäm moral taýdan könelýär, ulanmaga oňaýsyz, netijesiz bolýar. Bu bolsa täze tehnalogiýanyň ýüze çykmagy, täze önünmiň ýüze çykmagy has tygşytly maşynlaryň, enjamlaryň, gurallaryň ýüze çykmagy bilen düşündirilýär.

**Inwestisiýalarynyň – maýa goýumlaryň tygşytlyglylygyny, netijeliligini hasaplamak we çözgütlerini kabul etmek.**

Tygşytlylygyň hasaby diýlip – öňden meýilnamalaşdyrylan goýumyň ykdysady netijesiniň garaşylýan ýazgysyna aýdylýar. Tygşytlylygy hasaplamagyň birnäçe görnüşleri bar.

Biz 2 görnüşine seredeliň:

1. arassa diskont bahasynyň hasaby;
2. Inwestisiýanyň içki möçberiniň öwezini dolmak hasaby;

Arassa diskont bahasynyň hasaby usul boýunça öňden mümkin bolan göterim berilýär we oňa hasap göterimi diýilýär. Mysal: Aksioner jemgyýeti täze önüm öndürmek üçin inwesisiýa goýmaklygy göz öňünde tutýar we ol 450 müň kron. Enjamyň hereket etjek wagty 5 ýyl, likwidasion bahasy 50 müň kron, ýyllyk hasap 14%. Goýumyň tygşytlylygyny hasaplamaly.

| Görkezijiler | 2002 ý. | 2003 ý. | 2004 ý. | 2005 ý. | 2006 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| Ýerleşdiriliş göwrümi | 10000 | 14000 | 18000 | 12000 | 8000 |
| Ýerleşdiriliş | 23 | 25 | 25 | 28 | 26 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| bahasy | | | | | |
| Orta harajatlar | 10 | 10 | 12 | 12 | 14 |

Eger – de çözgüt Kabul edilse, onda marketing işleri geçirmek üçin her ýylda 40 müň kron pul geçiriler. Inwestisiýanyň tygşytlylygyny hasaplalyň.

| Görkezijiler | 2002 ý. | 2003 ý. | 2004 ý. | 2005 ý. | 2006 ý. |
|---|---|---|---|---|---|
| Ýerleşdirmeden girdeji | 230 | 350 | 450 | 336 | 208 |
| Harajatlar | 100 | 140 | 216 | 144 | 112 |
| Çykdajylaryň üstüni ýapmak | 130 | 210 | 234 | 192 | 96 |
| Marketing çykdajylary | 40 | 40 | 40 | 40 | 40 |
| Goşmaça girdeji | 90 | 170 | 194 | 152 | 56 |

Çykdajylaryň üstüni ýapmak = Ýerleşdirmeden girdeji – Harajatlar

Goşmaça girdeji = Çykdajylaryň üstüni ýapmak – Marketing çykdajylary

Taslama boýunça arassa diskont bahasynyň hasaby.

| Ýyllar | Inwesti-siýalar b/ça tölegler | Inwesisi--ýadan geljek goşmaça girdeji | Tölegleriň we geljek pullaryň setiri | 14% | Häzirki diskont bahasy |
|---|---|---|---|---|---|
| 0 | -450 | - | -450 | - | -450 |
| 2002 | - | +90 | +90 | 0.8772 | 78.948 |
| 2003 | - | 170 | 170 | 0.7695 | 130.815 |
| 2004 | - | 194 | 194 | 0.6750 | 130.95 |
| 2005 | - | 152 | 152 | 0.5921 | 89.9992 |
| 2006 | +50 | 56 | 106 | 0.5194 | 55.0564 |
| Jemi | -40 | 662 | 262 | - | +357686 |

Arassa diskont bahasynyň hasaby boýunça eger – de taslama kabul edilse, onda goýlan inwestisiýadan + 36( +357686) müň kron girdeji alyp boljak.

Mysal:

Önümçilik kärhanasy täze önüm boýunça 6 ýyl üçin şu görnüşler bar.

| Ýyllar | Öndürlisi we ýerleşdirilisi | Yerleşdiriş bahalary | Orta aralyk harajatlar |
|---|---|---|---|
| 2001 | 40 | 80 | 40 |
| 2002 | 45 | 80 | 42 |
| 2003 | 50 | 85 | 44 |
| 2004 | 40 | 90 | 46 |
| 2005 | 30 | 90 | 48 |
| 2006 | 20 | 95 | 50 |

2006 – njy ýylda önüm bazardan kesiýär. Gelejekde önümçilik sikliniň gysgalmagynyň netijesinde orta aralyk harajatlary 10% kemeler. Gerek bolan maşyny satyn almak üçin kärhana 700 müň kron pul tölemeli, onuň kikwidasion bahasy 6 ýyl geçenden soň 60 müňkrona deň bolar. Bu taslamany kabul etmek orta aralyk harajatlary tygşytlamaga bagly bolup durýar. Orta aralyk harajatlaryň hasabyna geljek tygşytlylygyny hasaplamaly.

| Ýyllar | Öndürlisi we ýerleşdirilisi | Orta aralyk harajatlar | Bir önüme düşýän harajatlar | Hemmesi |
|---|---|---|---|---|
| 2001 | 40 | 40 | 4.0 | 189 |
| 2002 | 45 | 42 | 4.2 | 220 |
| 2003 | 50 | 44 | 4.4 | 184 |
| 2004 | 40 | 46 | 4.6 | 144 |
| 2005 | 30 | 48 | 4.8 | 100 |
| 2006 | 20 | 50 | 5.0 | |

Goýumyň tygşytlylygyny hasaplamak ykdysady netijeliligini bilmek üçin peýdalanylýar, ýagny goýuljak serişdeniň berjek, garaşylýan peýdasy kesgitlenilýär. Biziň seredip geçen mysallarymyzda inwestisiýanyň tygşytlylygyny hasaplamak üçin ulanylan iki usulyň hem çözgüt kabul etmek üçin ýeterlik däldir. Şonuň üçin daşary yurt firmalary goýumlar

bilen baglanşykly meselä garaňda doly öwezini dolmak (paý - off) ulanýarlar. Bu usulyň aýratynlygy her ýylyň sany, dowamlylygy we her yylda goýlan inwestisiýanyň doly öwezini dolmaklyk kesgitlenilýär we goýum çözgütlerini kabul etmeklik şeýle prinsipde garalýar: Näçe öwezini dolmaklygyň döwri gysga bolsa, şonçada inwestisiýanyň ýerleşdirlişi tiz bolup geçýär we şonuň üçin bu usul iň netijeli diýip hasaplanýar.

| ýyllar | Tölegiň we geljek pullaryň setiri | Artýan jemi boýunça |
|---|---|---|
| 0 | -700 | -700 |
| 2001 | +160 | -540 |
| 2002 | +189 | -351 |
| 2003 | +220 | -131 |
| 2004 | +184 | +53 |
| 2005 | +144 | +197 |
| 2006 | +160 | +357 |
| Jemi | 357 | |

Goýumyň çözgütleri kabul edilende esasan hem salgyt bilen baglanşykly

soraglar oňa täsir edýär

**Türkmenistanyň maýa goýumlary barada.**

## Maýa goýum syýasatynyň esasy ýörelgeleri

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň maýa goýum syýasaty ähli geçirilýän özgertmeleriň dolandyrylyşyny üpjün etmeklige, differensirlenen (tapawutlandyrylan), durnukly ösýän ykdysadyýeti döretmeklige, döwlet maksatnamalaryny we maýa goýum taslamalaryny jemgyýetiň talaby we ykdysady bähbitler bilen baglanyşdyrmaklyga gönükdirilendir.

**Türkmenistanyň Maýa goýum syýasatynyň esasy ugurlary**:

- **nebitgaz pudagynda** türkmen ýangyjyny dünýä bazaryna çykarmagyň differensirlenen ulgamyny döretmek üçin dürli ugurlar boýunça turbageçirijiler ulgamyny gurmak we öňdebaryjy halkara kompaniýalary bilen nebitiň we gazyň tebigy gorlaryny rejeli peýdalanmak, çuň gözleg işlerini amala aşyrmak we uglewodorod serişdeleriniň ýataklaryny gury ýerde, şeýle-de Hazar deňziniň ýalpaklarynda özleşdirmek boýunça uzak möhletli hyzmatdaşlygy tebigy baýlyklary gazyp almagyň, gaýtadan işlemegiň we eksport etmegiň möçberini artdyrmak maksady bilen alyp barmak;

- **dokma senagatynda** ýokary öndürijilikli täze dokma kärhanalaryny döretmegiň, täze tehnologiýalary ornaşdyrmagyň hasabyna pagta süýmüni ýurduň içinde gaýtadan işlemekligiň möçberini artdyrmak, şeýle-de içerki we daşarky bazarlar üçin bäsleşige ukyply önümleri öndürmek göz öňünde tutulýar;

- **himiýa senagatynda** mundan beýläk hem himiýa önümçiligini ösdürmeklik, şol sanda karbamid zawodlarynyň, kaliý hloridini, kaliý sulfatyny, kaustik sodany we hlory öndürmek boýunça himiýa toplumynyň gurluşygy göz öňünde tutulýar. Gelejekde Garabogazköl aýlagynyň tükeniksiz himiki çig mal gorlaryny özleşdirmeklik meýilleşdirilýär;

- **senagatyň beýleki pudaklarynda** ösüşiň differensirlenen ugry saýlanyp alyndy, ýagny esasy ugur çig mal önümçiliginden taýýar önüm öndürmeklige gönükdirildi, netijede eksporta niýetlenen önümçilik bilen bilelikde importy çalyşmaga ukyply önümçilikler hem ösdüriler. Munuň bilen baglylykda maýa goýumlarynyň görnüşleri we maksatlary kesgitlenildi we olar ýurduň ýangyç-energetika mümkinçiligini, himiýa, metallurgiýa, gurluşyk materiallary senagatlaryny ösdürmeklige gönükdirilýär;

- **agrosenagat toplumynda** maýa goýum syýasaty dänäni öndürmeklik we gaýtadan işlemeklik bilen bir hatarda

pagtaçylygy mundan beýläk hem ösdürmekligi, şeýle-de ýüňi we derini taýýarlamaklygy we gaýtadan işlemekligi göz öňünde tutýar. Bellenen esasy ugurlaryň içinde däne öndürmekligi artdyrmak we ony gaýtadan işlemekligiň ýokary tehnologiýaly ulgamyny döretmek – degirmenler, un we unaş önümlerini öndürýän toplumlaryny gurmak, ýokary hilli iýmit önümlerini öndürmek we içerki sarp edijiler bazaryny doly üpjün etmek ýaly ugurlar hem bardyr;

**- ulag we aragatnaşyk ulgamynda** esasy maýa goýum akymy awtomobil, howa, demirýol, derýa we deňiz ulaglaryny, awtomobil ýollarynyň gurluşygyny ösdürmeklige, şeýle-de telekommunikasiýa ulgamyny we poçta-elektron aragatnaşygyny kämilleşdirmeklige gönükdirilendir;

- **bilim ulgamynda** okuw edaralarynyň material-tehniki binýadyny täzelemek we giňeltmek, täze mekdepleriň we mekdebe çenli çagalar edaralarynyň gurluşygyny alyp barmak, maglumatlar we kompýuter tehnologiýasyny ornaşdyrmak, internet ulgamyndan peýdalanmagyň mümkinçiliklerini artdyrmak göz öňünde tutulýar;

- **saglygy goraýyş ulgamynda we derman senagatynda** hereket edýän edaralaryň durkuny täzelemek we täze, döwrebap ýöriteleşdirilen klinikalary, merkezleri, şypahanalary gurmak, şeýle-de ýerli derman senagatynyň çaltlaşdyrylan ösüşini gazanmak göz öňünde tutulýar;

- **şäher gurluşygynda** Türkmenistanyň Prezidentiniň maýa goýum syýasaty birnäçe maksatlary, ýagny şäherleriň we ilatly ýerleriň abadançylygyny we gök öwüsmegini berjaý etmek, şäheriň ýaşaýjylarynyň aýlanyp görýän we dynç alýan ýerlerine öwrüljek täze baglary we seýilgähleri, suw çüwdürimleri we beýleki arhitektura toplumlaryny gurmak ýaly işleri göz öňünde tutýar.

Beýleki bir maksady – raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak bilen baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň „Ýokary amatlykly we otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan belent ýaşaýyş jaýlaryny

gurmak“ baradaky maksatnamasynyň çäklerinde döwrebap, tehniki we durmuş talaplaryna gabat gelýän, ýokary amatlykly täze ýaşaýyş jaýlary gurulýar. Administratiw binalaryň, ofisleriň, söwda we biznes merkezleriniň, medeni-durmuş häsiýetli binalaryň gurluşyklary dowam etdirilýär;

**- ykdysadyýetiň döwlete degişli däl pudagynda** häzirki wagtda içerki önümiň 40% jemlenýär. Ykdysadyýetiň bu ulgamynyň uly gelejegini göz öňünde tutup, 2020-nji ýyla çenli onuň içerki önümiň düzüminde tutýan paýyny 70%-e çenli ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýar. Bu sepgide ýetmekde, serişdeleri, şol sanda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekligi göz öňünde tutýan ýurduň maýa goýum syýasaty uly ähmiýete eýedir. Maýa goýumlar kiçi we orta kärhanalary döretmeklige we ösdürmeklige, fermer hojalyklaryny guramaklyga we goldamaklyga, şeýle-de ýurdumyzda täze döreýän synpy - telekeçileri okatmaklyga we taýýarlamaklyga gönükdiriler. Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, daýhan hojalyklaryny berkitmek boýunça işler alnyp barylýar. Bu maksatlar üçin döwlet tarapyndan maýa goýum taslamalaryna ýyllyk 5% bilen 10 ýyla çenli möhlete ýeňillikli karzlar berilýär.

Türkmenistan daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegine örän ýokary derejede gyzyklanýar:

- „Awaza“ milli syýahatçylyk zonasyny özleşdirmekde;
- Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrap säherleriniň we merkezleriniň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek üçin 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny amala aşyrmakda;
- „Demirgazyk-Günorta“ Halkara transport koridoryna degişli bolan türkmen böleginde demirýol gurluşygyny alyp barmakda;
- Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň durkuny täzelemekde;
- suwuklandyrylan gazyň önümçiligini gurnamakda;
- ýod-brom zawodynyň gurluşygynda;

- Türkmenistan-Hytaý, Türkmenistan-Owganystan-Päkistan-Hindistan, Hazarýaka we Hazarüsti magistral gazgeçirijileriň gurluşygynda;
- hereket edýän gazgeçirijileriň durkuny täzelemekde;
- himiýa zawodynyň gurluşygynda;
- nebithimiýa senagatyny ösdürmekde;
- awtomobil ýollarynyň gurluşygynda;
- maşyngurluşyk senagatyny ösdürmekde;
- agrosenagat toplumyny ösdürmekde;
- deri-gön önümçiligini we gaýtadan işlenilmegini ösdürmekde;
- dokma senagatyny ösdürmekde;
- azyk önümleriniň önümçiligini gurnamakda;
- habar beriş tehnologiýalaryny ösdürmekde, tehnoparklary döretmekde;
- bilim derejesini kämilleşdirmekde;
- taryhy we medeni ýadygärlikleri öwrenmekde, dikeltmekde we goramakda.

## Daşary ýurtly maýadarlarynyň hukuklary we borçlary

Türkmenistanyň çäklerinde daşary ýurt maýadarlarynyň we daşary ýurt maýa goýumly kärhanalaryň işjeňliginiň hukuk taraplary Türkmenistanyň „Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda“, „Uglewodorod serişdeleri hakynda“, „Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakynda“, “Walýuta dolanyşygyny düzgünleşdirmek hakynda“ kanunlary we Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýän beýleki hukuk namalary we halkara ylalaşyklary arkaly kadalaşdyrylýar.

Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda daşary ýurt maýa goýumlary şu görnüşlerde amala aşyrylýar:

- Türkmenistanyň kärhanalarynyň işine gatnaşmak;

- daşary ýurt maýadarlaryna dolulygyna degişli kärhanany döretmek ýa-da hereket edýän kärhanany satyn almak;

- gozgalýan we gozgalmaýan emläkleri satyn almak, Türkmenistanyň kanunçylygy bilen raýat dolanyşygyndan çäklendirilenlerden başgalaryny;

- daşary ýurt karzlaryny bermek;

- emläk hukugyna eýe bolmak.

Türkmenistanda şular daşary ýurt maýadarlary bolup bilerler:

- daşary ýurt edara görnüşli tarap, onuň Türkmenistandaky bölümini we wekilhanasyny goşmak bilen;

- halkara guramasy;

- daşary ýurt şahsy tarapy, şeýle-de maýa goýumlary amala aşyrylýan döwürde daşary ýurt döwletiniň çäklerinde hemişelik ýaşaýan, raýatlygy bolmadyk tarap;

- Türkmenistanyň çäklerinden daşynda hemişelik ýaşamaga ýeri bolan Türkmenistanyň raýaty.

Türkmenistan daşary ýurt maýa goýum kärhanalaryny maýa goýum taslamasy hasaba alnan gününden başlap hukuk goraglylygy, kepillendiriş we ýeňillikler bilen üpjün edýär. Türkmeistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşary ýurt maýa goýum goraglylygynyň döwlet tarapyndan kepillendirlişi aşakdakylary göz öňünde tutýar:

- daşary ýurt maýadarlarynyň hukuk goraglylygynyň kepillendirilmesi;

- daşary ýurt maýadarynyň emläginiň elinden alnan halatynda öwezini ödemek kepillendirmesi;

- emlägini we maglumatlaryny resminama görnüşde ýa-da elektron enjamlary arkaly yazylan görnüşde alyp gitmek kepillendirmesi;

- daşary ýurt maýa goýumlary bilen bagly tölegleri geçirmek kepillendirmesi;

- intellektual eýeçiligine bolan hukugyň goraglylygynyň kepillendirilmesi;

- daşary ýurt maýadarynyň we daşary ýurt maýa goýumly kärhananyň hukuklarynyň we borçlarynyň beýleki bir tarapa geçirilmeginiň kepillendirilmesi;

- maýa goýum işiniň tamamlanmagy bilen baglylykda daşary ýurt maýa goýumynyň gaýtarylmagynyň kepillendirilmesi.

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň hukuk düzgüni, şeýle-de daşary ýurt maýadarynyň işiniň amala aşyrylyşy Türkmenistanyň edara görnüşli taraplarynyň we raýatlarynyň emläk, emläk hukugy we maýa goýum işi üçin göz öňünde tutulan düzgünlerden pes amatlylykda bolmaly däldir.

Daşary ýurt maýadaryna öz döredýän kärhanasynyň maýasynyň göwrümini, düzümini we gurluşyny saýlamaga erkinlik berilýär.

Eger-de, Türkmenistanyň kanunçylygyna girizilen üýtgeşmeler daşary ýurt maýadarynyň, daşary ýurt maýa goýumly kärhananyň işjeňliginiň hukuk tertibini ýaramazlaşdyran, onuň gadagan edilmegine we çäklendirilmegine getiren ýagdaýynda, Türkmenistanda bu daşary ýurt maýa goýum taslamalarynyň hasaba alnan pursadynda hereket eden kanunçylyk olar üçin ýene-de on ýylyň dowamynda ulanylýar.

Daşary ýurt maýadaryna we daşary ýurtly işgäre öz eýeçiligini daşary ýurda erkin çykarmak hukugy kepillendirilýär.

Walýutany, töleg resminamalaryny, gymmatly kagyzlary serhetden geçirmekligiň tertibi Türkmenistanyň walýutany düşgünleşdirmek hakyndaky kanuny esasynda kesgitlenilýär.

Daşary ýurt maýadaryň girdejileri salgyt töleneninden soň onuň ygtyýarlygynda galýar we ony Türkmenistanyň çäklerinde täzeden maýa goýuma ulanmaklyga rugsat edilýär.

Daşary ýurt maýadarlarynyň Türkmenistanyň banklarynda Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň pul

birliginde hasaplaşyk hasaplaryny açmaklyga hukuklary bardyr.

Daşary ýurt maýadarlarynyň Türkmenistanyň pul birligini içerki walýuta bazarynda daşary ýurt pullaryny satyn almak üçin ulanmaklyga hukuklary bardyr.

Döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň, ýerli ýerine ýetiriji we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň daşary ýurt maýadarlarynyň, daşary ýurt maýa goýum kärhanalarynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýan hojalyk işlerine gatyşmaga hukugy ýokdur.

Daşary ýurt maýa goýum kärhanalarynda, daşary ýurt edara görnüşli tarapyň bölümlerinde we wekilhanalarynda işleýän daşary ýurt raýatlarynyň we olaryň maýa goýum işlerini amala aşyrmak bilen baglanyşykly Türkmenistanda bolýan maşgala agzalarynyň şulara hukuklary bardyr:

- bir ýyldan az bolmadyk möhlete köp gezeklik wisa almaga;

- Türkmenistanyň çäklerinde erkin hereket etmäge;

Maýadaryň Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen borçlary:

- amala aşyrylýan maýa goýumyň möçberi we çeşmesi baradaky deklarasiýany maliýe edaralaryna bermäge;

- degişli edaralardan we ýörite gulluklardan düýpli gurluşyk üçin gerekli rugsady we ylalaşygy almaga;

- maýa goýum taslamalarynyň Döwlet seljermesinden seýsmiki, ýangyn-partlama howpsuzlygy, arassaçylyk, ekologiýa we şähergurluşyk talaplarynyň kadalarynyň we tertibiniň berjaý edilendigi barada netijenama almaga.

Maýa goýum işiniň subýektiniň borçlary:

- Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen kadalary, ülňüleri we tertibi berjaý etmek;

- arassa däl bäsleşige ýol bermezlik we monopollaşma garşy kadalaryň talaplaryny berjaý etmek;

- döwlet edaralarynyň we wezipeli işgärleriň talaplaryny, olaryň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ýerine ýetirmek;

- bellenen tertipde buhgalter we statistik hasabatlary bermek.

Daşary ýurt maýa goýumly kärhana bilen onuň şahamçasynyň we işgärleriniň, şol sanda Türkmenistanyň raýatlary bolmadyklaryň zähmet hukuk gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet hakynda Bitewi kanunçylygyna laýyklykda düzgünleşdirilýär.

Daşary ýurt maýa goýumly kärhananyň we onuň şahamçasynyň işgärleriniň aýlyk haky, höweslendiriji baýraklary we beýleki pul serişdeleri kanunçylykda bellenen tertipde Türkmenistanyň çäklerinden çykarylyp biliner.

Daşary ýurt maýa goýum kärhanasynyň we onuň şahamçasynyň ýa-da wekilhanasynyň Türkmenistanyň çäklerindäki buhgalter we statistiki hasaby we hasabaty Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde amala aşyrylýar.

Daşary ýurt maýa goýumly kärhananyň ustaw gaznasyna we daşary ýurt edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň esasy serişdelerine goýulýan goýumlaryň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň milli pulunda ölçenilýär.

Daşary ýurt maýadarlary arassa bäsleşik etmeklige, şeýle-de Türkmenistanyň çäklerinde ýokary islegden peýdalanýan harytlary öndürýän kärhana döredip, soň ol önümleri daşary ýurtlardan getirmek maksady bilen, olaryň önümçiligini ýatyrmak, nyrhlary peseltmek ýa-da bazarlary bölüşmek ýaly hereketleri bilen Türkmenistandaky hojalygy ýörediji beýleki subýektleriniň hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol bermezlige borçludyrlar.

## Daşary ýurt maýadarlara berilýän ýeňillikler

Türkmenistanda maýa goýum işlerini höweslendirmek maksady bilen daşary ýurt maýadarlaryna berilýän esasy ýeňillikler:

- salgytda;
- ygtyýarlylandyrmakda;
- gümrükde;
- wizada;
- şahadatnama bermekde.

Türkmenistanyň „Uglewodorod serişdeleri hakynda“ kanunyna laýyklykda işi ýerine ýetirijiniň hukuk goraglylygy halkara hukuk kadalary, Türkmenistanyň kanunçylygy, rugsatnama we şertnama esasynda üpjün edilýär. Nebit çykarmak işlerini ýerine ýetiren wagtynda ulanan ähli materiallary we enjamlary gümrük pajyndan, Türkmenistanyň haryt-çig mal biržasynda bellige alynmakdan boşadylýar.

Nebit çykarmak işlerini ýerine ýetiren wagty işi ýerine ýetiriji diňe şular üçin salgyt we ýygym töleýär:

- möçberi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýän peýdadan alynýan salgyt. Peýdanyň salgyt salynýan bölegini kesgitlemegiň tertibi şertnamada bellenilýär;
- möçberi şertnamada goýulýan, uglewodorod serişdelerini gazyp çykarmak üçin roýalti.

Bir gezekde tölenilýän Bonus töleginiň göz önünde tutulmagy mümkin, onuň möçberi şertnamada kesgitlenilýär. Bonus tölegi şertnama baglaşylanda we şertnamanyň çäklerinde uglewodorod serişdelerini gazyp çykarmakda belli bir sepgide ýetilende tölenip bilner.

Türkmenistanyň „Ýer hakynda“ Bitewi kanunyna laýyklykda gurluşyk etmek üçin ýa-da beýleki oba hojalyga degişli bolmadyk maksatlar üçin ýerler 40 ýyla çenli möhlet bilen kärendesine berilýär.

Türkmenistana getirilýän şu emläkler gümrük pajyndan boşadylýar:

- daşary ýurt maýadarynyň daşary ýurt maýa goýumly kärhananyň ustaw gaznasyna goýum görnüşinde getiren serişdesi;
- Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerine laýyklykda gol çekilen halkara ylalaşyklarynyň we şertnamalarynyň esasynda getirilen maýa goýum. Şonda emläk maýa goýum taslamasynyň özüni ödeýjilik möhletine çenli gümrük pajyny almakdan boşadylýar.

Daşary ýurtly şahsy tarap we raýatlygy bolmadyk tarap daşary ýurt maýadary bolsa we maýa goýumly kärhana doly eýeçilik edýän bolsa, onda olar hemişelik ýaşaýyş ýerine hukuklydyrlar.

Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar, daşary ýurt edara görnüşli taraplaryň şahamçalary öz öndüren önümini (işlerini, hyzmatlaryny) ygtyýarnamasyz eksport etmek we öz harajatlary üçin önümini (işleri, hyzmatlary) import etmek hukugyna eýedirler.

Daşary ýurt maýadarlar, daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar, şeýle-de erkin ykdysady zonanyň çäginde desgalary gurmak we ulanmak boýunça işi amala aşyrýan olaryň potratçylary we kömekçi potratçylary tarapyndan Türkmenistana getirilýän enjamlaryň we materiallaryň güwälendirmesi we güwänama hyzmatlary üçin töleg alynmaýar.

Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar, daşary ýurt edara görnüşli taraplaryň şahamçalary bahalary döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän önümlerden (işlerden, hyzmatlardan) başga, öz öndürýän önümlerini (işlerini, hyzmatlaryny) ýerlemegiň şertlerini özbaşdak kesgitleýärler.

Durnukly ykdysady ösüşi, ýurduň ykdysadyýetiniň progressiw gurluş üýtgetmelerini, eksport mümkinçiliginiň pugtalandyrylmagyny we artdyrylmagyny, şeýle-de ilatyň iş

bilen üpjünçiliginiň derejesiniň ýokarlandyrylmagyny üpjün edýän ileri tutulýan maýa goýum taslamalary konsessiýa şertnamalary boýunça Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň bähbitlerine Türkmenistanyň kanunçylygy bilen daşary ýurt maýadarlary we daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar üçin beýleki ýeňillikler bellenip biliner.

## Daşary ýurt maýa goýumlary gatnaşýan kärhanalary döwlet tarapyndan hasaba almagyň tertibi

Edara görnüşli taraplary döwlet tarapyndan hasaba almagyň hereket edýän tertibine laýyklykda döredijileriň çözgüdi, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi (maýalyk gora döwletiň gatnaşmagy bilen kärhana döredilen halatynda) täze döredilen daşary ýurt maýa goýumlaryna gatnaşýan kärhanalary we olaryň aýrybaşgalanan düzüm birliklerini, daşary ýurt edara görnüşli taraplaryň şahamçalaryny we wekilçiliklerini hasaba almak we olar baradaky maglumaty Sanawa girizmek üçin esas bolup durýar.

Türkmenistanyň „Kärhanalar hakynda“ kanunyna laýyklykda daşary ýurt maýa goýumlaryna gatnaşýan kärhanalar işlerini şu gurnamaçylyk-hukuk görnüşlerde amala aşyrýarlar: hususy kärhana; hojalyk jemgyýeti; paýdarlar jemgyýeti. Şeýle-de, daşary ýurt kompaniýalary Türkmenistanyň çäklerinde edara görnüşli tarapy döretmäge hukukly golçur kärhanasyny açmaga hem-de edara görnüşli tarap bolmadyk şahamçasyny we wekilçiligini açmaga hukuklydyr.

Türkmenistanyň „Kärhanalar hakynda“ kanunyna laýyklykda kärhanany döwlet tarapyndan hasaba almak ýa-da kärhanany döwlet tarapyndan hasaba almazlyk hakynda netije kärhanany döredijiler tarapyndan gerekli resminamalaryň hödürlenen pursadyndan başlap iki hepde möhlediň içinde kabul edilýär.

Döwlet tarapyndan hasaba almak üçin gerekli resminamalaryň sanawy goşmaça maglumatlar bilen berilýär.

Global maliýe çökgünligiň täsiri bilen dünýäde hereket edýän maýa goýumlaryň azalýan döwründe, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başda durmagynda Türkmenistanyň başarnykly daşary, içeri we ykdysady syýasatynyň netijesinde ýurdumyza gelýän maýa goýumlaryň möçberi artmak bilendir.

Ýurda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek barada birgiden tagallalar edilýär Halkara derejeli maýa goýum forumy, täze Galkynyş we beýik Özgertmeler eýýamynda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan bilen dünýäniň ösen ýurtlarynyň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklary has-da ösdürmek, milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna çekilýän daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberini artdyrmak, ýurdumyzda amala aşyrylýan taslamalary maliýeleşdirmek, şeýle hem özara peýdaly we netijeli hyzmatdaşlyk etmegiň ýollaryny ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen 2009-njy ýylyň 15-17-nji oktýabrynda geçirildi . Şu nukdaýnazardan ýer ýüzüne goýlan maýa goýumlaryň ýagdaýy barada durup geçmek ýerlikli bolardy. 2009-njy ýylyň sentýabr aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň UNCTAD edarasy tarapyndan çap edilen “World Investment Report 2009 Transnational Corporations, Agricultural Production and Development” - atly kitapda bellenişine görä, geçen ýyl ýer ýüzüne goýlan daşary ýurt göni maýa goýumlar geçen ýyla görä 14 % azalyp, 1 trillion 697 milliard 353 million dollara barabar bolupdyr. Global ykdysady çökgünligiň täsiri bilen bu düşüşiň şu ýyl hem dowam etmegine garaşylýar. Çaklamalara görä, şu ýyl ýer ýüzünde jemi 1 trillion 200 milliard dollar töweregi maýa goýum özleşdirilse gerek. Geljek ýyldan başlap bolsa maýa goýumlaryň artmagy mümkin. Takygy, 2010-njy ýylda ýer ýüzüne jemi 1,4 trillion, 2011-nji ýylda bolsa 1,8 trillion dollar daşary ýurt maýa goýum goýulmagyna garaşylýar. Şu ýerde, bellemeli zat, geçen ýyl ýurduň çägine gelen daşary ýurt maýa goýumlary ösen ykdysadyýetli ýurtlar-

da azalan bolsa, ösüp barýan we geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda artandyr. Takygy öňki ýyl ösen ýurtlara 1 trillion 358 milliard dollar maýa gelen bolsa, bu görkeziji geçen ýyl 962 milliard dollara çenli azalypdyr. Ösüp barýan ýurtlara, şeýle hem geçiş ykdysadyýetli ýurtlara bolsa gelen maýa goýum 619 milliard dollardan 734 milliard dollara çenli artypdyr. Şeýlelikde, ösüp barýan we geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň maýa goýum ülşündäki paýy 43 %-e çykdy. Bu görkeziji geçen ýyl bary ýogy 32 %-e barabar bolupdyr.

Daşary ýurtlaryň çägine goýulýan maýa goýumlaryň esasy bölegini 82 müňe barabar bolan transmilli şereketler goýandyr. Bu şereketler özüniň 810 müň sany bölümçeleri bilen, dünýäde 77 milliondan gowrak adamyny iş ýeri bilen üpjün edýär. Bu şereketleriň, dünýäde eksport edilen önüm we hyzmatlaryň 1/3-den birini eksport edýändigini ýeri gelende bellemek gerek. Maglumatlary seljeren wagtymyz, geçen ýyl maýa goýum ulgamyndaky halkara hukuk resminamalarynda artyşyň bardygyny görýäris. Şonda, maýa goýumlary goramak we goldamak baradaky iki taraply ylalaşyklaryň sanawyna 59 sany täzesi goşulyp jemi 2676 sany, iki gezek salgydy aradan aýyrmak baradaky ylalaşyklara bolsa 75 sanysy goşulyp, jemi 2805 sany bolupdyr. Daşary ýurt maýa goýumlaryny ýurtlar barada seljerenimizde, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň eýýäm birnäçe ýyldan bäri bassyr birinji ornuny goraýandygyny görýäris. Özi hem, beýleki ösen ykdysadyýetli ýurtlardan tapawutlylykda çägine çeken maýa goýmuny bu ýyl hem artdyrypdyr. Şeýlelikde, bu ýurduň çägine geçen ýyl 316 milliard dollar maýa gelen bolsa, bu ýurt beýleki ýurtlaryň çägine 311 milliard dollara barabar maýa goýmuny özleşdiripdir.ünýä boýunça, şeýle hem käbir ýurtlar barada daşary ýurt maýa goýum gorlarynyň möçberlerini seljermek hem gyzykly bolsa gerek. Geçen ýylyň ahyryndaky ýagdaýa görä, dünýäde daşary ýurt maýa goýum gory 14 trillion 909 milliard dollara barabar bolupdyr. Bu ägirt uly pul serişdesiniň 1/7-den gowragynyň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň çäginde ýerleşendigi bellärliklidir. Bu ýurduň maýa go-

ýum gory 2 trillion 278 milliard dollara barabardyr. Birleşen Korollyklar bolsa maýa goýum gory bilen ikinji orunda galmagyny dowam edýär we bu ýurduň maýa goýum gory geçen ýylyň ahyryndaky ýagdaýa görä 982 milliard dollardan gowrakdyr.

# VIII
# Banklar we olaryň işleri.

1. **Banklar barada düşünje.**
2. **Bank operasiýalary we olaryň görnüşleri.**
3. **Bank amallary.**

## Banklar barada düşünje.

I. Daşary ykdysady iş maliýe we kredit operasiýalar bilen baglanşyklydyr. Bu operasiýalar banklaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Şeýlelikde daşary ykdysady işinde baklar karz hasaplaşyk operasiýalaryny, weksel, factoring, lizing operasiýalaryny ýerine ýetirýärler. Daşary ykdysady is häzirki bazaar şertlerinde islendik kärhananyň möhüm bölegi bolup durýar. Ol iş düzgün bolşy ýaly walýuta taýdan öz – özüni ödemek we öz – özuni maliyeleşdirmegiň esasynda amala aşyrylýarwe bu ýagdaý walýuta sçýotlarynyň emele gelmegine we saklanmagyna täsir edýär. Daşary ykdysady iş we oňa gatnaşýan dürli – dürli ýuridiki taraplaryň, şol sanda Türkmenistanyň, daşary yurt raýatlarynyň hasaplaşyk we karz gatnaşyklarynyňhereket etmegini şertlendirýär. Häzirki wagtda daşary ykdysady işindäki karz hasaplaşyk gatnaşyklarynyň esasy guramaçysy Türkmenistanyň merkezi banky we daşary ykdysady bankydyr.

Daşary  ykdysady bankyna şular ýüklenendir:

- eksport, import we söwda däl operasiýalary, halkara hasaplaşyklary boýunça ýurdyň halkara hasaplaşyklaryny guramak we geçirmek, daşary ýurtlar bilen walýuta - maliýe we karz hasaplaşyklaryny kämilleşdirmek, netijeliligini ýokarlandyrmak;
- ýurduň daşary ykdysady dolanşygynyň karz resurslaryna bolan talaby üpjün etmek, daşary yurt we halkara guramalarynyň, raýatlarynyň daşary yurt walýutalaryndaky pul serişdelerini çekmek;

- Türkmenistanyň daşary söwdasy we onuň bilen baglanyşykly operasiýalar karzlaşdyrmak we hasaplaşyk mehanizmini kämilleşdirmek halkara talabyna laýyk getirmek, walýuta bilen öz – özüňi ödemek we maliýeleşdirmäge şertleri döretmek;

- halkara walýuta kredit bazarynda we gymmat bahaly metallaryň bazarlarynda operasiýalar amala aşyrmak, daşary yurt nagt walýutalary we walýuta gymmatlyklary bilen operasiýalar hem – de sowda häsiýetli däl beýleki walýuta operasiýalar bilen ýurduň territoriyasynda guramak we geçirmek.

Daşary ykdysady operasiýalar karz hasaplaşyk hyzmatyny etmek boýunça operasiýalaryň bir bölegi beýleki banklarda hem amal edilýär. Bank ulgamynyň birinji derejesine Türkmenistanyň Merkezi banky degişlidir. Ol pul-karz ulgamyny dolandyrmak, Türkmenistandaky täjirçilik banklaryna we şahamçalaryna gözegçilik-barlag wezipelerini ýerine ýetirýär.

Ikinji derejä döwlet täjirçilik banklarynyň 5-isi we olaryň şahamçalarynyň 120-si, 1 sany täjirçilik banky, 3 sany paýdarlar-täjirçilik banklary, şeýle hem daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky 2 sany bank degişlidir.

Banklar aşakdaky esasy bank amallaryny ýerine ýetirýärler:

- goýumlary we depozitleri çekmek;
- pul geçirimlerini amala aşyrmak;
- karz pul serişdelerini bermek;
- maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek;
- üçünji taraplar üçin kepillikler, güwänamalar we borçnamalar bermek;
- maliýe serişdelerini bermek, ýerleşdirmek we gymmatbaha kagyzlary dolandyrmak;
- müşderileriň maýa goýumlarynyň dolandyjysy, geňeşçisi, maliýe ýumuşçysy ýa-da maslahatçysy hökmünde hyzmatlary hödürlemek;

- zamun goýmak we gozgalmaýan emläkler bilen beýleki amallary ýerine ýetirmek;

- ipoteka karzlaşdyrmasyny amala aşyrmak.

Häzirki wagtda Türkmenistanda karzlaşdyrmagyň täze gurallaryny işläp düzmeklik babatynda işler geçirilýär. Olar hususy bölege ownuk karzlary bermekligi, önümçiligi karzlaşdyrmaklygy öz içine alýar.

Ilatyň ýaşaýyş-jaý üpjünçiligini gowulandyrmak üçin ýeňillikli şertlerdäki ipoteka karzlaşdyrmasy güýçli depginler bilen ösdürilýär. Ipoteka karzlaşdyrmasy ýyllyk 1% bilen 30 ýyl möhlete çenli, onuň hem ilkinji 5 ýylynda esasy bergi üçin däl-de, diňe karz üçin göterim tölenilýär. Şunuň bilen birlikde kärhanalara we guramalara ipoteka karzyny alan öz işgärlerine satýan öýüniň bahasyny 50% arzanlatmaga rugsat berilýär. Häzirki wagtda ipoteka karzlaşdyrmalary oba ýerlerinde, şäherçelerde, etrap we welaýat merkezlerinde hem giňden ornaşdyrylýar.

. **Bank operasiýalary we olaryň görnüşleri.**

Daşary ykdysady operasiýalaryny amala aşyrýan her bir hojalyk hasaplaşygyndaky guramanyňmanat bilen ýöredýän hasaplaşyk sçýody we şonuň bilen bir hatarda bankda walýuta sçýotlarynyň 2 görnüşi açylyar:

1. Balansdan daşary sçýotlar;
2. Gundelik sçýotlar;

Bu sçýotlar Türkmenisgtanyň merkezi bankynda öz ustawy bilen hasaba alnan ýa – da aýratyn karar bilen karz hasaplaşyk walýuta operasiýalaryny geçirmäge hukuk berlen beýleki ýurduň banklarynda hem açylmaga hukuk gazanan. 1990 – nji yylda walýuta sçýotlaryny kommersiya aksionerçylik banklarynda açmaklyga rugsat berilýar.

Balansdan daşary walýuta sçýotlary pul hökmünde dälde ony ulanmaga bolan hukuk hasaba alynýan sçýotlardyr. Bu sçýotlarda gös – göni daşary ýurtlara serişde geçirmäge ýol berilmeýär we şeýle şçýotlara bank %-ti goşulýar. Bu sçýotlara

beyleki guramalar bilen degisli kurs boýunça walýuta çalyşmaga rugsat berilýär.

Gundelik sçýotlar – gundelik walýuta balnas sçýotlaryny açmak üçin banka şu aşakdaky dokumentler berilýär:

- ýörite nusga boýunça arza;
- daşary ykdysady gatnaşyklar ministrliginden registrasiýa edilenligi

hakyndaky şahadatnamanyň naterius tarapyndan tassyklanan göçürmesi;

- kärhananyň döredilmeginiň kanunylygy hakynda document;
- tassyklanan ustawyň göçürmesi;
- gollaryň we möhürleriň nusgalary bolan kartoçkalary.

Kärhanada walýuta sçýotlarynyň birnäçesi bolup biler:

- daşary yurt walýutasynda erkin konwertirlenýän we ýapyk;
- kliring hasaplaşyklary walýutasynda;
- hasaplaşyk manatlarynda.

Döwlet guramalarynyňsçýotlary boýunça operasiýalar. Guramalaryň tekuşiý balans walýuta sçýotlaryna dasary yurt walýutasynda aşakdakylar ýaly, ýagny:

- eýelik edijiniň özüniň balansdan daşary sçýotyndan;
- beýleki eýelik edijiniň gundelik balans walyuta sçýotyndan;
- ýurduň territoriyasynda ýerleşýän bilelikdäki kärhanalaryň tekuşiý balans walýuta sçyotlaryndan.

Sçyotlary daşary ykdysady bankyna ýa – da maliýe ministrliginiň rugsat bermegi bilen başga pullar hem geçirilip yazylyp bilner. Gundelik balans walýuta sçötyndaky pullar şçyotlaryň eýeleriniň görkezme bermegi bilen şu maksatlar üçin ulanylyp bilner:

- sçýotlaryň eýesiniň export – import operasiýalary boýunça daşary ýurtlara

pul tölemek üçin;

- dasary söwda we beýleki daşary ykdysady guramalara gecirmek soňundan

bolsa importlenen harytlaryň bahasyny tölemäge daşary ýurtlara geçirmek

üçin;

- sçýotyň eýesiniň özünden onuň balnsdan daşary walýuta sçýotyna geçirmek

üçin;

-daşary ykdysady bankyndan daşary yurt walýutasynda alnan karzlar boýunça bergileri, bankyň kommision hakyny, aragatnaşyk telegraf harajatlaryny üzlüşik, daşary yurt sçýotlarynyň çykdajylaryny tölemek, walýuta auksionlaryna gatnaşmak we ş.m

.

**Bank amallary.**

Walýuta auksionlarynda daşary ykdysady bankynyň serişdeleri satyn alma we satmak boýunça operasiýalary geçirmegiň esasy maksatlary export önümleriniň çykarlyşyny giňeltmekden, halkyň sarp edýän harytlarynyň öndürlüsini artdyrmak üçin kärhanalara, guramalara goşmaça şertleri döretmekden ybarat.

Walýuta auksionlarynda satyn alnan daşary yurt walýutadaky serişdelere karhananyň, guramanyň hususy walýuta serişdelerini ulanmagyň tertibi bardyr. Walýuta auksionyna gatnaşmak isleýänler merkezi banka we daşary ykdysady bankyna bellenen görnüşde zaýawka berýärler, şeýlede belli bir manat görnüşinde banka ýygym geçirýärler.

Barter operasiyalary we olaryň hasaby. Barter ylalaşyklary – bu walýutasyz bütewi şertnama bilen resmileşdirmek arkaly harytlary bahalap we balanslaşdyryp çalşyp almakdyr. Şeyle hem gümrük hasaby, ätiýaçlandyrma, sanksiýalary goşup yazmak bilen harytlar bahalanýar. Barter ylalaşyklaryny ulanmagyň esasy sebäbi walýuta problemasy, onuň durnuksyzlygy sebap bolup durýar.

Weksel operasiýalary. Weksel – bu bellenen görnüşde düzülen weksel berijiniň wekselinde görkezilen summany belli bir möhletde tölejekdigine şeksiz borçlydygyny tassyklaýan dokumentdir. Wekseliň 2 görnüşi bar:

1. Ýönekey weksel (solo weksel);
2. hasaplasyk weksel (tratta);

Ýönekey weksel – bu wekseli berijiniň wekseli görkezýäne kesgitli summany tölejekdigine ýazuw üsti bilen şeksiz borçlanýandygynyň şahadatnamasydyr.

Hasaplaşyk weksel – bu wekseli saklaýjynyň (trassatyň) wekseli görkezýän adama ýa – da wekselde görkezilen adama (remintant) belli bir summadaky puly kesgitli möhletde we edilen talap boýunça tölemek barada tölegçä (trassata) ýazmaça görkezmesidir. Tölegçi tölemäge razylaşyp weksele gol çekenden soň wekseli boýunça bergidara öwrülýär.

Remintant – trattada görkezilen trassant tarapyndan trassatdan pul almak üçin hukuk berilen weksel saklaýjydyr.




Indosament – wekseliň ýa – da başga bir gymmat kagyzyň ýüzündäki şu document boýunça hukuklary beýleki adama (remitente) geçýänligini tassyklaýan geçiriji ýazgy.

Indossant – indossamenti amala aşyrýan adam.

Awal – weksel zamunlygydyr;

Akseptant – wekseli tölemäge ozuniň razylygyny tassyklaýan adam.

Dewalwasiya – eger bir ýurt öz rezerwlerini ýitirýän bolsa ol iru – giç dewalwasiýa baş goşýar. Dewalwasiýa daşary

ýurt harytlaryny gymmatladyp öz harydyny bolsa arzanladyp daşary yurt walýutasynyň nyrhyny galdyrýar.

Factoring operasiýalary. Bu operasiýalar daşary yurt banklarynda giňden ýaýran operasiýadyr. Biziň ýurdumyzda 1989-njy ýylda ulanylyp başlandy. Taryhy taýdan ilkinji gezek konwension factoring ýüze çykýar. Ol buhgalteriýa hasabyny, önüm iberijiler we alyjylar bilen hasaplaşyklary, igärler bilen hasaplaşyklary ätiýaçlyk, karz wekilçiligi we ş.m. özünde jemleýär. Factoring operasiýalarynda – müşderiniňözünde diňe önümçilik wezipesi saklanýar. Factoring operasiýasyny geçirmek üçin müşderiler faktoringe şertnamada göz öňünde tutulan hyzmat hakyny geçirýärler. Bu hakyň ykdysady manysy kredit üçin töleg.

Factoring kesgitlenen möhlet üçin 3 toparlaýyn şertnama baglaşyp bilner:

1. Faktoring;
2. Önüm iberiji;
3. Tölegçi;

Mysal: Karz almak üçin her ýylda %-iň möçberi 6%, serişdeleriň ortaçä dolanşyk möhleti 20 gün, hasabynda bolanda bu operasiýalar üçin faktoringiň tölenmäge kabul eden dokumentleriniň summasy 0.33% düzer.

<u>Eksport – import amallar boýunça hasaplaşyklar.</u>

Halkara hasaplaşyklarda çäkleriň ulanylmagy. Daşary ýurt hyzmatdaşlar bilen çekiň esasynda, çalt harytlary we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin hasaplaşygyň geçirilmeli bolan ýagdaýynda ulanylyar. Inglis we amerikan çekler barada kanunçylygy çekleri geçiriş wekseliň görnüşi hökmünde ulanylýar.

Çek ýazmaça resminamasy bolup öz içine hokmany rekwezitleriň jemidir:

- Atlandyrma (çekiň belligi);
- Tölegçä çekdäki görkezilen möçberdäki pullaryň tölenmegi barada buýruk;

- Tölegçiniň ady, bankyň tarapyndanhereket edýän hasaolaşyk sçotlaryň açylmagy bilen;
- Tölegiň geçýzn ýeri, köp yagdaylarda çekberijiniň bankynyň ýerleşýän ýeri bilen gabat gelýär.
- Çekiň düzilen ýeri we senesi (çekden alynan göçürme);
- Çek berijiniň goly.

Çekler görnüşi boýunça tapawut edýär. Atlandyrlan çekler, order çekleri, ýol çekleri, karyz hatlary.

Halkara pul tabşyrmalar (international money orders – IMO). Bu çek satyn alyjy tarapyndan ýörite banka tabşyrylan, bank bolsa satyja pul geçirer.

Çek hasaplaşyklaryň bir görnüşi bolup plastik kartoçkalar çykyş edýar. Töleg kartalar aýratynalamatalr boýunça kartoçkalar debit we kredit görnüşine bölünýär.

Hasaplaşygyň tehnologiýasy boýunça kartoçkalar slip we smart kartalara bölünýär.

Resminama – inkasso esasynda geçirilýän hasaplaşyklar.

Nagt däl hasaplaşyklary daşary ýurt tejribesinde inkassanyň arassa we resminamanyň esasynda görnüşi. Arassa inkasso bank tarapyndan müşdere niýetlenen serişdeleri pul resminamalar – çekler, wekseller. Giňeşleýin ulanylýanresminamanyň esasynda inkasso, diňe bir çekler dälde harytlaryň gapdalyndan (sçotlar, ulag we ätuýaçlandyryş resminamalar). Daşary ýurt üpjün edijiler harytlaryny eksport eden ýagdaýynda hasaplaşygyň inkasso görnüşini ulanýarlar. Konsament hasaplaşygyň bir görnüşi bolup ýükleriň göni gämi gatnaşyklarda(çyzgytlar) ýük daşaýanlaryň (gämi kompaniýasynyň) we ýük iberilýänleriň tarapyndan.

Hasaplaşyk sypatnamasy (inwoys) – alyp baryan resminama, resminamalaryň düzümine girýän. Resminama inkassonyň esasynda amal edilýän.

Üpjün ediji (benibissiar- ynamdary) banka (remitente) geçirýär. Eksport – import amallarboýunça hasaplaşyk (inkasso görnüşi). Hasaplaşygyň dowamlylygy eksporterleriň

serişdeleriň aýlanşygyny haýalladýar. Resminamanyň esasynda akkredetiw. Daşary söwdalarda köplenç ýagdaýlarda resminamanyň esasynda aýlanýan görnüşi aýratyn häsiýetnamalara eýe bolup, birnäçe görnüşleri we resminamalaryň aýlanylyşy bilen tapawutlanýar.

Resminama aýlanşyklary ýokary takyklyk bilen tapawutlanýar. Bu ammallarda dört tarap gatnaşýar (importer – satyn alyjy); bank – emitent (satyn alyja hyzmat edýän (benifisiar); ýerine ýetiriji banklar (üpjün edijiniň banky)).

Bank geçirmeler-hasaplaşyk amaly bolyp (töleg tabşyryşnamalaryň esasynda amal edilýär). Töleg tabşyryşnamasy bankyň öz bank – habarçysyna beren buýrygy hökmünde çykyş edýär.

SWIFT ulgamy

Bank geçirilmelerniň köp bölegi SWIFT ulgamynyň ulanylmagy bilen geçirilýär. SWIFT – bu halkara bank ara maliýe telearagatnaşyklaryň jemgiýeti. Bu jemgiýet 1974-nji ýyldan bäri hereket edýär hem-de halkara tölegleri geçirmek üçin kompýuterleriň ýaýlymlaryň awtomatlaşdyrylan ulgamdyr. Bu ulgama dünýäniň 60-dan gowrak 1500 sany banky girýär. Bu ulgam üç sany paýlaýyş merkezlerinden ybarat bolup olar Belgiýada, Niderlandiýada hem-de ABŞ – de ýerleşýär.

SWIFT ulgamy boýunçapul geçirmeler inkasso we akkredetiwler boýunça geçirilýär. Häzir hereket edýän SWIFT-2 ulgamy bir günüň dowamynda 1 mln. Habarnama iberilmegi birnäçe gezek çaltnaşdyrýar.

DILLENG AMALLARY

Dilleng ammalary bank amallarynyň bir görnüşi bolup maliýe (fond) biržesindäki amallary öz içine alýar. Daşary ykdysady gatnaşyklarda dilleng amallary walýuta hökümünde hereket edýän pul birliklerde alynyp barylýar.

# IX BAP
# Halkara balans.
## 1. Halkara balans we onuň mazmuny.

I. Her bir döwletde daşary ykdysady aragatnaşyklarynyň ýagdaýyny yzygiderli statistika boýunça jemlemeli bolýar. Ol jemleleri ýerleşdirmek üçin töleg balansy ulanylýar, ol ähli daşary ykdysady operasiýalary belli möçber aralygyndaky şol döwletiň maglumatlaryny görkezýän document bolup durýar. Töleg balansynyň esasynda 2 sany prinsip bar:

1. Töleg balansyny düzmeklik – bu döwletiň ähli daşary ykdysady operasiýalaryny oz içine alýar (aý, çäýrek, ýyl). Halkara walýuta fondy içki ykdysadyýeti daşky ykdysadyýetden tapawutlandyrmak üçin operasiýalary resident we resident däl operasiýalara bölýärler (daşary ykdysady işler hakyndaky kanun).

Rezidentler – fiziki tarap hemişelik Türkmenistanyň ýaşaýjysy bolmaly:

- ýuridiki tarap hem Türkmenistanyň ýaşaýjysy bolmaly;
- edara kärhanalar (yuridiki tarap däl) Türkmenistanyň kanunyna layyklykda doredilen we Türkmenistanyň daşynda ýerleşen;
- diplomatiki we ýörite wekillikler Türkmenistanyň adyndan onuň daşynda hereket edýänler weş.m.

Rezident däller – fiziki tarap wagtlaýynça Türkmenistanda bolýan:

- yuridiki tarap daşary ýurtlaryňkanunyna laýyklykda döredilen we wagtlaýynça Türkmenistanda hereket edýär;
- edara kärhanalar ýuridiki tarap däl daşary ýurdyň kanunyna laýyk döredilen Turkmenistanda hereket edýär;
- Türkmenistanda yerleşýän diplomatiki korpuslar we beýleki ýörite wekilçilikler, halkara guramalar, halkara filiallar we ş.m.

2. Operasiýalar 2 taraplaýyn ýazgyda geçirilýär (ýagny kredit debit bilen gabat gelmeli).

I. Halkara walýuta fondunyň hödürlenýän toleg balansynyň shemasy.

| Statýalar | | |
|---|---|---|
| I. Tekusiý operasiýalar.<br>1. Söwda<br>a) export (FOB)<br>b) import (FOB) | | |
| Söwda balansy (saldo)<br>2. Hyzmatlar<br>3. Inwestisiýalardan we karzlardan girdeji, olar boýunça tölegler.<br>4. Bir taraplaýyn geçirimler. | | |
| Tekuşiý operasiýalar boýunça balans (saldo) | | |
| II. Karzyň we kapitalyň hereketi.<br>1. Hususy uzak möhletleýin karz we kapital.<br>2. Hususy gysga möhletleýin karz we kapital.<br>3. Döwlet zaýmy we karz. | | |
| Balans. Karzyň we kapitalyň hereketiniň balansy (saldo). | | |
| Ýalňyşlyklar we goýberilenler. | | |
| Töleg balansy (saldo). | | |
| III. Halkara walýuta fondunyň operasiýalaryny, daşary yurt walýutasynyň we altynyň hereketi (töleg balansynyň saldosynyň üstüni ýapmak)<br>1. Altyn<br>2. Daşary yurt walýuta<br>3. Halkara walýuta fondynyň rezerw hereketi<br>4. Ýörite hemaýat etmekligiň hukugy | | |
| Halkara walýuta fondynyň operasiýalarynyň, daşary yurt walýutasynyň we altynyň hereketiniň balansy. | | |

**Daşary ykdysady işleriň esaslary dersinden testler.**

**Test №1Daşary ykdysady işlerine düşünje.**

1. **Daşary ykdysady iş diýlip düşünilýär:**
a) Baha bazarynyň ýerine ýetiriş häsiýetinine
b) Bazaryň köpdürliliginine
c) Özüne düşýän gymmatyň ýokarlanmagynyna
d) Ykdysady baglanyşyklaryň dürli görnüşligi we içerki ykdysady işe
2. **Daşary ykdysady işiň ugry:**
a) Hyzmatdaşlygyň döwletara esasynda gurnalyşy
b) Hukuk we söwda syýasy mehanizmleriniň esaslandyrylyşy
c) Islegiň bahanyň deňagramlylygyna edýän täsirine
d) Şertrnamalary baglanşmak we olary ýerine ýetirmeklik hem – de raýat hukuklarynyň ylalaşygy
3. **Daşary ykdysady işiň görnüşlerine degişli:**
a)Öwezine dolýan we öwezini dolmaýan
b)Iýmite çykdaýjylar
c)Telewizoryň öňünde oturyp lezzt etmek
d) Okuwa töleg
4. **Öwezini dolýan görnüşe girýärler:**
a) Daşary söwda
b) Tehniki – ykdysady we ylmy – tehniki hyzmatdaşlyk
c) Bahanyň üýtgemegi
d) Islegiň azalmagy
5. **Daşary söwda operasiýasy aşakdakylar esasynda amala aşyrlýar:**
a) Islegiň beýikligi
b) Islegiň azalmagy (peselmegi)
c) Geleşik baglaşmak
d) Eger – de daşary ýurt önüm öndürijiliginiň bäsdeşligi ýok bolsa

**6. Halkara söwda geleşiginde ylalaşyk diýip aşakdakylara düşünmek bolar:**

a) Eger – de ol dürli döwletler tarapyndan özara täjirçilik kärhanalaryna degişli; olar bir döwletiň territoriýasynda ýerleşen mahalyndaky baglanşyk
b) Dürli ýurtlaryň kompaniýalarynyň, firmalarynyň filiallarynyň arasyndaky baglanyşyk
c) Eger – de ol iki ýa – da birnäçe döwletler tarapyndan (dürli ýurtlarda ýerleşen) gurnalan, şol sanda harytlaryň birligini ibermek we edilýän hyzmat
d) Eger – de ol bir döwlet tarapyndan özara baglaşylan,dürli döwletleriň teritoriýasynda ýerleşýän täjirçilik kärhanalar;

**7. Halkara söwda geleşiginiň esasy görnüşleri:**

a) Harytlaryň aluw-satuw geleşigi
b) Hyzmatlaryň aluw-satuw geleşigi
c) Döredijilik işjeňliginiň aluw-satuw geleşigi
d) Ýokarda sanalanlaryň hemmesi

**8. Eksport operasiýalary diýip düşinilýär:**

a) Harytlary hususy eýeçilige bermek üçin,olary serhetden aňyrda satmak we äkitmek bilen baglanşykly
b) Bahanyň üýtgemegi bilen baglanşykly
c) Sarp edijileriň girdeýjisi bilen baglanşykly
d) Çalşyş effekti bilen baglanşykly

**9. Eksport-import operasiýalaryň dürli görnüşligine degişli:**

a) Reimport we reeksport
b) Ýörite häsiýet geleşigi
c) Islegiň we teklibiň egri çyzygy
d) Çalyşmak effekti

**10. Hemme haryt çalyşyk geleşiginiň görnüşlerini birleşdirýän düşünje bu:**

a) Patentler we lisenziýalar
b) Hususy girdejileriň maksimallygyna

c) Bazarda bir satyjy hereket edýär
d) “Gabat gelýän geleşik”

**11. Birwagtlaýyn üpjün edijilik geleşegi bu:**

a) Bazalaýyn ylalaşyk
b) Doly öwezini dolmak
c) “Önümi paýlaşmak” hakymdaky geleşik
d) Barterleýin we göni öwezini dolmak

**12. Awanslaýyn satyw bu:**

a) Haryt alyş – çalyşygynyň geleşigi
b) Täjirçilik esasda öwezini dolmak geleşegi
c) Önümçilik hyzmatdaşlygy esasynda baglaşylýan öwezini dolmak geleşegi
d) Uzak möhletleýin ýerine ýeitrmek geleşegi

**13. Daşary aluw – satuw hyzmatlaryň geleşegi hökmünde**

a) Harytlaryň gaýtarylyp alynýan ylalaşygy
b) Harytlaryň aluw – satuw operasiýalaryndan özbaşdaklyk
c) Harytlaryň gabat gelýän üpjün edijiligi

**14. Halkara täjirçilik tejribesinde uzak möhletleýin kärende eýeçiliginiň ady:**

a) Patenleýin
b) Lisenziýalaýyn
c) Lizingleýin
d) Monopoliýalaýyn

**15. Halkara tejribesinde kärende beriji hökmünde çykyş edýär:**

a) Ykdysady girdeji almaýan firmalar
b) Özleriniň bäsdeşlerini hasaba almaýan firmalar
c) Zämet bazarynda monopolist hökmünde çykyş edýän firmalar
d) Karz beriji guramalar, lizing kompaniýalary

**16. Halkara turizminiň gurşap alan derejeleri:**

a) Işsizler
b) Kärende beriji

c) Auditorlar
d) Serhetden aňry gidenler we ol ýerde hak tölenýän iş bilen meşgullanmaýanlar

**17. Habar beriş we hyzmatlaryň has giň ýaýranlary boýunça görnüşleri:**

a) Turlaryň düzümi
b) Pekij turlar
c) Maslahat beriş hyzmatlar
d) Sanalanlaryň ählisi nädogry

**№2Daşary söwda.**

**18. Döredijilik işiniň netijelerini satmak- satyn almak boýunça daşary söwda işleri bu**

a) Ylmy – tehniki barlaglaryň netijelerini satmak boýunça geleşikler
b) Obýektlerini, awtor hukugyny satmak boýunça geleşikler
c) Lisenziýa operasiýalary
d) Ähli ýokarda agzalanlar dogry

**19. Daşary söwda aýlowy bu:**

a) Eksport- import
b)Impotr-eksport.
c)Döwletiň JIÖniň içindäki eksport –importynyň bahasy
d)Hemmesi dogry

**20. Firma diýlip haýsy işi ýerine ýetirýän kärhana düşünilýär:**

a) Dominirlenýän strategiýany
b) Beýlekileriň özüni alyp barşyny rasional öwrenýän
c) Öz bäsdeşleriniň strategiýasyny hasaba almaýar
d) Girdeýji almak maksady bilen hojalyk işini

**21. Daşary söwda operasiýalaryny üstünlikli amala aşyrmak üçin esasy şertler bolup durýarlar:**

a) önümçiligiň möçberi
b) Firmanyň girdeýjisi
c) Ortaça harajatlar
d) Özüňe laýyk işdeş ýoldaşy (kontragent) saýlamak

**22. Satyjynyň (eksportýoryň) kontragenti bolup biler ýagny:**

a) Alyjy (importýor)
b) Buýrujy
c) Kärendeçi
d) Ýerine ýetiriji

**23. Kontragentiň saýlanylmagy köp babatda bagly:**

a) Syýasy ýagdaýa
b) Ykdysady ýagdaýa
c) Tehniki derejä
d) Daşary söwda geleşiginiň häsiýetine we geleşikleriň predmetine

**24. Firmanyň kartasy bu:**

a) Düşewünt
b) Girdeji
c) Sorag kagyzy
d) Serişdeler

**25. Gepleşikler barada maglumatlar haýsy soraglardan ybarat:**

a) Gepleşikleriň predmetinden
b) Gepleşikleriň netijesinden
c) Firmanyň wekilleriniň häsiýetnamasyndan
d) Firmayň özüni alyp barşy
e) Iş gatnaşyklary
f) Ýokarda agzalanlaryň ählisi

**26. Daşary söwda bazarlarynyň bahalaryny öwrenmeklik talap edýär:**

a) Umumy häsiýetli barlaglary
b) Kommersiýa işiniň gurnalmagyny
c) Operatiw işiniň gurnalmagyny

d) Bazar hojalygynda bar bolan bahalaryň görnüşleriniň anyk görkezilmegi

**27. Geleşikler taýýarlanylanda bahalaryny seljermegiň usullary:**

a) Deňeşdirme usuly
b) Hasaplama usuly
c) Bahalary barlamak usuly
d) Ýokardakylaryň ähisi dogry

**28. Talap edilýän bahanyň esaslandyrylanlygy haýsy formula bilen kesgirlenilýär:**

a) $X = \frac{Ss(Ps-K)}{100} SP$
b) $(1+r)^{-n}$
c) A=S – T
d) Pi=S+EnK

**29. Bahalaryň dinamikasy seljerilende we olaryň derejesi kesgitlenende ulanylýan hatarlaryň baha görkezijileri:**

a) Şertnama, preskurant, birža kotirowkasy, bahalaryň indeksi
b) Deňeşdirme bahalary
c) Hasaplaşyk bahalary
d) Hereket etmeýän bahalar

**30. Auksion bahalar golaýdyrlar, ýagny:**

a) Birža kotirowkasyna
b) Preýskurant bahalaryna
c) Baha kesgitleýänlere
d) Sorag bahalaryna

**31. Bäsdeşleriň bahalary (bäsdeş materiallardan alynma) aşakdaky formula boýunça kesgitlenilýär:**

a) $TR = d - d^2 + d^3$
b) $TR = 2d - d^3$

c) AC=AR+d
d) $C2=C1(\frac{N2}{N1})$

**32. Halkara täjirçilik söwdasynyň tejribesinde ofert diýip:**
a) Aluw – satuw şertnamasyny belli bir şertlerde baglaşmaga isleg bildirýär
b) Gymmat seljermesine
c) Baha hasabyna
d) Tehniki düzedişe aýdylýar

**33. Konkurent kagyzy bu:**
a) Tehniki ykdysady düzediş
b) Harydyň bahasy
c) Harydyň göwrümi
d) Daşary ýurt firmalarynyň täjir we tehniki şertlerindäki teklibi deňeşdirýän teklibi

**34. Ofertany şu görnüşlerde ýerine ýetirip bolýar:**
a) Iş haty ýa – da dokumentler toplumy
b) Tablisa görnüşli
c) Aragatnaşyk, habar beriş serişdeleri
d) a we b

**35, Şu şertleriň haýsysy walýuta operasiýalarynyň arasyndaky geçirilýän gyssagly şertleşiklere degişli?**
**a),**forward
b),Spot kursy
c),swop kursy
d)Marz operasiýasy

**Test №3 Daşary söwda sertnamalary**

**36. Şertnamanyň gurluşyna we mazmunyna degişlidir:**
a) Şertnamanyň iň az şertliligi
b) Şertnamanyň iň köp şertliligi
c) Geleşik predmetiniň ýöriteleşdirilişine daýanmak we özbaşdak häsiýetliişligi
d) Ählisi

**37. Getirip bermekligiň we aýratynlygyň häsiýetine baglylykda tapawutlandyrylýar:**

a) Bir gezek getirip bermeklik üçin şertnama
b) Gizlin şertnamalar
c) Umumy şertnamalar
d) Ýokardakylaryň ählisi dogry

**38. Söwda terminleriniň baza şertlerini ulanýarlar.yagny belleýärler:**

a) Şertnama barada resminamany bermekde, görkezmekde
b) Kalendar döwrüni ulanmakda
c) Getirip bermegiň möhletleri ni görkezmekde
d) Satyjynyň we alyjynyň esasy borçlarynda

**39. Şertnamanyň tarapdarlary tarapyndan baza şertleriniň saýlanylmagy ilkinji nobatda baglydyr:**

a) Daşamagyň usulyna
b) Töwekgelçilige
c) Gaplamaga
d) Resminamalara

**40. Harydy deňiz üsti bilen getirmekde ulanylýan bazis şertleri:**

a) Serhetde üpjün etmeklik bilen
b) Franko
c) Üpjün etmäniň umumy şertleri
d) FAS, FOB, SIF, DAF

**41. Halkara söwdada tölegiň şertleri:**

a) Karz we nagt tölegi
b) Ylalaşygy ýerine ýetirilýän wagtdaky töleg
c) Güwähet bahalary
d) Dogry a we b

**42.Şertnama gol çekip bilýärler:**

a) Diňe bir tarap
b) Diňe buýrujy tarapyndan

c) Şahsy gepleşikleriň netijesinde 2 tarapyň arasynda
d) Diňe awe b

**43.Inkotermis-işlenip düzülýär;**

a) BMG-nyň söwda we ösüş maslahatynda
b) Dünýä söwda guralmasynda
c) Halkara söwda palatasynda

**44.Inkotermis-bu;**

a) Halkara şertnamalaryň şertleri barada maglumat berýär
b) Halkara şertnamalaryň düzgünleri
c) Halkara kommersiýa düşünjesi
d) Şertnamanyň bazis şerti

**45.Alyjy harydyň doly bahasyny töledi, we taýarlaýyşdan gämä çenli düşürmek we ýüklemek üçin hem töledi. Onda alyjy şertnama boýunça haýsy bazis bahany ulanar.**

a) FAS
b) FOB
c) SIF
**d)** DAF

**Daşary ykdysady işleriň esaslary dersinden amaly sapakda işlemek üçin mysallar we tejribe işi.**

**Amaky sapak üçin mysallar.**

**I. Kommersiýa karzynyň şertlerinde eksport harytlarynyň satyn alynşynyň derňewi.**

Karzyň ortaça möhleti şu formula bilen kesgitlenilýär.

$$t = \frac{\Sigma Kt}{\Sigma K}$$

$K$ – karzyň bir bölegi
$t$ – karzyň aýratyn böleginiň üzüliş wagty
$\Sigma K$ – tutuş karzyň mukdary

**Mysal 1.**

Umumy bahsay 10 mln.

dollar bolan harydy şu aşakdaky şertlerde satyn aldylar:

1) 16% - nagt şertlerinde;
2) 84% - karz we 3 ýylyň dowaynda üzmek şertlerinde

Karzyň ortaça möhletini kesgitlemeli?

**1 mysalyň jogaby:**

$t$ = 2 ýyl

**II. Eksport harytlarynyň we hyzmatlarynyň dinamikasynyň derňewi.**

Eksportyň dinamikasynyň derňewi indeksiň kömegi bilen kesgitlenýär. Haryt topary mukdara we hiline baglylykda olaryň indeksi hasaplanýar. Mukdar taýdan gurluşynyň indeksini hasaplamak üçin ulanylýan formula:

$$\text{Im} = \frac{\Sigma g_1 \cdot \text{P}b}{\Sigma g_1 \cdot \text{P}o} \qquad (1)$$

Im - mukdar taýdan gurluşyň indeksi.
$g_1$ – seredilýän döwürdäki harydyň mukdary
P*b* – bu harytlaryň başlangyç bahalary
P*o* – seredilýän döwürdäki harytlaryň bahalary

Harydyň gurluşynyň onuň bahasyna edýän täsiriniň derejesini görkezýän indeksdir. Egerde Im>1 bolanda, onda harydyň eksport göwrümindäki toparda gymmat bahaly harytlaryň mukdary artýar. Ýagny has arzan harytlaryň hasabyna bolup gelýär. Tersine Im<1 bolanda bahanyň indeksi:

$$\text{Im}_1 = \frac{\Sigma \text{P}_1 \cdot q_1}{\Sigma \text{P}_O \cdot q_O} \qquad (2)$$

$P_1 \cdot q_1$ – eksport operasiýasynyň hakyky bahasy
$P_0 \cdot q_1$ – eksport operasiýasynyň meýilnama boýunça bahasy

Bahanyň indeksi eksport operasiýasynda bahanyň üýtgemegini häsiýetlendirýär. Gymmat indeksiniň hasaplanylşy:

$$Ig = \frac{\Sigma p_1 \cdot q_1}{\Sigma p_1 \cdot q_O} \qquad (3)$$

Ig –gymmat indeksi.
$p_1 \cdot q_0$ – eksportyň bahalary

Fiziki göwrümiň indeksi;

$$If = \frac{\Sigma p_1 \cdot q_O}{\Sigma p_O \cdot q_O} \qquad (4)$$

If – fiziki göwrümiň indeksi.
$p_1 \cdot q_0$ – bazis bahlaryndaky hasabatdaky eksportyň bahasy
$p_0 \cdot q_0$ – bazis möhletindäki eksportyň bahasy

Hil indeksi: $$Ih = \frac{\Sigma q_1}{\Sigma q_O} \qquad (5)$$

Ih-hil indeksi.
$\Sigma q_1$ – eksport harytlaryň hakyky mukdary
$\Sigma q_0$ – eksport harytlarynyň meýilnama boýunça mukdary

**Mysal 2.**

Berlen tablisa:

| | 2008 ý. | | | 2009 ý. | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Mukdary $q_0$ müň tonna | Biriniň bahasy $p_0$ dollar | Jemi $p_0 q_0$ | Mukdary $q_1$ müň tonna | Biriniň bahasy $p_1$ dollar | Jemi $p_1 q_1$ |
| **1** | 8 | 300 | | 11 | 900 | |
| **2** | 5 | 300 | | 9 | 880 | |
| | 13 | | | 20 | | |

**2 mysalyň jogaby:**

1) Gymmatyň indeksi $Ig = 1{,}523$
2) Bahanyň indeksi $Ib = 0{,}99$
3) Fiziki göwrümiň indeksi = 1,538
4) Mukdar indeksi = 1,338
5) Hil indeksi = 1

Tablisanyň maglumatlaryny ulanyp ähli 5 sany formulany hasaplamaly ýagny:

1. Mukdar taýdan gurluş indeksi
2. Gymmat indeksi
3. Fiziki göwrümiň indeksi
4. Mukdar indeksi
5. Hil indeksi

**III. Eksport operasiýalaryň aýlow serişdeleriniň aýlanyşyny kesgitlemek.**

Eksport operasiýalaryň aýlow serişdeleriniň aýlanyşynyň formulasy:

$$AD = \frac{C\Gamma \cdot \Gamma}{Og} \qquad (6)$$

*AD* – bir aýlowyň ortaça dowamlylygy (gün)
*C*Γ – eksport boýunça serişdäniň ortaça galyndysy
Γ – hasabat döwründäki günler
*Og* – hasabat döwründäki daşary bazardaky hakyky harytlaryň özüne düşýän gymmaty.

Eksport boýunça serişdäniň ortaça galyndysynyň formulasy:

$$\frac{Sg = \frac{Gs1}{2} + Gs2 + ...... + Gsn - 1 + \frac{Gsn}{2}}{n-1} \qquad (7)$$

Gs – käbir günler üçin ortaça galyndy
*n* – sanawjydaky goşulan sanlar

**Mysal 3.**

Berlen.

| Serişdeleriň görnüşleri | Her aýyň 1-däki ýagdaý | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | **2008 ý.** | | | | **2009 ý.** | | | |
| | **01** | **02** | **03** | **04** | **01** | **02** | **03** | **04** |
| Harytlar | 4000 | 3900 | 4100 | 4100 | 4500 | 4700 | 4500 | 4300 |
| Toplanan harytlarda daşary haryt bergidarlygy | 2100 | 2300 | 2500 | 2500 | 2500 | 2800 | 2500 | 2700 |
| **Jemi** | **6100** | **6200** | **6700** | **6600** | **7000** | **7500** | **7000** | **7000** |
| Şol sanda a) harytlar | | | | 300 | | | | 1500 |
| b) möhleti gelen bergi | | | | 150 | | | | 100 |
| Hakyky harydyň özüne düşýän gymmady | 14000 | | | | | 15000 | | |

1) Eksport boýunça serişdäniň ortaça galyndyny hasaplamaly? (2008ý. 2009ý.) (7)
- haryt we hasaplamak üçin?

2) Eksport boýunça bir aýlow serişdeleriniň ortaça dowamlylygyny hasaplamaly. (6)
- haryt we hasaplamak üçin?

Alnan netijeleri tablisa ýerleşdirmeli we geçirlen hasaplamalaryň netijesini düşündirmeli.

**3 mysalyň jogaby:**

Ortaça aýlow serişdeleri (ähli aýlow üçin)
= 6383,3 (2005ý.)
= 7266,7 (2006ý.)
Bir aýlowyň ortaça dowamlylygy
= 2008ý. = 41,04 gün

= 2009ý. = 43,6 gün

## Tejribe işi №1. Harydyň Eksport bahasyny kesgitlemek.

**Işiň maksady**:Bu işde dünýä bazarynda satylmaly harydyň eksport bahasyny kesgitlemek soragyna seredilýär. Işde "A" harydyň eksport bahasyny tapmak talap edilýär.

№1 tablisada "A" haryda bäsdeş bolan "B" "W" we "G" harytlaryň tehniki görkezijileri, dünýä bazaryndaky bahalarda berlen.

**Işçi ýerine ýetirmegiň tertibi**

1) Aşakdaky tablisadan "B" "W," "G "harytlaryň we eksport ediljek "A" haryt üçin tehniki görkezijileri göçürip almaly.
2) Kuwwatlylyga (N)-ne baglylykda ähli harytlaryň $B_1$ $W_1$ G we deňeşdirilýän "A" harydyň düzediş koeffisientlerini kesgitlemeli

$$D_{NB} = \left[\frac{NA}{NB}\right] \dot{\circ} K$$

$D_{NB}$ – "B "harydyň kuwatlylygyna baglylykda düzediş koeffisienti

N A – "A" harydyň kuwatlylygy

N B – "B" harydyň kuwatlylygy

K – bahany togtatmak koeffisienti

4) Aýlow tizligine baglylykda deňeşdirilýän A harydyň we "B" "W" "G" – harydyň düzediş koeffisientlerini tapmaly.

$$D_{VB} = \left[\frac{VA}{VB}\right] \dot{\circ} K$$

VA – A harydyň aýlow tizligi

VB – B harydyň aýlow tizligi

5) Agramyna baglylykda deňeşdirilýän “A”we “B” “W” “G” – harydyň düzediş
koeffisientlerini tapmaly.

$$D_{PB} = [\frac{PA}{PB}] \dot{\circ} K$$

$P_A$ – “A” harydyň agramy

$P_B$ – “B” harydyň agramy

Peýdaly täsir ediş koeffisientlerine (PTEK) baglylykda deňeşdirilýän “A” we” B,” “W” “,G” harytlaryň düzediş koeffisientini tapmaly;

$$D_{P.T\,E\,K.B} = 1 + (PTEK_A - PTEK_B) \cdot 0{,}06$$

Dünýä tejribesinden belli boluşy ýaly PTEK – niň 1% peselmegi ýa-da ýokarlanmagy, bahanyň 6% peselmegine ýa-da ýokarlanmagyna getirýär.

6) “B” “W” “G” – harytlaryň bahalaryny $D_{NB}$, $D_{VB}$, $D_{PB}$, $D_{PTEK}$ – koeffisientleriň hasabyna kesgitlemeli.

$$B_{OB} = B_B \dot{\circ} D_{NB} \dot{\circ} D_{VB} \dot{\circ} D_{PB} \dot{\circ} D_{PTEKB}$$

$B_B$ – B harydyň bahasy

7) Eksport edilmeli.A harydyň bahasyny kesgitlemek

$$B_A = \frac{B_{OB} + B_{OW} + B_{O6}}{3}$$

Hasaplamalardan alnan netijeleri talyp deňeşdirmeli we.”A”haryda öz garaýşyny aýtmaly.

**Tablisa № 1**

| Wariant | Önim | Kuwwatlylyk | Aýlow tizligi V aýl/min | Agramy P kg | PTEK.Peýd-aly täsir koeffisienti% | Bahasy-müň manat | Koeffisient K |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | A | 1000 | 650 | 90 | 93,0 | ? | 0,7 |
| | B | 800 | 500 | 70 | 93,5 | 150,0 | 0,7 |
| | W | 900 | 500 | 80 | 92,5 | 250,0 | 0,7 |
| | G | 850 | 600 | 85 | 94,0 | 200,0 | 0,7 |
| 2 | A | 900 | 800 | 85 | 92,5 | ? | 0,5 |
| | B | 800 | 750 | 75 | 93,5 | 200,0 | 0,5 |
| | W | 850 | 700 | 75 | 92,0 | 250,0 | 0,5 |
| | G | 900 | 800 | 80 | 93,0 | 300,0 | 0,5 |
| 3 | A | 800 | 900 | 75 | 92,5 | ? | 0,4 |
| | B | 800 | 800 | 80 | 92,0 | 200,0 | 0,4 |
| | W | 700 | 850 | 85 | 93,0 | 100,0 | 0,4 |
| | G | 750 | 700 | 75 | 92,0 | 150,0 | 0,4 |
| 4 | A | 850 | 900 | 80 | 92,0 | ? | 0,6 |
| | B | 750 | 800 | 90 | 92,5 | 350,0 | 0,6 |
| | W | 700 | 850 | 85 | 92,5 | 250,0 | 0,6 |
| | G | 850 | 900 | 80 | 94,0 | 300,0 | 0,6 |
| 5 | A | 850 | 700 | 70 | 94,0 | ? | 0,7 |
| | B | 850 | 700 | 80 | 93,0 | 200,0 | 0,7 |
| | W | 800 | 600 | 75 | 92,0 | 150,0 | 0,7 |
| | G | 800 | 650 | 80 | 93,5 | 150,0 | 0,7 |
| 6 | A | 950 | 950 | 80 | 92,5 | ? | 0,4 |
| | B | 800 | 900 | 95 | 93,5 | 400,0 | 0,4 |
| | W | 850 | 800 | 80 | 94,0 | 300,0 | 0,4 |
| | G | 950 | 850 | 80 | 9,0 | 350,0 | 0,4 |
| 7 | A | 900 | 900 | 70 | 94,0 | ? | 0,5 |
| | B | 800 | 850 | 75 | 93,5 | 250,0 | 0,5 |
| | W | 850 | 900 | 70 | 92,0 | 300,0 | 0,5 |
| | G | 900 | 850 | 80 | 93,0 | 350,0 | 0,5 |
| 8 | A | 950 | 950 | 70 | 95,0 | ? | 0,6 |
| | B | 750 | 850 | 70 | 93,0 | 250,0 | 0,6 |
| | W | 800 | 900 | 75 | 93,5 | 300,0 | 0,6 |
| | G | 850 | 900 | 75 | 94,0 | 350,0 | 0,6 |
| 9 | A | 950 | 950 | 75 | 94,5 | ? | 0,7 |
| | B | 900 | 800 | 80 | 93,0 | 350,0 | 0,7 |
| | W | 850 | 900 | 75 | 93,0 | 350,0 | 0,7 |
| | G | 800 | 850 | 85 | 93,5 | 200,0 | 0,7 |
| 10 | A | 1000 | 900 | 80 | 92,5 | ? | 0,5 |
| | B | 950 | 750 | 85 | 92,0 | 350,0 | 0,5 |
| | W | 900 | 850 | 80 | 94,0 | 300,0 | 0,5 |

| | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | G | 900 | 800 | 85 | 93,0 | 250,0 | 0,5 |

## Edebiýatlar:


1. Türkmenistanyñ Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiñ täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiñ täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyñ we ruhubelentligiñ ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyñ Ministrler Kabinetiniñ göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyñ 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň “Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin” Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasy. “Türkmenistan” gazeti, 2003-nji ýylyñ, 27-nji awgusty.
9. “Türkmenistanyñ nebitgaz senagatyny ösdürmegiñ 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy”. Aşgabat, 2006.
10. M. Портер Конкуренция: пер. с англ. – M: Издательский дом “Вильяме”2000.
11. Л.П. Гончаренко. Экономическая и национальная безопасность Москва, 2008.
12. Е,П,Цебекова, Международные перевозки, Воронеж,2008.

13. В,Д,Щетинина, Международные отношения Москва, 1999.
14. А,Н, Ковалев, Основы дипломатии,Москва, 2003.
15. О,И,Дегтярева, Основы внешноэкономических отношении Москва, 2004.
16. И,Королев, Международная экономика, Москва, 2008.
17. К,А, Семеноа, Международные экономические отношение,Москва, 2008.

18. Л,И,Красинова,Международное валюта и финансовые отношения Москва 1991 год,

19,О.И.Дегтярева Техника внешокономических торговых операции.1992год.

20.А.Н. Корепанова.Контракты в внешнеэкономической деятельности. 1994год.

## Mazmuny


| T/b | Tema | Sahypa |
|---|---|---|
| 1 | Giriş | 7 |
| 2 | Mähriban Prezidentimiziň halkara gatnaşyklarynyndaky nusgalyk işleri we Hormatly Prezidentimiziň BMG-nyň 64-nji sessiýasyndaky taryhy çykyşynyň ähmiýeti.................................................... | 10 |
| 3 | Daşary ykdysady işler we onuň operasiýalarynyň görnüşleri..................... | 21 |
| 4 | Daşary ykdysady işlerinde şertnamalar..... | 35 |
| 5 | Daşary ýurt walýutalary we paritet......... | 51 |
| 6 | Daşary ykdysadyýetinde karzlar we hasaplaşyklar............................................ | 60 |
| 7 | Türkmenistanyň daşary ykdysady işleri.... | 66 |
| 8 | Daşary ýurt inwestisiýalary-maýa goýumlary……………………………… | 83 |
| 9 | Banklar we olaryň işleri........................... | 106 |
| 10 | Halkara balans……………………… | 115 |
| 11 | Testler Mysallar.tejribe işi……………. | 117 |
| 12 | Edebiýatlar............................................... | 135 |